**J. B. Hanaýewa, M. R. Ataýewa, B. A. Gurbanmyradow**

# DÖWLET STRATEGIKI DOLANDYRYŞ

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 346+338. 2:378
H 21

**Hanaýewa J. B. we başg.**
H 21 **Döwlet strategiki dolandyryş.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Kitapda döwlet strategiki dolandyryşyň esasy düşünjeleri, onuň ähmiýeti, hukuk üpjünçiligi, görnüşleri we usullary, ylmy-amaly jähtleri we gözegçilik işleriniň aýratynlyklary, şeýle-de döwlet gullukçylaryny taýýarlamak we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak barada maglumatlar giňişleýin beýan edilýär.

Okuw kitaby 5 bapdan ybarat bolup, ol döwlet strategiki dolandyryş dersiniň okuw maksatnamasy esasynda ýazyldy.

Bu okuw kitaby ykdysadyýetiň dolandyrylyşy ugry boýunça hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary, aspirantlary, talyplary üçin, şeýle-de bazar ykdysadyýetini strategiki usullar arkaly dolandyrmagyň ýollary we halkara tejribe bilen gyzyklanýanlar üçin peýdaly çeşme bolup biler.

TDKP № 288, 2017 KBK67. 99 (2 Tü) 1+65. 9 (2) 21 ýa 73

© J. B. Hanaýewa we başg., 2017

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan içerki we daşarky syýasatlarynyň içinde döwlet strategiki dolandyryş bilen baglanyşykly meseleler esasylaryň hatarynda durýar. Türkmenistanda «Döwlet adam üçindir!» diýen şygar döwlet strategiki dolandyryşyň esasy ýörelgesi bolup, Türkmenistanyň innowasion ösüşinde ilatyň durmuş hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmak, döwleti dolandyrmak baradaky kanunçylygy kämilleşdirmek, milli goranyşy guramak babatda işleri durmuşa geçirmek ýaly meseleler ýurdumyzda alnyp barylýan durmuş-ykdysady syýasatyň mazmunyny düzýär. Toplumlaýyn amala aşyrylýan döwlet maksatnamalarynda, şol sanda «Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2018–2024-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», şeýle hem innowasion ykdysadyýeti ösdürmegiň döwlet we pudaklaýyn maksatnamalarynda, welaýatlary durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň meýilnamalarynda ýurdumyzda amala aşyrylýan uly özgertmeler döwlet tarapyndan durmuş-ykdysady gatnaşyklaryny kämilleşdirmäge, ilatyň ýaşaýyş we zähmet medeniýetini ýokarlandyrmaga, halkara gatnaşyklaryny giňeltmäge uly üns berilýär. Şu nukdaýnazardan «döwlet dolandyryşy» we «strategiki dolandyrmak» düşünjeleriň düýp manysynyň açylyp görkezilmegi, döwlet strategiki dolandyryşyň özboluşly ulgam hökmündäki aýratynlyklarynyň öwrenilmegi zerurdyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly kitabynda: «...halkyň ruhy basgançaklarynda ähli zatdan ýokarda durýan gymmatlyklary döredýän halk üçin niýetlenilen döwlet dolandyryş ulgamynyň guralyny mümkin bolan derejede netijeli sazlamak wezipesi durdy» diýip belleýär.

Döwlet dolandyryş ulgamynda strategiýanyň umumy we anyk guramaçylyk hem-de ykdysady ölçegleri kesgitlenilýär, halkyň gülläp ösmegini üpjün etmek we döwletiň kuwwatlylygyny berkitmek üçin dürli serişdeleriň ulanylmagy hem-de işleriň dürli görnüşleriniň kadalaşdyrylmagy göz öňünde tutulýar.

Kitapda döwlet dolandyryşynyň ähmiýeti we wezipeleri, döwleti dolandyrmagyň hukuk üpjünçiligi, görnüşleri we usullary, döwlet strategiki dolandyryşyň ähtimallyk ýörelgesiniň ylmy-amaly jähtleri, gözegçilik işleri, döwlet strategiki dolandyryşyň netijeliligi we döwlet gullukçylaryny taýýarlamagyň ulgamy baradaky maglumatlar logiki yzygiderlilikde giňişleýin beýan edildi, milli we daşary ýurt alymlaryň edebiýatlary peýdalanyldy, şeýle-de häzirki döwürde ýurdumyzda hereket edýän Kanunlar we kadalaşdyryjy hukuk namalar ulanyldy. Awtorlar kitabyň golýazmasy ara alnyp maslahatlaşylanda eden jaýdar bellikleri üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň professor-mugallymlaryna öz minnetdarlygyny bildirýärler.

# I BAP
# DÖWLET DOLANDYRYŞY: DÜÝP MAZMUNY WE WEZIPELERI

## 1.1. Döwlet dolandyryşy barada düşünje we onuň häsiýetli taraplary

Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşýan şertlerinde döwletiň ykdysady kuwwaty diňe bir olarda jemlenen mineral çig mal, tebigy-howa resurslary arkaly kesgitlenilmän, eýsem, ýurtda alnyp barylýan döwlet strategiki dolandyryş syýasaty bilen hem häsiýetlendirilýär. Şeýlelikde, «döwlet dolandyryşy», «döwlet strategiki dolandyryş», «döwlet gullugy», «döwlet edaralary» ýaly adalgalaryň düýp mazmunyny öwrenmek örän wajypdyr.

Döwlet dolandyryşy bilen baglanyşykly hukuk resminamalarynyň esasyny Türkmenistanyň Konstitusiýasy düzýär. Döwlet dolandyryşyň dürli ugurlary we ýörelgeleri kanuny esasda döwlet häkimiýetiniň her bir şahasynyň ornuna we wezipesine, ýerli häkimiýet edaralaryna, ýerli öz-özüni dolandyryş hem-de halkyň ýerli wekilçilikli edaralaryna degişli maddalar we bölümler getirilip, olarda döwlet dolandyryşyň dürli ugurlary we ýörelgeleri kanuny esasda berkidilýär.

«Döwlet dolandyryşy» diýen düşünjäniň düýp manysynyň açylyp görkezilmegi, döwlet dolandyryşynyň özboluşly ulgam hökmündäki aýratynlyklaryna göz ýetirilmegi zerurdyr. «Döwlet dolandyryşy» adalgasynyň henize çenli ýeke-täk, ähumumy ykrar edilen kesgitlemesi ýok. Munuň esasy sebäbi, döwlet dolandyryşyň durmuş ulgamlarynyň biri hökmünde olar üçin mahsus bolan sypatlaryň hemmesini özünde jemleýänligi bilen we şol bir wagtyň özünde hem, olardan düýpli tapawutlanýandygy bilen baglanyşyklydyr.[1]

[1] Classics of Public Administration, J.M.Sharitz, Albert C.Hude, Harkourt Brace College Publishers, New York, 1997. P. 34.

Döwlet köptaraplaýyn gurluş bolmak bilen, ol adamlaryň, jemgyýetçiligiň aňynda we durmuşynda dürli jähtlerde ýüze çykýar.

**Döwlet** halkyň bähbitlerini hemmetaraplaýyn aramaly edara (institut) hökmünde öz üstüne dolandyryş, ugrukdyryş, kadalaşdyryş, paýlaýyş, höweslendiriş, goraýyş, hemaýat beriş we ş.m. dürli görnüşli wezipeleri alýar. Özüniň üstüne jemgyýet tarapyndan ýüklenilen bu wezipelerini (funksiýalaryny) amala aşyrmak üçin döwlet häkimiýeti ýöriteleşdirilen edaralaryň uly toplumyny – degişli merkezi we ýerli dolandyryş edaralaryny (ministrlikleri, gulluklary, häkimlikleri we ş.m.) döredýär.[1] *Jemgyýetde şu wezipeleri ýerine ýetirýän institutlar ulgamynyň peýda bolmagy bilen döwlet emele gelýär.*

Döwletiň syýasy ideologiýasy döwletiň dürli strategiýalaryndan, doktrinalaryndan, maksatnamalaryndan we meýilnamalaryndan ýokarda durýar... Eger-de **döwlet strategiýasynda** ideologiýada öňe sürlen ideýalara laýyklykda jemgyýetiň ol ýa-da beýleki gurşawlaryndaky özgertmeleriň baş ugurlary kesgitlenilýän bolsa, **doktrinada** jemgyýetiň haýsy ýörelgelere (prinsiplere) esaslanyp, ösdüriljekligi, **maksatnamada** bolsa haýsy ugurlarda haýsy möhletlerde nähili netijeleriň gazanyljaklygy, **meýilnamalarda** bolsa özgertmeler bilen baglanyşykly işleriň haçan we haýsy güýçler tarapyndan amala aşyryljaklygy beýan edilýär.[2]

Jemgyýetiň ösüşiniň belli bir tapgyrynda jemgyýetde dolandyryş wezipelerini ýerine ýetirmek üçin umumy bähbidi kesgitleýän özboluşly utgaşdyryjy institut hökmünde ***Döwlet gullugyny*** döretmek gerek bolýar.

Döwlet gullugy işiň aýratyn bir görnüşi bolup, ol döwlet häkimiýetiniň merkezi we ýerli edaralarynyň işgärleriniň döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly alyp barýan dürli ugurly işleriniň umumy toplumyny aňladýar.

Döwlet gullugy adam zähmetiniň gadymy döwürlerde dörän görnüşleriniň biridir. Onuň döremegi ilkinji döwletleriň emele gel-

---

[1] *Muhammetberdiýew Ö.* Döwlet gullugynyň edebi we diplomatik protokolyň esaslary. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: Ylym, 2015. Sah.13.

[2] *Muhammetberdiýew Ö.B.*, *Suwhanow N.* Filosofiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: «Ylym» neşirýaty, 2011. Sah. 163.

megi bilen bagly. Öz dörän wagtyndan başlap, döwlet gullugy adam zähmetiniň ähli beýleki görnüşlerinden özboluşly aýratynlygy bilen tapawutlanyp gelýär. Bu özboluşlylyk döwletiň aslynda jemgyýetiň üstünden syýasy häkimiýet amala aşyrmak üçin döredilen sosial institutlygy bilen we onuň hut şeýle häkimiýet hökmünde jemgyýetde ýerine ýetirýän wezipeleriniň özboluşlylygy bilen baglanyşyklydyr.[1]

2016-njy ýylyň 26-njy martyndaky kabul edilen «Döwlet gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, ***Döwlet gullugy*** *– bu döwlet gullukçylarynyň döwlet häkimiýetiniň wezipelerini durmuşa geçirmäge gönükdirilen wezipe ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmek boýunça amala aşyrýan hünär işidir.*

*Döwlet gullugyna degişli çygrynda döwlet syýasatyny amala aşyrmaga degişli teklipleri taýýarlamak, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taslamalaryny işläp düzmek ýa-da olaryň bilermenler seljermesini geçirmek, dolandyryş hyzmatlaryny etmek, döwlet gözegçiligini amala aşyrmak, döwlet emlägini dolandyrmak, döwlet edaralarynyň işgärlerine ýa-da olaryň diwanlaryna ýolbaşçylyk etmek boýunça we döwlet edarasynyň ygtyýarlyklaryny durmuşa geçirmek bilen gös-göni bagly bolan beýleki wezipeler ýüklenilýär.*

***Döwlet gullugynyň düzümleýin gurluşy*** döwletiň häkimiýet we dolandyryş edaralarynda hem-de döwlet edaralarynda işleýän, döwlet häkimiýetiniň ähli görnüşleriniň, ýagny kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, kazyýet häkimiýetleriniň wezipelerini durmuşa geçirmek üçin görkezme bermek ygtyýarlyklary berlen döwlet gullukçylarynyň jeminden ybaratdyr.

**Döwlet gullugy** iş ýüzünde ähli ýerine ýetirijilik işini guraýar, jemgyýetde kabul edilen ölçegleri we kadalary durmuşa geçirýär, döwlet edaralarynyň (aýratynlykda olaryň her biriniň we olaryň jeminiň) tutuş ulgamynyň, şeýle hem döwletiň özüniň hereket etmegini üpjün edýän çäreleri görýär.

Şeýlelikde, ýerine ýetirýän wezipelerine görä döwlet gullugynyň birnäçe aýratynlyklary tapawutlandyrylýar. Olar 1-nji şekilde getirilýär.

---

[1] *Muhammetberdiýew Ö.* Döwlet gullugynyň edebi we diplomatik protokolyň esaslary. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: Ylym, 2015. Sah.13.




**1-nji şekil.** Döwlet gullugynyň aýratynlyklary

**Türkmenistanda döwlet gullugy şu ýörelgelere esaslanýar:**

1) kanunylyk;

2) Türkmenistanyň halkyna gulluk etmek;

3) adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň ileri tutulmagy, olaryň durmuşa geçirilmeginiň kepillikleri;

4) ynsanperwerlik we durmuş taýdan adalatlylyk;

5) jemgyýetçilik pikirini we aýanlygy hasaba almak;

6) döwlet gullugynyň ulgamynyň birligi;

7) döwlet gullukçylarynyň hünär ussatlygy we ygtyýarlylygy;

8) Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet gullugyna deň elýeterlilige we özleriniň ukyplaryna we hünär taýýarlygyna laýyklykda döwlet gullugy boýunça ýokary çekilmäge bolan hukugy;

9) döwlet gullukçylarynyň gözegçilikde bolmagy we hasabatlylygy, olaryň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmezligi ýa-da göwnejaý ýerine ýetirmezligi üçin şahsy jogapkärçiligi;

10) döwlet gullugyna girmegiň meýletinligi;

11) ýokarda durýan döwlet edaralary we wezipeli adamlar tarapyndan olaryň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kabul eden çözgütlerini ýerine ýetirmegiň tabynlygyndaky döwlet gullukçylary we aşakda durýan döwlet edaralary üçin hökmanylygy;

12) döwlet gullukçylarynyň hukuk we durmuş taýdan goraglylygy;

13) döwlet gullukçylarynyň hünär gulluk işine döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň, şeýle-de fiziki we ýuridik şahslaryň bikanun gatyşmagyndan olaryň goralmagy;

14) deň gymmaty bolan zähmet üçin deň derejede sylag;

15) wezipe borçlarynyň päk ýürekden, döredijilikli ýerine ýetirilenligi, aýratyn möhüm we çylşyrymly tabşyryklaryň ýerine ýetirilenligi üçin döwlet gullukçylarynyň höweslendirilmegi;

16) döwlet gullugynyň durnuklylygy;

17) döwlet gullukçylarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň üznüksizligi.

Döwlet gullugy çygrynda döwlet syýasaty Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Prezidenti döwlet gullugynyň meseleleri boýunça özüne gös-göni tabyn we hasabat berýän Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet ýolbaşçylary we wezipeli adamlar bilen işlemek boýunça işgärler gullugyny ýa-da beýleki ygtyýarly döwlet edarasyny (mundan beýläk – ygtyýarly edara) döretmäge, onuň hukuk ýagdaýyny we degişli ygtyýarlyklaryny kesgitlemäge haklydyr.

Döwlet edaralarynyň işgärler gullugynyň bitewi ulgamyny ygtyýarly edara, ministrlikleriň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň beýleki merkezi edaralarynyň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleriniň işgärler bilen işlemek barada bölünmeleri düzýärler.

Jemgyýete döwlet dolandyryşy babatda täsir etmegiň ilkinji ulgam emele getiriji elementi döwlet edarasy bolup durýar.

**Döwlet edarasy** – *bu bellenen (resmi, hukuk taýdan) tertipde döredilen, özüniň jemgyýetde ýörite niýetlenen maksadyna laýyklykda, döwletiň adyndan bir ýa-da birnäçe wezipeleri ýerine ýetirýän, guramaçylyk taýdan bitewi bolup durýan, özüniň alyp barýan ugry*

*(özüniň alyp barýan predmetini emele getirýän meseleleriň toplumy), ygtyýarlyklary (özüniň durmuşa geçirmäge borçly bolan we öz işinde olaryň çäklerinden çykmaga haky bolmadyk hukuklarynyň we borçnamalarynyň toplumy) bolan edaradyr.*

«Döwlet gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, *döwlet edarasy – Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda döredilen we döwlet işiniň degişli çygrynda döwlet häkimiýetiniň ygtyýarlyklaryny amala aşyrýan edara.*

**Döwlet edarasynyň** düýp mazmunyny, onuň häsiýetini düzüm bölekleriniň, ýagny syýasy (döwlet – häkimlilik häsiýeti), durmuş (umumy ähmiýeti bolan işleri, wezipeleri çözmäge, jemgyýetiň zerurlyklaryndan we bähbitlerinden ugur almaga niýetlenendigi), hukuk (kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul etmek, hukuga gollanmak we hukugy goramak işini amala aşyrmak), edara ediş-dolandyryş (jemgyýete ýolbaşçylyk etmegiň belli bir böleginde döwletiň öňünde durýan wezipeleri hökmany, talap ediji (buýruk beriji) tertipde ýerine ýetirýär. Şonuň üçin ony zerur bolan serişdeleriň bitewi jemi hökmünde kesgitläp bolar.

Islendik döwlet edarasynyň hukuk we kanunçylyk esasy bardyr. Ol kanunçylyk namasy çykarylandan soň, ýagny bu edara hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen tassyklanan Düzgünnama kabul edilenden soň **döwlet edarasy** diýen hukuk derejesini alýar.

Döwlet edarasyna *daşarky* hem-de *içerki* häsiýeti bolan döwlet-hökümlilik *ygtyýarlyklary* berilýär.

Döwlet edarasynyň **daşarky ygtyýarlyklary** esasynda onuň beýleki keseleýin (gorizontal) we dikleýin (wertikal) häkimiýet edaralary, jemgyýetçilik, daşary ýurtlaryň gurluş düzümleri we ş.m. bilen aragatnaşyklary düzgünleşdirilýär.

Döwlet edarasynyň **içerki ygtyýarlyklary** esasynda onuň öz içindäki işleri düzgünleşdirilýär (işe kabul etmek, anyk birliklere ýolbaşçylyk etmek, işgärler bilen üpjünçilik, maddy-tehniki, maliýe üpjünçiligi we beýlekiler).

Döwlet edarasy kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul edýär we hukuga gollanmak hem-de hukugy goramak işini amala aşyrýar. Onuň **hukuk derejesi üç toplumdan,** ýagny maksatlaýyn, gura-

maçylyk, düzümleýin toplumlardan ybarat bolup, ol hökümlilik ygtyýarlyklarynyň hem-de edara tabynlygynyň çäginde degişli döwlet dolandyryş işleri amala aşyrýar.

**«Edara»** düşünjesi **«gurama»** diýen has giň düşünjäniň bir bölegi bolup durýar. **Gurama** – bu adamlaryň, işgärleriň topary bolup durýar. Gurama şol adamlaryň belli bir maksatlara ýetmäge we anyk wezipeleri çözmäge gönükdirilen işini göz öňünde tutýar.

Islendik gurama öz işini özüniň döredýän edaralarynyň üstünden amala aşyrýar. **Edara** guramanyň tabşyrygy boýunça onuň wezipelerini durmuşa geçirýän düzümdir.

Jemgyýete döwlet-dolandyryş babatda täsir etmek diňe döwlet edaralarynyň toplumynyň üstünden durmuşa geçirilýär.

*Şeýlelikde, häzirki döwürde islendik ýurduň durnukly we kadaly hereket etmegini üpjün etmekde möhüm orun döwlete degişlidir.*

*Döwlet özüniň dowam edip gelýän döwrüniň bütin dowamynda tertibi, kanunçylygy saklamak, milli goranyşy guramak wezipeleri bilen bir hatarda ykdysadyýet ulgamyndaky belli bir wezipeleri hem ýerine ýetirýär.*

«Döwlet strategiki dolandyryşyň» düýp mazmuny we onuň aýratynlyklary barada giňişleýin maglumatlar şu kitabyň III babynda getirilýär.

### Adalgalar

*Döwlet gullugy*
*Döwlet edarasy*
*Gurama*
*Daşary ygtyýarlyklar*
*Içerki ygtyýarlyklar*

#### Soraglar we ýumuşlar

1. Döwlet dolandyryşyň düýp mazmuny we ýerine ýetirýän wezipeleri nämeden ybarat?
2. «Döwlet gullugy» diýmek näme? Onuň kanunçylyk esaslaryny häsiýetlendiriň.
3. Türkmenistanda döwlet gullugy nähili ýörelgelere esaslanýar?
4. Döwlet edarasynyň düýp mazmunyny we onuň düzüm bölеklerini häsiýetlendirýän aýratynlyklary barada aýdyp beriň.

## 1.2. DÖWLET DOLANDYRYŞY ULGAM HÖKMÜNDE. DÖWLET DOLANDYRYŞYNYŇ WEZIPELERI

**Döwlet dolandyryşy ulgamynda** «*kadalaşdyrmak*» we «*dolandyrmak*» düşünjeleri giňişleýin ulanylýar.

**«Kadalaşdyrmak»** adalgasynyň manylarynyň biri hem dolandyrmak, **«ýolbaşçylyk etmek»** bolup durýar.

**«Dolandyrmak»** bolsa aglaba ýagdaýda ulgama daşarky (subýektden gelip çykýan) maksady bellemek arkaly täsir etmegi aňladýar. Bu täsir ulgamyň öz-özüni ösdürmek ugruny saklap galmagyň we ony höweslendirmegiň **şerti** bolup durýar.

**Kadalaşdyrmak** ulgamyň içerki kanunalaýyklyklarynyň we mehanizmleriniň öz-özünden ýüze çykýan hereketi üçin zerur bolan şertleriň döredilmegini göz öňünde tutýar.

**Dolandyrmak** usullaryň we serişdeleriň seçilip alynmagyny we olaryň maksada laýyk peýdalanylmagyny, şeýle hem döwlet institutlarynyň meýilnamalaşdyrylýan netijelerini gazanmak üçin hereketleriň tehnologiýalarynyň işlenip taýýarlanmagyny aňladýar. Bellenen maksady boýunça seredeniňde, döwlet dolandyryşy bilen döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň arasynda **ýörelgeleýin** tapawut ýokdur.

*Özüniň düýp mazmuny boýunça kadalaşdyrmak döwlet dolandyryşynyň hökmany başlangyjy we esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Döwlet dolandyryşynyň döwlet tarapyndan kadalaşdyrmak tapawudy köp babatda şertli bolup durýar, çünki döwlet dolandyrmak arkaly kadalaşdyrýar, kadalaşdyrmak arkaly bolsa dolandyrýar.*

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda: «Ýakyn geljekde Türkmenistanyň ykdysadyýeti başga bir zat däl-de, ykdysadyýet bolmalydyr, onuň dolandyrylyşyna ykdysady ýagdaýlara we bazaryň öz-özüni kadalaşdyryşyna bitewi döwlet kadalaşdyryşy wekilçilik eder. Şunda makro kadalaşdyryş ulgamynyň gowşadylmagy we gysylmagy diňe bazaryň öz-özüni kadalaşdyryşynyň ösen görnüşleriniň emele gelmeginiň we ýokarlanmagynyň derejesi boýunça geçip biler» diýip nygtaýar.

Dolandyrmaga ylmy-amaly çemeleşmeler düzümleýin, baglanyşykly, ýagdaýa görä, ulgamlaýyn we başga görnüşinde bolup bilýär. Döwlet dolandyryşynyň bölegi institusional, kadalaşdyryjy-hukuk, düzümleýin, baglanyşykly, kommunikatiw, hünärlilik-işgärler, hünärlilik-medeni kiçi ulgamlar görnüşinde bolup bilýär.

Döwlet dolandyryşy hem-de jemgyýetçilik diýlen ýaly toparlara bölünýär. Döwlet dolandyryşynyň toparlara bölünişi 2-nji şekilde görkezilen.

**Döwlet dolandyryşynyň bölünişi**

- Jemgyýetçilik durmuşynyň çygyrlary boýunça
- Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düzümleýin gurluşy boýunça
- Dolandyryş obýektleri boýunça
- Dolandyryş täsiriniň häsiýeti we möçberi boýunça

**2-nji şekil.** Döwlet dolandyryşynyň bölünişi

**Dolandyryş dürli görnüşlere bölünýär:**

1. Meýilnamalaýyn;
2. Çäkleýin;
3. Strategik;
4. Maksatnamalaýyn-maksatly;
5. Pudagara.

**Döwlet dolandyryşynyň modelleri:**

1. Liberal (erkin);
2. Demokratik;
3. Garyşyk.

2. Sargyt № 678

**Döwlet dolandyryşynyň hukuk we guramaçylyk görnüşleri:**

**Döwlet dolandyryşynyň usullarynyň klassifikasiýasy:**

1. Ahlak-etiki usullar;
2. Durmuş-syýasy usullar;
3. Ykdysady usullar;
4. Edara ediş usullary.

Ynandyrmak, höweslendirmek, düzgün-nyzam arkaly mejbur etmek we edara ediş-hukuk taýdan mejbur etmek ýaly çäreler *döwlet ýolbaşçylarynyň* işiniň usullary hökmünde çykyş edýärler.

***Döwlet dolandyryşy*** – esasy çäkleýin derejeler bilen häkimiýet şahalarynyň arasynda täsir ediş çygyrlaryny paýlamak arkaly döwletiň içinde kadalaşdyrmak işi. Başgaça aýdanyňda, döwlet dolandyryşy ulgam bolup, onda subýekt (döwlet) we obýekt (jemgyýet) özara baglanyşykda hereket edýär.

Döwlet dolandyryşynyň esasynda döwletiň öz bitewüligini goramaga, raýatlarynyň durmuş derejesini we ýaşaýşynyň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen bähbitleri bardyr. Döwlet dolandyryşynyň üsti bilen gorag, durmuş, hukuk, ykdysady-syýasat, araçy kazyýet ýaly wezipeler durmuşa geçirilýär.

Döwlet dolandyryşy, özüniň giň manysynda, döwlet häkimiýetiniň gönüden-göni amala aşyrylmagyny aňladýar: döwlet – syýasy çözgütleri kabul etmek we olary durmuşa geçirmek, jemgyýetde kanunçylygyň we adyl kazyýetliligiň berjaý edilişine gözegçilik etmek. Döwlet dolandyryşy, dar manysynda – ony döwlet wezipelerini amala aşyrmagyň görnüşi hökmünde, onuň çäklerinde ýerine ýetiriji häkimiýetiň durmuşa geçirilýän döwlet işiniň görnüşi hökmünde kesgitleýär.

Döwlet dolandyryşy gurluşyna we düýp esasyna ylmy taýdan pähimli düşündiriş berilmegini, oňa töweregindäki durmuş gurşawynyň amalynyň we ulgamynyň özara gatnaşygy hökmünde hemmetaraplaýyn seredilmegini talap edýär.

**Bu ulgam:**

- dolandyryş subýektiniň guralyşyny we onuň hereket edişini – dolandyrýan ulgamy;

- dolandyrýan ulgamyň jemgyýetçilik ulgamy – dolandyrylýan obýektler bilen özara baglanyşyklarynyň gurluş düzümini;

- jemgyýetçilik ulgamynyň böleklerini ýa-da olaryň özara baglanyşykda dolandyrylýan ulgamyň gurluş düzümini döredýän we gönüden-göni döwlet dolandyryşy täsirlerini kabul edýän ýa-da olaryň emele getirilmegine gatnaşýan aýry-aýry ýüze çykmalaryny öz içine alýar.

**Döwlet dolandyryşynyň wezipeleri.**

Döwlet dolandyryşynyň esasy wezipesi jemgyýetde agzybirligi hem-de jebisligi saklap, onuň durnukly we progressiwleýin (öňe gidişleýin) häsiýetli ösüşini üpjün etmekden, jemgyýeti emele getirýän dürli sosial toparlaryň yzygiderli artýan isleglerini kanagatlandyrmakdan, olaryň biri-birinden tapawutly bolan bähbitlerini aramakdan we sazlaşdyrmakdan ybaratdyr.[1]

Dolandyryşyň her bir wezipesi zerur bolup durýar we birsyhlylygy, durnuklylygy bilen tapawutlanýar. Wezipeler biri-birinden gönüden-göni maksady, mazmuny, amala aşyrmagyň düzgünleri, peýdalanylýan maglumatlar bilen tapawutlanýarlar.

**Durmuş dolandyryşy boýunça dolandyryş wezipeleri şulara bölünýär:**

1. Dolandyryşyň durmuş-ykdysady wezipesi eýeçilik gatnaşyklaryna we paýlamaga täsir etmegiň üstünden ykdysady gatnaşyklar ulgamyny düzgünleşdirmegi amala aşyrýar.

2. Dolandyryşyň ruhy we dünýägaraýşy, wezipesi adamyň aň-düşünjesiniň üsti bilen onuň özüni alyp barşynyň durmuş islegler görnüşinde ýüze çykýan we örän oňat güýje öwrülýän subýektiw faktorlaryna täsir etmegini amala aşyrýar.

Ylymda döwlet dolandyryşynyň wezipelerine dürli çemeleşmeler bardyr. Bu barada 3-nji şekilde beýan edildi.

---

[1] «Döwlet berkararlygy – halkyň bagtyýarlygy: döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmegiň milli tejribesi”. – Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň döredilmeginiň 5 ýyllygyna bagyşlanan ylmy-amaly maslahatdaky çykyşlaryň gysgaça beýanlarynyň ýygyndysy. –A: Ylym, 2013. Sah. 15-16.




**3-nji şekil.** Döwlet dolandyryşynyň wezipeleri

**Köptaraply dolandyryş wezipeleri,** ýagny islendik dolandyryş işi üçin ýaramly dolandyryş wezipeleri we işgärler gullugynyň onuň mazmunyny we häsiýetini görkezýän özüne mahsus anyk wezipeleri bölünip görkezilýär. Köptaraply wezipelere şular degişlidir: meýilnamalaşdyrmak; guramaçylyk; utgaşdyrmak; kadalaşdyrmak; gözegçilik; ulgamlaýyn häsiýetnamalary saklamak we amatly etmek; içerki we daşarky (ulgam babatynda) proseslere düşünjelilik bilen täsir etmek; maksatlary bellemek we ş.m.

Işgärler gulluklarynyň we işgärleri dolandyryş gulluklarynyň **özüne mahsus wezipeleri:**

1. Gulluk işini çaklamak;
2. Onuň hilini ýokarlandyrmak;
3. Işe höweslendirmek we ş.m.

Şu nukdaýnazardan döwletiň wezipeleri strategik ýa-da umumy ähmiýeti bolan durmuş, ykdysady, syýasy we beýleki wezipelere hem-de taktiki ýa-da wagt babatynda anyk wezipelere bölünýär.

Mälim bolşy ýaly, döwlet wezipeleri içerki we daşarky özygtyýarlyklara bölünýär. Degişlilikde, strategik häsiýeti bolan içerki we daşarky wezipeler tapawutlandyrylýar.

**Içerki wezipeler** döwletiň jemgyýetiň içerki durmuşynyň möhüm meselelerini dolandyrmak boýunça işiniň esasy ugurlaryndan ybarat bolýar. Olaryň arasynda ykdysady, maliýe, durmuş, ekologiýa, hukuk tertibini goramak, medeni, ylmy we ş.m. wezipeleri görkezip bolar, olaryň her biri öz gezeginde, degişli ulgamda jemgyýetiň öňünde durýan çözülmeli meselelere baglylykda birnäçe wezipelere bölünýär.

Daşary syýasat ulgamynda bolsa döwlet öz ygtyýarynda bar bolan ähli serişdeleriň kömegi bilen bitewüligi saklap galmagy, daşarky howplardan goramagy, milli bähbitleri we milli döwlet howpsuzlygyny üpjün etmäge niýetlenendir.

Dolandyryş obýektine edilýän täsiriň möçberi (gerimi) boýunça, serişdeleri boýunça we häsiýeti boýunça obýekte täsir edýän wezipeleri durmuş-guramaçylyk we içerki guramaçylyk wezipelerine bölüp bolar. 4-nji şekilde döwlet dolandyryşynyň wezipeleri görkezilen.




**4-nji şekil.** Döwlet dolandyryşynyň wezipeleri

1. Döwlet dolandyryşynyň **durmuş-guramaçylyk wezipeleri** döwletiň içerki durmuşynda bolup geçýän köpdürli jemgyýetçilik prosesleriniň ählisini öz içine alýar. Olarda döwletiň dolandyryş işiniň esasy manysy jemlenýär, onuň özüniň jemgyýetiň öňündäki borçlaryny ýerine ýetirmek babatynda bellenen maksady durmuşa geçirilýär.

2. Döwlet dolandyryşynyň **içerki guramaçylyk wezipeleri** döwlet gullugynyň ähli gurluş düzümleriniň işini guramaga, tertipleşdirmäge, işjeňleşdirmäge gönükdirilendir.

Döwlet dolandyryşynyň **umumy wezipeleri** onuň subýektleriniň we obýektleriniň dolandyryş babatynda islendik özara hereketine gatnaşýar.




**5-nji şekil.** Dolandyryş nazaryýetinde has möhüm wezipeler

Döwlet dolandyryşynda **meýilnamalaşdyrmak wezipesi** maksatlary goýmakda, olara ýetmek üçin zerur bolan serişde harajatlaryny, onuň usullaryny we möhletlerini, şeýle hem dolandyrylýan obýektiň işine tapgyrlaýyn gözegçilik etmegiň görnüşlerini we usullaryny kesgitlemekde ýüze çykýar, şolaryň kömegi bilen bolsa meýilnama tabşyrygynyň durmuşa geçirilmegi gazanylýar. Meýilnamalaşdyrmak çaklamak bilen ýakyndan baglanyşykly bolmalydyr.

Döwlet dolandyryşynda **çaklamak wezipesi** jemgyýetiň geljekki ösüşi baradaky esaslandyrylan garaýşy ýa-da onuň görnüşlerini, ony amala aşyrmagyň ýollaryny we möhletlerini işläp taýýarlamakdan ybaratdyr. Çaklama strategik dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň ygtybarly guraly bolup durýar. Şunda çaklamalar hakyky bilimlere we takyk maglumatlara esaslanmalydyr, jemgyýetiň maddy we ruhy mümkinçiliklerini nazara almalydyr.

**Dolandyryş wezipesi hökmünde zähmete höweslendirmelere (motiwasiýalara)** köplenç halatda çäkli, ýerli ulgamlara degişlilikde seretmek kabul edilendir. Ýolbaşçynyň paýhaslylygy diňe bir adamlaryň işinde zähmet çekmäge höweslendirmeleri emele getirmekden däl-de, eýsem, şol höweslendirmeleri aňmakdan, duýmakdan we ulgamy dolandyrmak boýunça hereketleri olara laýyk getirmekden ybaratdyr. Umumydöwlet derejesinde zähmete höweslendirmeler milli höweslendirme görnüşini öz içine alýar.

Häzirki zamanda döwlet dolandyryşynda *kadalaşdyrmak möhüm wezipe bolup durýar.* Oňa giň we gysga manyda seredip bolar. Döwlet kanunlary, kanunyň esasynda taýýarlanýan namalary we kazyýet namalaryny çykarmak ýoly bilen, jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özüni alyp barşynyň bellibir derejede umumy kadalaryny belleýär, ýagny olary kadalaşdyrmak arkaly düzgünleşdirýär.

Bu – giň manyda döwlet tarapyndan kadalaşdyrmak bolup durýar. Başga manysynda döwlet tarapyndan kadalaşdyrmak anyk ulgamlarda döwlet dolandyryşynyň wezipesi hökmünde çykyş edýär, şunda ol durmuş-syýasy, ykdysady we ruhy gatnaşyklaryň aýry-aýry taraplaryny öz içine alýar. Meselem, durmuş-ykdysady ugurda döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň esasy gurallary şular bolup durýar: döwlet býujeti, harytlary we hyzmatlary sargyt etmegiň döwlet ulgamy, döwlet salgyt ulgamy, standartlar, gümrük tarifleri, paçlar, milli maksatnamalar, pudaklary ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary, baha syýasaty we ş.m.

Döwlet dolandyryşynda ***gözegçilik wezipesi*** döwletiň gurluş düzümleriniň işini tertipleşdirmek nukdaýnazaryndan hem-de jemgyýetçilik gatnaşyklaryny sazlaşdyrmak nukdaýnazaryndan seredilip bilner. Gözegçiligiň kömegi bilen dolandyrylýan ulgamda bellenen görkezijilerden gyşarmalar ýüze çykarylýar we ony görkezijiler bilen laýyk ýagdaýa getirmek üçin çäreler görülýär. Gözegçilik etmek garaw etmeklikden diňe gyşarmalary belleýänligi bilen tapawutlanýar we dolandyryş çözgütlerini kabul etmäge ygtyýarly degişli edaralara bu barada habar berýär.

Gözegçilik wezipesi düzgün-nyzamy, kanunçylygy üpjün etmäge, işiň düzgünini berjaý etmäge, döwlet dolandyryş subýektleriniň we obýektleriniň netijeliligini berjaý etmäge gönükdirilendir.

**Döwlet dolandyryş ulgamynda utgaşdyrmak wezipesi.** Utgaşdyrmak (düşünjeleri, hereketleri, haýsydyr bir zadyň düzüm böleklerini) gabat getirmegi, sazlaşygy, laýyk getirmegi aňladýar. Degişlilikde, utgaşdyrmak ýa-da utgaşykly alyp barmak haýsydyr bir hereketiň sazlaşygy (sazlaşdyrylmaklygy), laýyk gelmegi (getirilmekligi) diýmekdir.

*Keseligine tertipleşdirmek* ***utgaşdyrmak*** *diýip atlandyrylýar, şunda taraplar, şol bir döwlet edarasynyň bölekleri we esaslary ýa-da birnäçe döwlet edaralarynyň özara hereketleri birmeňzeşlik, deňmöçberlilik bilen häsiýetlendirilýär. Mysal üçin, müdirligiň düzümindäki bölümleriň özara gatnaşyklary, döwlet edaralarynyň düzümindäki müdirlikleriň özara gatnaşyklary.*

Olaryň arasyndaky deňagramlylyk deň mümkinçilikler we deň täsirler bilen saklanylýar. Utgaşdyrmak çylşyrymly gulluk wezipeleriniň çözülýän wagtynda döwlet gullukçylary tarapyndan we keseligine ýerleşen döwlet edaralary tarapyndan öz hereketleriniň beýleki tarapyň hereketleri bilen laýyk getirilmeginde ýüze çykýar.

Utgaşdyrmak guramaçylyk wezipesiniň dowamy bolup durýar. Öz gezeginde, **guramaçylyk** – bu dolandyryşy üpjün edýän işdir. Özara hereketleri saklamak we amala aşyrmak boýunça amaly işler gulluk işiniň barşynda ulanylýan utgaşdyrmak usullarynyň üstünden açylýar. Häzirki wagtda iş ýüzünde şu usullar giňden ýaýrady:

1. Bilelikdäki maslahatlary we iş duşuşyklaryny geçirmek;
2. Ministrlikleriň we pudak edaralarynyň meselelerini ara alyp maslahatlaşmak;
3. Özara hereketleri guramak üçin ýokarda durýan edaralaryň wekilleriniň bilelikdäki iş saparlary;
4. Çylşyrymly çäreleriň geçirilýän wagtynda gyzyklanýan edaralaryň wekillerinden iş (dessin) toparlaryny döretmek;
5. Bilelikde barlag geçirmek, hasabatlara seretmek, diňlemek, anyk hasabatlary we maglumatlary öwrenmek, gowy tejribeleri ýaýratmak, jemleri jemlemek.

Dürli ylmy barlaglaryň hödürlenen çemeleşmeleri şunuň ýaly netije çykarmak üçin esas berýär:

**Utgaşdyrmak** – *bu dolandyryş ulgamynyň ähli bölekleriniň işiniň sazlaşdyrylmagyny üpjün etmäge we dolandyryş çözgütleriniň goýlan wezipelere laýyk getirilmegine gönükdirilen iň möhüm dolandyryş wezipeleriniň biridir.*

Şeýlelikde, döwlet dolandyryşynyň maksadynyň, görnüşleriniň we usullarynyň öwrenilmeginiň möhümdigini bellemek bolar.

### Adalgalar

*Kadalaşdyrmak*
*Dolandyrmak*
*Döwlet dolandyryşynyň wezipeleri*
*Utgaşdyrmak*
*Meýilnamalaşdyrmak wezipesi*
*Gözegçilik*
*Guramaçylyk wezipesi*

#### Soraglar we ýumuşlar

1. Döwlet dolandyryşynyň görnüşleriniň klassifikasiýasy barada aýdyp beriň.
2. «Dolandyrmak» we «kadalaşdyrmak» adalgalarynyň aýratynlyklaryny häsiýetlendiriň.
3. Döwlet dolandyryşynyň durmuş guramaçylyk wezipeleri nämeden ybaratdyr?
4. Dolandyryş nazaryýetinde döwlet dolandyryşynyň wezipelerini klassifikasiýa bölmek babatynda nähili çemeleşmeler bar?
5. Utgaşdyrmak wezipesiniň häsiýetli taraplaryny kesgitläň.

# II BAP
# DÖWLET DOLANDYRYŞYNYŇ HUKUK ÜPJÜNÇILIGI, GÖRNÜŞLERI WE USULLARY

## 2.1. Döwlet dolandyryşynyň hukuk üpjünçiligi we hukuk düzgünleşdirilişi

Döwlet dolandyryşy işini ylmy esasda seljermegiň dürli ugurlary bar. Ony taryhy, syýasatşynaslyk, ykdysady, guramaçylyk, ruhy-aň, jemgyýetçilik ösüşi we beýleki nukdaýnazarlardan düýpli öwrenip bolýar. Hukuk ylmy nukdaýnazaryndan alanyňda, döwlet dolandyryşy döwlet bilen jemgyýetiň, döwlet dolandyryş edaralary bilen raýatlaryň, wezipeli adamlaryň, döwlet gullukçylary bilen ilatyň arasynda kemala gelýän hukuk gatnaşyklarynyň ýeterlik derejede çylşyrymly ulgamy hökmünde ýüze çykýar.

Şu nukdaýnazardan, «döwlet dolandyryşynyň hukuk esaslary», «döwlet dolandyryşynyň hukuk üpjünçiligi», «döwlet dolandyryşy gatnaşyklarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilişi», «hukuk düzgünleşdirmesiniň netijeliligi», «döwlet dolandyryşyny hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň işjeň guraly (mehanizmi)» ýaly binýatlaýyn düşünjelere garap geçmek zerurdyr. Olar özüniň many-mazmuny boýunça biri-birine meňzeşdigine, özara ýakyndygyna garamazdan, özüne mahsus alamatlaryň birnäçesine baglylykda biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar.

**Döwlet dolandyryşynyň hukuk esaslary** – jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň takyk alnan araçägini (ugruny) hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň mazmunyny kesgitleýän binýatlaýyn ýörelgeleriň, kadalaryň we institutlaryň bitewi ulgamydyr (jemidir).

**Döwlet dolandyryşynyň hukuk üpjünçiligi** döwletiň binýatlaýyn gorudyr. Has giň many-mazmunynda häsiýetlendirilende, ol:

1. Hukuk gatnaşyklarynyň ol ýa-da beýleki subýektiniň (gatnaşyjy tarapynyň) hereket etmegini üpjün edýän hukuk biýadyny kemala getirmekdir;

2. Ol ýa-da beýleki subýekte (şahsa) degişli hukuk hyzmatlarynyň amala aşyrylmagydyr;

3. Kesgitli alnan ugur boýunça alnyp barylýan hukuk işiniň ylmy taýdan hem hünärmenler bilen üpjünçiligidir.

**Döwlet dolandyryşy gatnaşyklarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilişi** döwletiň degişli hukuk kadalaryny we aýry-aýry hukuk gözükdirmelerini (maslahatlaryny) neşir etmek arkaly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsir etmegidir. Görkezilen kadalaryň pugta berjaý edilmegi diňe bir guramaçylyk taýdan däl-de, döwlet mejbur edijilik usullaryny peýdalanmak arkaly üpjün edilýär.

**Hukuk düzgünleşdirmesiniň netijeliligi** – hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň (taraplarynyň) hereketine we alyp barýan işine hukugyň oňyn häsiýetli täsir etmek çäresidir. Ol degişli kadalaryň we hukuk institutlarynyň durmuşa geçirilmegi netijesinde ýüze çykan anyk jemgyýetçilik özgerişlerde öz beýanyny tapýar.

**Döwlet dolandyryşy hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň işjeň guraly (mehanizmi)** – jemgyýetçilik gatnaşyklaryna hukuk taýdan täsir etmekde peýdalanylýan hukuk serişdeleriniň bitewi jemidir. Hukuk düzgünleşdirmesiniň işjeň guraly şulary öz içine alýar:

- hukuk kadalaryny, ýuridiki (edara görnüşli) we fiziki şahslaryň hukuk derejesini;
- kanunyň hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy, üýtgemegi we ýatyrylmagy bilen baglanyşdyrýan ýuridik (hukuk ähmiýetli) delilleri;
- hukuk kepilliklerini hem-de hukuk jogapkärçiliginiň görnüşlerini; hukuk aň-düşünjesini, hukuk ýörelgelerini hem-de sebäplerini.

Döwlet dolandyryşyny düzgünleşdirmek işine has içgin, takyk delillerde garap geçeliň.

*Döwlet dolandyryşy işiniň hukuk taýdan düzgünleşdirilmesi* döwletiň hukuk wezipesi bolmak bilen, ol döwletiň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gönüden-göni täsir etmegi hem-de şol täsiriň astynda bu gatnaşyklara girýän subýektleriň (şahslaryň) alyp barýan işiniň (hereketleriniň) hukuk kadalarynda takyk kesgitlenen talaplara, rugsat bermelere hem-de gadagan etmelere kybap getirilmegi arkaly amala aşyrylýar.

Bu kadalaryň doly we gürrüňsiz ykrar edilmegi hem-de olary ýerine ýetirmegiň hökmanylyk güýji jemgyýet tarapyndan goldanylýar, häkimiýetiň belent at-abraýy hem-de onuň (zerur bolan ýagdaýynda) mejbur edijilik güýji peýdalanmaga bolan şeksiz hukugy bilen üpjün edilýär.

**Hukuk düzgünleşdirmesi onuň üç jähtleriniň** – *jemgyýetçilik, kadalaşdyryjylyk hem-de guramaçylyk-amaly* jähtleriniň bitewüliginden hasyl bolýar.

Hukuk düzgünleşdirmesiniň ***jemgyýetçilik jähti*** jemgyýetde açyk-aýdyň ýüze çykýan hajatlary hukuk gurallary arkaly düzgünleşdirmegiň zerurlygy ýüze çykýan, jemgyýetçiligiň döwlet goldawyna daýanmazdan bu zerurlygy amal edip bilmeýän, adamlarda ýüze çykan meseläni gönüden-göni hukuk gurallary arkaly çözüp boljakdygyna pugta ynamyň orun alýan ýagdaýlaryny öwrenýär.

Döwlet bolsa, öz gezeginde, bu meseläni töwerekleýin aňlanyndan soň, degişli çözgüdi çykarýar hem-de şol çözgüdi durmuşa geçirmek boýunça degişli guramaçylyk-dolandyryş çärelerini (tagallalaryny) durmuşa geçirýär.

Hukuk düzgünleşdirmesiniň özenini onuň ***kadalaşdyryjylyk*** jähti düzýär. Bu zeýilli düzgünleşdirmäniň baş maksady – döwlet dolandyryş gatnaşyklarynyň subýekleriniň (oňa girýän şahslaryň) kanuny bähbitlerini goramakdan, dolandyryş işiniň hukuk gurallaryny peýdalanmak, düzgün-tertibi goramak tejribesini hem-de terbiýeçilik wezipesini has-da kämilleşdirmekden, kanuny bozýanlaryň gümansyz hem-de şeksiz jogapkärçilige çekilmegini üpjün etmekden ybaratdyr.

Bu ýerde hukuk kadalary näderejede anyk, takyk, düşnükli teswir edilenligine-de köp zadyň baglydygyny aýtmak gerek. *Hukuk düzgünleşdirmesiniň netijeliligi* onuň amaly taýdan durmuşa geçirilişi, adamlaryň aňyna, jemgyýetde özüni alyp barşyna hem-de amala aşyrýan işlerine (hereketlerine) iş ýüzünde ýetirýän täsiri bilen kesgitlenilýär.

Bu zeýilli düzgünleşdirmäniň anyk many-mazmuny:

- döwlet dolandyryşy işiniň maksatlaryny, wezipelerini, binýatlaýyn ýörelgelerini we beýleki jemgyýetçilik-hukuk institutlaryny hukuk taýdan berkitmekden;

- döwlet dolandyryş gatnaşyklaryny olaryň derejesine, ugrukmasyna, içerki many-mazmunyna hem-de daşky ýüze çykyş alamatlaryna baglylykda tertipleşdirmekden;

- döwlet dolandyryşy işini häsiýetlendirýän serişdeleriň, tärleriň, usullaryň, tapgyrlaryň we beýleki düzüm bölekleriniň hukuk kesgitlemesini bermekden ybaratdyr.

Hukuk düzgünleşdirmesiniň gurluş aýratynlyklaryny dürli alamatlardan, esaslardan ugur almak bilen kesgitläp bolýar.

*Dolandyryş gatnaşyklarynyň derejesine baglylykda hukuk düzgünleşdirmesine şu ugurlar sezewar edilýär:*

1. Döwlet (onuň edaralary), dürli jemgyýetçilik jemagatlary (jemgyýetçilik toparlary, zähmetkeşler toparlary, önümçilik birlikleri) bilen raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklar;

2. Döwlet dolandyryşy edaralarynyň jemgyýetçilik-hukuk ýagdaýyny kesgitlemek, dolandyrmagyň ugurlaryny hem-de häkimiýet ygtyýarlyklaryny özara paýlaşmak, gulluk aragatnaşyklaryny kadalaşdyrmak ýaly meseleleri çözmekde döwletiň öz içinde, onuň edaralarynyň we guramalarynyň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklar;

3. Döwlet dolandyryş işine çekilen adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar.

Türkmenistanyň hukuk ulgamyny kemala getirmek işi ýurt Garaşsyzlygyna eýe bolnan ilkinji günden başlandy hem-de düzgün-tertibi goraýjy edaralaryň netijeli işleýän ulgamynyň kemala getirilmeginde, döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlaryny düzgünleşdirýän we halkara derejesinde ählumumy ykrar edilen kadalara doly kybap gelýän kanunlaryň işlenip taýýarlanylmagynda hem-de güýje girizilmeginde öz beýanyny tapdy.

Islendik döwletiň milli hukuk ulgamynda ***konstitusion hukuga*** aýratyn möhüm orun berilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy döwletimiziň Baş Kanunydyr. Konstitusiýada beýan edilen binýatlaýyn kadalara çapraz gelýän kanunlaryň we beýleki kanunçylyk namalarynyň hukuk güýji ýokdur. Şunuň bilen baglylykda, konstitusion kesgitlemesi arkaly Baş Kanunyň kadalarynyň hem düzgünleriniň gönüden-göni hereket edýänligi takyk bellenilendir.

Esasy Kanunymyzy döwrüň talabyna laýyk getirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşi kabul

edildi. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen, Konstitusiýanyň täze redaksiýasynda hukuk ulgamynyň ähli ugurlary bilen bir hatarda, ýerli wekilçilikli we ýerine ýetiriji häkimiýete hem-de ýerli öz-özüni dolandyryş ulgamyna degişli döwrebaplaşdyrylan kadalar berkidildi.

***Administratiw hukugy*** döwlet dolandyryşy ulgamynda ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär. Administratiw hukugyň binýatlaýyn kadalary döwlet dolandyryş edaralarynyň hem-de ýerine ýetirijilik häkimiýet edaralarynyň wezipeli işgärleriniň ulgamyny, iş düzgün-tertibini we ygtyýarlyklaryny belleýär; raýatlaryň bu edaralar hem-de wezipeli adamlar bilen gatnaşyklaryndaky hukuklaryny we borçlaryny berkidýär, administratiw jogapkärçiligiň derejesini we çärelerini kesgitleýär.

***Maliýe hukugy*** pul serişdelerini kemala getirmek, toplamak hem-de jemgyýetde olaryň kadaly dolanyşygyny üpjün etmek bilen bagly ulgamdaky maliýe-pul gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär. Hukugyň bu pudagynyň mazmunyny döwletiň pul gaznalaryny döretmekde, paýlamakda we peýdalanmakda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirmek üçin peýdalanylýan kadalar düzýär. Maliýe hukugynyň düzümine oňa degişli bolan kiçi pudaklar – ***býujet, salgyt we bank hukugy*** girizilýär.

*Býujet hukugy Döwlet býujeti düzmek, serişdeleri paýlamak we ulanmak bilen baglylykda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.*

*Salgyt hukugy edara taraply (ýuridiki) we fiziki şahslardan alynýan salgytlary (olaryň möçberini) bellemek, ýygnamak we ýerleşdirmek, şonuň ýaly-da salgyt tölemeýän şahslary ýüze çykarmak we jogapkärçilige çekmek bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.*

*Bank hukugy pul serişdeleri, gymmatly kagyzlar, gymmat baha metallar, şeýle-de bank syrlaryny özünde saklaýan maglumatlar bilen baglylykda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.*

*Ýer hukugy* ýerleriň sanawyny (kadastryny) ýöretmek, dürli görnüşdäki ýerleriň bölünip berlişini we peýdalanylyşyny kadalaşdyrmak, ýer böleklerini satmak-satyn almak we ş.m. bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

***Ekologik hukugy*** tebigy serişdeleri aýawly peýdalanmak we tebigaty goramak, daşky gurşaw üçin zyýanly bolan kärhanalaryň

işledilmegi, olaryň gurulmagy, şonuň ýaly-da ekologiýa kanunçylygyny bozýanlary jogapkärçilige çekmek bilen bagly gatnaşyklary öz gerimine alýar.

***Jenaýat hukugy*** jenaýat işi esasynda temmileriň (jezalaryň) berilmegine alyp gelýän hereketleriň – jenaýatlaryň, hususan-da korrupsiýa, parahorlyk, döwlet bähbitlerine dönüklik etmek ýaly jenaýatçylykly hereketleriň amala aşyrylmagy bilen baglylykda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

***Halkara jemagat hukugy*** halkara gatnaşyklary ulgamynda hereket edýär, oňa gatnaşyjylar bolup döwletler ýa-da olaryň ygtyýarlylandyrylan edaralary çykyş edýärler. Halkara jemagat hukugy milli hukuk ulgamynyň düzümine girmeýär, muňa garamazdan, döwletiň kabul edýän dolandyryş çözgütleriniň hiç birisi döwlet tarapyndan resmi taýdan ykrar edilen (ratifisirlenen) düzgünnamalarda, şertnamalarda, konwensiýalarda beýan edilen halkara hukuk kadalaryna çapraz gelmeli däldir.

Hukuk pudaklarynyň ýokarda beýan edilen sanawyndan görnüşi ýaly, ýerine ýetirilýän wezipeleriň häsiýetine baglylykda, döwlet dolandyryş ulgamyndaky *hukuk düzgünleşdirmesi şu aşakdaky ugurlara gönükdirilýär*:

1. Adamyň we raýatyň, şol sanda işsizleriň, goldawa mätäçleriň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak;

2. Döwletiň içeri we daşary syýasatyny amala aşyrmagyň degişli kanunçylyk namalarynda, döwlet syýasy maksatnamalarynda (doktrinalarynda), döwlet we milli ösüş maksatnamalarynda hem-de ileri tutulýan umumymilli ähmiýetli taslamalarda berkidilen hukuk mehanizmlerini işläp taýýarlamak;

3. Hojalyk işiniň döwlet düzgünleşdirmesiniň, hususan-da hususy telekeçiligiň ösdürilmegini, hususyýetçileriň hukuklarynyň goralmagyny, monopolçylygyň we ynsapsyz bäsdeşligiň öňüniň alynmagyny we ş.m. döwlet tarapyndan höweslendirmegiň hukuk esaslaryny bellemek;

4. Jemgyýetçilik-hojalyk – salgyt, gümrük, maliýe, walýuta, karzlar, maýa goýumlar işiniň we beýleki ugurlaryň döwlet düzgünleşdirmesiniň hukuk esaslaryny kemala getirmek;

5. Fiziki we edara taraply (ýuridiki) şahslaryň hukuklaryny we borçlaryny üpjün etmek, dolandyrylýan taraplaryň alyp barýan işlerine döwlet gözegçiligini we barlagyny amala aşyrmak.

Hukuk düzgünleşdirmesinde dürli usullar we tärler netijeli peýdalanylýar. Olaryň kömegi bilen döwlet, onuň edaralary hem-de wezipeli adamlary maddy we iş ýörediş (prosessual) hukugynyň binýatlaýyn kadalaryny peýdalanmak arkaly dolandyrylýan tarapa täsir edýärler.

**Döwlet dolandyryşy** işinde hukuk ***düzgünleşdirmesiniň iki esasy usulyny*** aýratyn bölüp görkezýärler:

1. Taraplaryň özara garaşsyzlygy hem deňhukuklylygy bilen häsiýetlendirilýän *dispozitiw (özbaşdak, aýrybaşgalanan)*;

2. Hukuk gatnaşyklaryna girýän taraplaryň biriniň beýlekisine tabyn edilmegini göz öňünde tutýan *imperatiw (düýpli, hökümli)* usullar.

Hukuk düzgünleşdirmesiniň ýokarda görkezilenlerden başga-da usullarynyň bardygyny bellemek gerek. Olara:

3. Merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik dolandyryş;

4. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdiriş, goraýyş we ýöriteleşdirilen;

5. Öňünden belleýän – rugsat berýän ýa-da gadagan edýän;

6. Sylaglaýan – jemgyýete peýdaly bolan hereketleri sylaglamak arkaly höweslendirýän;

7. Maslahat beriş – subýektlere (şahslara) özüňi alyp barmagyň has maksadalaýyk;

8. Definitiw, operatiw (ýüze çykan ýagdaýa laýyklykda hereket etmek);

9. Kollizion (adatdan daşary ýagdaýlarda dürs hereket etmek) görnüşlerini (ugurlaryny) teklip edýän tärler bilen täsir etmek arkaly dolandyrmak usullary degişlidir.

**Peýdalanýan usullaryna baglylykda hukuk düzgünleşdirmesi şu wezipelerde ýüze çykýar:**

1. *Oňyn häsiýetde borçly etmek,* öňünden bellemek – takyk kesgitlenen oňyn häsiýetli hereketleri amala aşyrmaga gönüden-göni borçly etmek. Düzgünleşdirmegiň bu usuly döwlet dolandyryşy ul-

gamynda esasy orunda goýulýar. Onuň netijeli peýdalanylmagy bilen ýokary derejedäki ýerine ýetirijilik düzgün-tertibi, bellenen degişlilikdäki özara tabynlyk gatnaşyklary, ýokarda duran edaralaryň çykaran çözgütleriniň tabynlykda duranlar üçin hökmanylyk güýji üpjün edilýär;

2. *Gadagan etmek* – kesgitli mazmundaky hereketleri we işleri etmekden saklanmak borjunyň üstüňe ýüklenilmegi;

3. *Rugsat etmek* – hukuk gatnaşyklarynyň subýektlerine öz garamagy boýunça özbaşdak işjeň hereket etmäge rugsadyň berilmegi.

Döwlet dolandyryşy ulgamynyň binýatlaýyn häkimiýeti ýörediş, hökmürowanlyk we borçly bolma ýörelgelerinde guralýandygyny aýratyn bellemegimiz zerurdyr. Islendik dolandyryş çäreleri hereket edýän kanunçylygyň çäklerinde amala aşyrylmalydyr, kabul edilen ähli çözgütler öz wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirilmelidir. Dolandyryş gatnaşyklarynyň ähli subýektleri takyk kesgitlenen görnüşde hereket etmäge borçludyrlar. Döwlet dolandyryşynda «diňe kanunyň rugsat berýän zatlary rugsat edilýändir, onuň gadagan edýän zatlary bolsa düýbünden gadagandyr» diýen ýörelgeden ugur alynýar.

Häzirki döwürde toplanan iş tejribesinde döwlet dolandyryşyny hukuk gurallary arkaly netijeli düzgünleşdirmegiň birnäçe görnüşleri bellidir. Olaryň arasynda has esasylary hökmünde kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, resminamalary, kararlary we *kadalaşdyryjy hukuk şertnamalaryny we beýlekileri* görkezmek bolar.

2017-nji ýylyň 26-njy awgustynda kabul edilen «Hukuk namalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda «hukuk namasy – kadalaşdyryjy ýa-da beýleki häkimlik ediji hukuk tabşyryklaryny özünde saklaýan, kanunçylykda bellenilen tertipde kabul edilen bellenilen görnüşli ýazmaça resmi resminamadyr» diýip bellenilýär.

Şu Kanunyň 7-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň **kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň esasy görnüşleri** şeýle kesgitlenilýär:

- Konstitusiýa, konstitusion kanunlar, kodeksler, kanunlar;
- Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;

3. Sargyt № 678

• Türkmenistanyň Prezidentiniň kadalaşdyryjy hukuk permanlary;
• Türkmenistanyň Prezidentiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;
• Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;
• ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk buýruklary;
• halk maslahatynyň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;
• häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;
• Geňeşiň kadalaşdyryjy çözgütleri.

**Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň döredilen görnüşlerine** şular degişlidir:
- düzgünnama;
- tehniki dessur;
- düzgünler;
- gözükdiriji.

Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň döredilen görnüşleri olaryň esasy görnüşleriniň kömegi arkaly tassyklanylýar we olar bilen ýeke-täk bitewüligi düzýärler.

Hukuk düzgünleşdirmesiniň görnüşlerine döwlet dolandyryş gatnaşyklarynyň berk düzgün-tertipde amala aşyrylmagyny üpjün edýän birnäçe **talaplar** bildirilýär. Olara şular degişlidir:
- degişli hukuk namalarynyň we kadalarynyň öz wagtynda kabul (neşir, yglan) edilmegi, olaryň öz görnüşi, hukuk güýji we mazmuny boýunça döwrebaplygy;
- hukuk görnüşleriniň tutanýerli we durnukly häsiýete eýe bolmagy;
- hukuk kadalarynyň öz häsiýeti boýunça doly we özara ylalaşdyrylan bolmagy.

Ýokarda beýan edilenlerden ugur almak bilen, şulary aýtmak bolar, döwlet **dolandyryşyny hukuk taýdan düzgünleşdirmek işi** – munuň özi:

1. Döwlet, döwletiň ygtyýarlylandyrylan edaralary we wezipeli işgärleri tarapyndan adamlaryň özüni alyp barmagynda we hereket etmeginde ýerine ýetirilmegi hökmany bolan, jemgyýetde ýörgünli pikir-garaýyşlary we döwlet dolandyryş diwanynyň mümkinçilikle-

ri bilen üpjün edilýän hukuk kadalaryny işläp taýýarlamak we yglan (neşir) etmek boýunça alyp barýan işleridir. Şunda ady agzalan kadalar-talaplar ýöne bir howaýy, durmuşdan üzňe maksat görnüşinde däl-de, jemgyýetçilik durmuşyny belli bir düzgün-tertibe düzmek üçin zerur hukuk instituty bolup çykyş etmelidir. Şol sebäpden olar obýektiw taýdan düýpli şertlendirilen, subýektiw nukdaýnazaryndan doly esaslandyrylan, jemgyýetçilik durmuşyny kadalaşdyrmakda aňrybaşy netijeli we ulgamlaýyn esasda guralan bolmalydyr.

2. Bu düzgünleşdirme özüniň asyl many-mazmuny boýunça adamlaryň ählumumy erkini, islegini, bähbitlerini, şahsyýetiň hukuklaryny we azatlyklaryny beýan edýän taraplaryň kadalaşdyrylmagydyr.

3. Kanunyň hökmürowanlygy, ynsanperwerlik, jemgyýetçilik adalaty we taryhy dowamat ýörelgeleriniň iş ýüzünde doly we netijeli durmuşa geçirilmegi bolup durýar.

**Adalgalar**

*Döwlet dolandyryşynyň hukuk esaslary*
*Döwlet dolandyryşynyň hukuk üpjünçiligi*
*Döwlet dolandyryşynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilişi*
*Hukuk düzgünleşdirmesiniň netijeliligi*
*Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň işjeň guraly (mehanizmi)*

**Ýumuşlar:**

1. Döwlet dolandyryşynyň hukuk esaslarynyň we hukuk üpjünçiliginiň aýratynlyklaryny kesgitläň.
2. «Döwlet dolandyryş gatnaşyklarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilişi», «hukuk düzgünleşdirmesiniň netijeliligi» we «döwlet dolandyryşyny hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň işjeň guraly (mehanizmi)» baradaky düşünjeleri häsiýetlendiriň.
3. Döwlet dolandyryşy işinde hukuk düzgünleşdirmesiniň «dispozitiw» we «imperatiw» usullaryna kesgitleme beriň.
4. Hukuk düzgünleşdirmesiniň ýokarda görkezilenlerden başga usullary barada aýdyp beriň.
5. Hukuk düzgünleşdirmesiniň jemgyýetçilik, kadalaşdyryjylyk we guramaçylyk-amaly jähtleriniň bitewüligini delillendiriň.

## 2.2. Döwlet dolandyryşynyň maksatlaryny emele getirmek

Döwlet dolandyryş institutynyň guramaçylyk-funksional düzümini emele getirmek maksatlary kesgitlemekden başlanýar.

**Döwlet dolandyryşynyň maksady** *bellenen meýilnamalara laýyklykda jemgyýetiň we döwletiň ýagdaýyny belli bir derejesine ýetmegiň amatly şertlerini döretmekden ybaratdyr.*

Döwletleriň maksatlary örän köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. ***Türkmenistanda döwlet dolandyryşynyň baş maksady, beýleki ýurtlarda bolşy ýaly, öz döwletiniň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak we ösdürmek bolup durýar.***

Döwlet dolandyryşynyň maksatlaryny esaslandyrmak we takyk emele getirmek möhüm we ähmiýetli dolandyryş wezipesi bolup durýar. Maksatlary oýlanyşykly we gowy hilli kesgitlemek üçin *geçen döwürleriň tejribesi, has derwaýys jemgyýetçilik zerurlyklary, bar bolan serişde binýady* göz öňünde tutulmalydyr.

Maksat bellemek işine jemgyýetiň zerurlyklaryna we olary has doly kanagatlandyrmak üçin hakyky mümkinçiliklere seljerme geçirmegiň esasynda dolandyrylýan obýekti ösdürmegiň maksatlaryny esaslandyrmak hökmünde seredilmelidir.

Käbir alymlaryň belleýşi ýaly, maksatlary esaslandyrmagyň öz kanunalaýyklyklary, hökmany düzgünleri (hereketleri) bolup, ol dolandyryş täsiriniň ulgam emele getiriji tapgyry hökmünde çykyş edýär. Maksatlary esaslandyrýan öz kanunalaýyklyklary *6-njy şekilde* beýan edilen.

**Maksat bellemegiň birinji kanunalaýyklygy** *«maksat» düşünjesine berýän manymyz bilen kesgitlenýär. Dolandyrmagyň maksady – dolandyryşyň başlangyç kategoriýasy bolmak bilen, ol dolandyrylýan obýektiň islenilýän, mümkin we zerur bolan, ýetilmegi talap edilýän ýagdaýyny görkezýär; bu – döredilmegi we durmuşa ornaşdyrylmagy talap edilýän zatdyr.*

**Maksat bellemegiň ikinji kanunalaýyklygy** *işiň subýektiwleşdirilmegi bilen kesgitlenýär. Maksat adamlar tarapyndan emele getirilýär, obýektiw, hakyky meýiller, zerurlyklar bilen dolandyrylýan obýektiň gujurly, subýektiw, paýhasly işiniň arasynda zerur bolan baglanyşdyryjy kömekçi ýagdaý (sebäbi) bolup çykyş edýär.*

**Maksat bellemegiň birinji kanunalaýyklygy** *«maksat» düşünjesine berýän manymyz bilen kesgitlenýär.*

**Maksat bellemegiň ikinji kanunalaýyklygy** *işiň subýektiwleşdirilmegi bilen kesgitlenýär.*

**Maksat bellemegiň üçünji kanunalaýyklygy (düzgünler)–** *durmuş çaklamalarynyň zerurlygyny, olaryň açyk ara alyp maslahatlaşylmalydygyny we şonuň esasynda maksatlaryň ileri tutulyşyna görä düzümleýin gurulmalydygyny aňladýar.*

**Maksat bellemegiň dördünji kanunalaýyklygy (düzgünler)–** *maksatlary geljekki ösüşiň strategiýasy hökmünde maksatnamalar we hereketler görnüşine geçirmek zerurlygy bilen şertlendirilýär.*

**6-njy şekil.** Maksatlary esaslandyrýan öz kanunalaýyklyklary

**Maksat bellemegiň üçünji kanunalaýyklygy (düzgünler)** *durmuş çaklamalarynyň zerurlygyny, olaryň açyk ara alyp maslahatlaşylmalydygyny we şonuň esasynda maksatlaryň ileri tutulyşyna görä düzümleýin gurulmalydygyny aňladýar. Diňe özara ylalaşyklar, amatly maksatlary açyk gözlemek ýoly bilen adamlaryň ýaşaýyş işinde durnuklylyk we ösüş gazanyp bolar.*

**Maksat bellemegiň dördünji kanunalaýyklygy (düzgünler)** *maksatlary geljekki ösüşiň strategiýasy hökmünde maksatnamalar we hereketler görnüşine geçirmek zerurlygy bilen şertlendirilendir. Maksatnamalar – jemgyýeti (aýry-aýry çäkleri, pudaklary, guramalary) ösdürmegiň raýatlaryň ýaşaýşynyň hilini gowulandyrmaga gözükdirilen konsepsiýasyny, ony durmuşa geçirmegiň esaslandyrylan mehanizmini öz içine alýar.*

**Dolandyrmak** *ösüş maksatnamasyny düzmek, jemgyýetiň meselelerini çözmek diýmekdir.*

*Ösüş maksatnamalary – esasy çäreleri durmuşa geçirmegiň takyk görkezilen möhletlerini, tapgyrlaýynlygy, serişdeler bilen üpjünçiligi, usullary, hereketleriň subýektlerini we hereketler üçin jogapkärçilik derejesini, meýilnamanyň ýerine ýetirilmegini öz içine alýan anyk meýilnamalara öwürýär.*

**Döwlet dolandyryşynda maksatlar daragty.**

Esasy we üpjün edýän maksatlaryň durmuşa geçirilişine görä, ulgam hökmünde döwletiň bitewüligini, depginini we ygtybarly dolandyrylyşyny üpjün etmäge niýetlenen örän köpdürli ikinji dereje-li maksatlar ýüze çykýar.

Döwlet dolandyryşynyň maksatlarynyň gurluş düzümini emele ge-tirmäge, olary berk basgançaklaýyn tertipde ýerleşdirmäge, dürli maz-muny bolan maksatlaryň arasyndaky özara baglanyşygy, olaryň logikasy-na we esasy maksada ýetilen mahalynda özara baglanyşyga gözegçilik etmäge mümkinçilik berýän tärlere **«maksatlar daragty»** diýilýär.

**Döwlet dolandyryşynda maksatlar daragty** – *döwleti ösdürmek maksatnamasynyň maksatlarynyň gurluş düzümini emele getirmegiň usulydyr, bu usul köpsanly maksatlaryň we dürli mazmundaky ikinji derejeli maksatlaryň (durmuş, syýasy, ykdysady, ruhy we ş.m. maksat-lar) arasynda özara baglanyşygy, bellenen ugurda hil taýdan üýtget-meleri gazanmak üçin olaryň laýyk getirilmegini üpjün edýär. Onda, esasan, döwlet dolandyryşynyň umumy strategiýasy görkezilýär, bu bolsa oňa ulgamlaýyn-guramaçylyk häsiýetini berýär.*

Döwlet dolandyryşynyň maksatlar daragty her bir anyk maksady durmuşa geçirmegiň barşynda onuň ornuny we wezipelerini kesgit-lemäge, dolandyryş işiniň bar bolan şertlerinde möhümlik derejesi boýunça olaryň arasyny açmaga mümkinçilik berýän anyk baglylyk ulgamyny emele getirýär.

*Esasy maksat* ugur alyş nokady bolup hyzmat edýär. Aýry-aýry aralyk *düzümleýin maksatlar* ondan ugur alýar, olar hem öz gezeginde has ownuk böleklere bölünýärler.

**Maksatlar daragtyny gurmak** – munuň özi tehniki-usulyýet täri, daragtyň «düýbüni», «şahalaryny», «çür başyny» emele getir-ýän bölekleriň toplumy, onuň beýleki aýratyn bölekleri bolmak bi-len, döwletiň häsiýeti, onuň maksatlarynyň durmuş ugry, olaryň ileri tutulyş derejesi we maksatlara ýetmek üçin serişdeleri barada ýeterlik derejede doly düşünje berýär.

Döwlet dolandyryşynyň maksatlar daragty emele getirilen-de dolandyrýan subýektiň jemgyýetiň, durmuş toparlaryň, döwle-tiň raýatlarynyň islegleri we bähbitleri barada, ýagny döwlet dolan-dyryşynda jemgyýetiň zerurlyklary barada doly düşünjesiniň bolmagy

maksada laýyk bolar. Onuň giň manysynda serişdeler binýady, şol sanda maddy, maliýe, intellektual, guramaçylyk mümkinçilikleri, hukuk üpjünçiligi we ş.m. barada takyk düşünjesiniň bolmagy zerurdyr.

***Şeýlelikde, belli bir „daragtda“ görkezilen maksatlar esasy talaba laýyk gelmelidir, ýagny durmuş taýdan delillendirilen, obýektiw şertlendirilen we esaslandyrylan bolmalydyr.***

**Döwlet dolandyryşynyň maksatlaryny klassifikasiýa bölmek.** Döwlet dolandyryşynyň maksatlaryny klassifikasiýa bölmek we ulgamlaşdyrmak meselesi köpsanly döwlet gurluşyny öwrenýän alymlaryň ylmy barlaglarynyň, çekişmeleriniň we ara alyp maslahatlaşmalarynyň meselesi bolup durýar.




**7-nji şekil.** Döwlet dolandyryşynyň maksatlarynyň teklip edilen görnüşleri

7-nji şekilde käbir alymlaryň teklip eden döwlet dolandyryşynyň maksatlarynyň görnüşleri görkezilen.

Teklip edilen maksatlardan görnüşi ýaly:

**1. Jemgyýetçilik-syýasy maksatlar.** Olar jemgyýetiň toplumlaýyn, bitewi, deňeçer we gowy hilli ösüşini gurşap alýar;

**2. Durmuş maksatlary.** Olar jemgyýetçilik-syýasy maksatlaryň jemgyýetiň düzümleýin gurluşyna, onuň bölekleriň özara gatnaşygyna, adamlaryň durmuşynyň ýagdaýyna we derejesine edýän täsirini görkezýär;

**3. Ruhy (medeni) maksatlar.** Olar bir jähtden jemgyýetiň gollanýan ruhy (medeni) gymmatlyklaryny kabul etmek, beýleki jähtden bolsa, jemgyýetçilik-syýasy we durmuş maksatlaryny durmuşa geçirmäge jemgyýetiň ruhy potensialynyň goşulmagy bilen baglydyr;

**4. Ykdysady maksatlar jemgyýetçilik-syýasy we beýleki maksatlary** durmuşa geçirmegiň maddy esasyny üpjün edýän ykdysady gatnaşyklar ulgamyny häsiýetlendirýär we tassyklaýar;

**5. Önümçilik maksatlary ýokarda görkezilen maksatlara** laýyk gelýän we olaryň amala aşyrylmagyna ýardam edýän dolandyrylýan obýektleri döretmekden we olaryň işjeňligini saklamakdan durýar;

**6. Guramaçylyk maksatlary** döwlet dolandyryşynyň subýektinde we obýektlerinde guramaçylyk meselelerini çözmäge – degişli funksional we guramaçylyk düzümlerini gurmaga gönükdirilýär;

**7. Maglumat maksatlary** bellenen maksatlary zerur bolan, hakyky we laýyk maglumatlar bilen üpjün etmäge alyp barýar;

**8. Düşündiriş maksatlary** döwlet dolandyryşynyň maksatlarynyň toplumyny amala aşyrmaga ýardam edýän bilimleriň, delilleriň, höweslendirmeleriň işlenilmegini talap edýär.

Käbir alymlar döwlet edaralary we döwlet dolandyryş ulgamy üçin **maksatlary aşakdaky ýaly klassifikasiýa bölmegi** teklip edýärler:

1) Maksatlar-tabşyryklar;

2) Maksatlar-gözükmeler;

3) Öz-özüňi gorap saklamak maksatlary.

**Döwlet edaralarynyň (guramalarynyň) maksatlary-tabşyryklary,** *bu dolandyryş maksatlarynyň özi, ýagny durmuş ulgamyny dolandyrmagyň mazmun babatda baş maksada ýetmäge gözükdirilen we oňa tabyn edilen maksatlarydyr.*

Maksatlar-tabşyryklar ýokarda durýan dolandyryş subýekti tarapyndan goýulýar we düzgün bolşy ýaly, düzgünnamada, tertipnamada, reglamentde we ş.m. kadalaýyn berkidilýär. Olarda şu guramaçylyk gurluş düzüminiň bellenen maksady, döwlet dolandyryş ulgamynda onuň tutýan orny we roly, ýagny onuň näme üçin döredilendigi görkezilýär.

**Maksatlar-gözükmeler** *goýlan maksatlary-tabşyryklary amala aşyrmaga niýetlenen köpçüligiň agzalarynyň umumy bähbitlerini görkezýär. Maksatlaryň şu görnüşiniň mazmunyny kesgitlemek örän kyn bolup durýar, sebäbi dolandyryşa aýry-aýry gatnaşyjylaryň işiniň esaslary ýeterlik derejede köpdürli we anyklamasy kyn ýagdaý bolup biler.*

Döwlet edarasynyň (guramasynyň) işgärleriň maksatlaryny-gözükmelerini anyklamak we emele getirmek – döwlet gullukçylarynyň taýýarlygynyň, zähmete höweslenme (motiwasiýa) etiki kadalary berjaý etme medeniýetiniň bardygynyň hem-de gullukda özüni alyp baryş hünär derejesiniň ýeterlikdiginiň möhüm elementi we görkezijisi bolup durýar.

Täsir etmegiň islendik ulgamynda dolandyrýan guramanyň maksatlary-gözükmeleri durmuş maksatlara-tabşyryklara laýyk gelmelidir, işgärleriň, onuň her bir wezipeli işgäriniň we işçisiniň hereket etmeginiň ahyrky netijesiniň näme bolup durýandygy baradaky soraga dogry jogabyň gözleginde jemlenmelidir.

Dolandyryş guramaçylyk düzüminiň **öz-özüňi gorap saklamak maksatlary** öz bitewüligini we durnuklylygyny, daşky gurşaw bilen özara hereket edilende deňagramlylygy saklap galmaga bolan islegi görkezýär. Maksatlaryň şu görnüşinde ulgamyň öz gurluş düzümini kämilleşdirmäge, zerur bolan serişdeler bilen üpjün etmäge we ş.m. gönükdirilen tagallalary ýüze çykýar.

Dolandyryş maksatlary dürli esaslar boýunça toparlara bölünýär. 8-nji şekilde dolandyryş maksatlarynyň toparlary görkezilen.

**Maksatlary tertipleşdirmek** – *çözgütleri işläp taýýarlamagyň aýrylmaz bölegi, möhüm jähti bolup durýar.*

**Maksatlaryň tipologiýasy** çözgütleriň görnüşleriniň tapawudyny öňünden kesgitleýär.

***Umumyhalk, umumydöwlet, uzak möhletli maksatlar*** döwletiň ýolbaşçylyk edýän edaralarynyň syýasy çözgütlerinde, umumy syýasy strategiýalar görnüşinde durmuşa geçirilýär.

Jemgyýetçilik-syýasy gymmatlyklaryň bölünişindäki (şkala) derejesi boýunça – ýokary maksatlar we adaty iş tejribesiniň maksatlary

Umumylyk derejesi boýunça – umumyhalk (umumydöwlet), milli, synpy, korporatiw, köpçülikleýin, aýratyn maksatlar

Jemgyýetiň ýaşaýyş-iş ulgamlarynyň ähmiýeti boýunça – ykdysady, durmuş, syýasy, medeni maksatlary we beýlekiler

Wagt parametrleri boýunça – uzak möhletli, orta möhletli, gysga möhletli gündelik maksatlar

Derwaýyslygy boýunça – ýagdaýa garamazdan, gaýra goýulman amala aşyrylmagyny talap edýän we emele gelen ýagdaý bilen derwaýyslyga öwrülen maksatlar

Ýetip bolujylygy boýunça – hakykatdan ýetip boljak we ýetilmegi mümkin bolan (nazary taýdan) maksatlar we ş.m.

**8-nji şekil.** Dolandyryş maksatlarynyň toparlary

*Maksatlary tertipleşdirmek – çözgütleri işläp taýýarlamagyň aýrylmaz bölegi, möhüm jähti bolup durýar.*

Maksatlaryň tipologiýasy çözgütleriň görnüşleriniň tapawudyny öňünden kesgitleýär. *Umumyhalk, umumydöwlet, uzak möhletli maksatlar döwletiň ýolbaşçylyk edýän edaralarynyň syýasy çözgütlerinde, umumy syýasy strategiýalar görnüşinde durmuşa geçirilýär.*

***Ykdysady, syýasy we jemgyýetiň işiniň aýry-aýry ulgamlarynyň hereket etmegi we ösdürilmegi bilen baglanyşykly beýleki maksatlar*** *degişli syýasatyň oýlanyşykly esasyny emele getirýärler.*

***Gysga möhletli, gündelik maksatlar*** *edara ediş, dessin-taktiki çözgütlerde durmuşa geçirilýär.*

***Sebitleýin we ýerli derejedäki maksatlar*** *degişli derejäniň häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň çözgütlerinde öz beýanyny tapýar.*

**Döwlet dolandyryşynyň maksatlary** döwletiň onuň jemgyýetçilik wezipeleriniň durmuşa geçirilmegini göz öňünde tutýan maksatlaryndan ugur alnyp emele getirilýär.

**Esasy strategik maksat** döwlet syýasatynyň özeni bolup, adamyň mynasyp ýaşaýşyny we erkin ösmegini üpjün edýän şertleri döretmek babatynda konstitusion maksat hökmünde çykyş edýär.

***Strategik maksady amala aşyrmak işi*** tapgyrlara we wagt aralyklaryna bölünýär. Olaryň dowamynda üýtgeýän ýagdaýlary we bar bolan belli bir serişdeleriň bolmagyny hasaba almak bilen, operatiw maksatlar öňe çykýar, olar hem öz gezeginde aýratyn häsiýeti bolan köpsanly maksatlara ýa-da tapgyrlara bölünýärler. Strategik maksatlaryň görkezijilerine ýetmek ugrundaky herekete düzediş girizmek söweşjeň maksatlar arkaly amala aşyrylýar. Söweşjeň maksatlar dolandyryş subýektinden ýokary dolandyryş ussatlygyny, bolup geçýän wakalara çalt seslenmäge ukyplylygy talap edýär. Strategik maksatlar barada 3-nji bapda has giňişleýin getirilendir.

Döwlet dolandyryşynyň maksatlary beýleki esaslar boýunça hem toparlara bölünip bilner. Mysal üçin, möçberi boýunça olar umumy ýa-da aýratyn bolup bilerler.

**Umumy maksatlar** döwlet dolandyryşyny tutuşlygyna gurşap alýar.

**Aýratyn esaslar** aýry-aýry kiçi ulgamlary öz içine alýar.

*Netijeleri boýunça* döwlet dolandyryşynyň maksatlary ahyrky we aralyk netijeleri esasynda bolünip bilner.

*Wagt boýunça* olar geljege niýetlenen (uzak geljegi, ýakyn döwri göz öňünde tutýan) ýa-da gönüden-göni amala aşyrylmaly maksatlar bolup bilerler. Esasy maksatlar babatynda ikinji derejeli bolan maksatlar ýüze çykyp biler, olar köplenç esasy maksatlara ýetmekde gabat gelýän dürli görnüşli päsgelçilikleri ýeňip geçmek bilen baglydyr.

***Maksatlar*** *ylmy taýdan esaslandyrylan, jemgyýetiň ösüşiniň obýektiw meýilleri bilen şertlendirilen, durmuş taýdan delillendirilen bolmalydyr, olaryň ýeterlik derejede serişdeler bilen üpjünçiligi we ulgamlaýyn guralyşy bolmalydyr.*

**Döwlet dolandyryşynyň maksatlaryny** üpjün etmek.

Maksatlaryň degişli serişdeler bilen üpjünçiligi bolmalydyr. Serişdeler döwlet dolandyryşynyň mehanizminde möhüm element bolup çykyş edýärler.

**Serişdeler** – maksatlaryň ähli görnüşlerini durmuşa geçirmegiň çeşmesi bolup, şunda bölünip berilýän serişdeler halkyň bähbidine, işiň peýdasy üçin ulanylmalydyr.

Döwlet dolandyryşynyň aşakda görkezilýän serişdeleriniň möhümdigini we ähmiýetlidigini belläp geçmek gerek:

1. Hukuk serişdeleri;
2. Demokratiýa serişdeleri;
3. Guramaçylyk serişdeleri.

***Hukuk serişdelerine*** *seredilýän mahalynda döwlet dolandyryşynda goýulýan islendik maksatlara olaryň hukuk talaplaryna (adalatlylyk, dogrulyk, ynsanperwerlik talaplary) laýyk gelýändigi nukdaýnazaryndan seredilmelidigi, kanunçylykda berkitmelidigi hem--de kanunlaryň we olary amala aşyrmagyň döwlet mehanizmleriniň güýjüne daýanmak bilen geçirilmelidigi göz öňünde tutulmalydyr.*

***Demokratiýa serişdesiniň*** *düýp manysy, jemgyýetiň gatlaklarynyň wekilleriniň döwlet dolandyryşynyň maksatlaryny bilmelidiklerinden we olar bilen ylalaşmalydyklaryndan, olaryň durmuşa geçirilmegini islemelidiklerinden we iş ýüzünde şu ugurda işlemäge ukyply bolmalydyklaryndan ybaratdyr.*

***Guramaçylyk serişdesiniň*** *döwlet dolandyryş ulgamyny tertipleşdirmek, oýlanyşykly hereket etmek hökmündäki ähmiýeti we zerurlygy guramanyň döwlet dolandyryşynyň maksatlaryny oýlanyşykly etmäge we olaryň işlenip taýýarlanyşyny ýeňilleşdirmäge mümkinçilik berýändiginden ybaratdyr. Serişdeler bilen üpjünçilik mukdar we hil babatda kämilleşdirilip bilner.*

Maddy-tehniki üpjünçilik bilen bagly ýagdaý hem edil şonuň ýalydyr. Meselem, çylşyrymly ekspertizalary, ylmy işleri geçirmek üçin enjamlaşdyrylan eksperimental we ylmy laboratoriýalaryň çäkler boýunça gowy oýlanyşylyp ýerleşdirilmegi, degişli enjamlaryň we ekspertleriň sanynyň ýöne artdyrylmagyna garanyňda, bu ýagdaý işleri geçirmek üçin islegleri az harajatlar bilen kanagatlandyryp biler.

Serişdeler bilen üpjünçiligi kämilleşdirmek döwlet dolandyryş ulgamynyň, anyk edaralaryň isleglerine we olaryň bar bolan ätiýaçlyklara laýyk geliş derejesine, şeýle hem ylmy taýdan esaslandyrylan kadalary hasaba almak bilen, olary gaýtadan paýlamak we peýdalanmak mümkinçiliklerine deslapdan seljerme geçirilmegini talap edýär.

Bir tarapdan, maksada ýetmek üçin serişdeleri saýlap almak goýlan maksada baglylykda amala aşyrylýar, beýleki tarapdan, subýektiň ygtyýarynda bar bolan serişdeler toplumy, umumy görnüşde, hakykatdan ýetilip bilinjek maksatlary öňünden kesgitleýär.

**Adalgalar**

*Kanunalaýyklyklar*
*Maksatlar daragty*
*Maksatlaryň klassifikasiýasy*
*Jemgyýetçilik*
*Strategik maksat*
*Demokratiýa*
*Serişdeler*

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Döwlet dolandyryşynda maksatlar daragtynyň manysyny düşündiriň.
2. Türkmenistanda döwlet dolandyryşynyň baş maksady nämeden ybarat?
3. Alymlar döwlet dolandyryşynyň maksatlarynyň nähili görnüşlerini teklip edýärler?
4. Dolandyryş maksatlarynyň toparlara bölünişini kesgitläň.
5. Maksatlaryň degişli serişdeler bilen üpjünçiligini häsiýetlendiriň.

## 2.3. Döwlet dolandyryşynyň görnüşleri we usullary

Döwlet dolandyryşynyň wezipeleri, düzgün bolşy ýaly, belli bolan guramaçylyk-hukuk görnüşlerinde durmuşa geçirilýär.

**Döwlet dolandyryşynyň görnüşleri**–*bu funksional guramanyň tejribede işlenip geçilen durnukly usullary we dolandyryş subýekti tarapyndan olaryň kömegi bilen goýlan maksatlara ýetilýän amatly täsirleriň we usullaryň jemi bolup durýar. Umumy görnüşde döwlet dolandyryşynyň görnüşlerini iki bölege, ýagny hukuk we guramaçylyk böleklerine bölüp bolar.*

**Döwlet dolandyryşynyň hukuk görnüşleri** olaryň mazmuny we ulanmagyň mehanizmi nukdaýnazaryndan hukuk predmeti bolup durýar. Olara şular degişlidir:

- kadalaşdyryjy hukuk namalaryny we aýratyn (administratiw) namalary çykarmak;
- şertnamalary baglaşmak;
- döwlet maksatnamalaryny kabul etmek;
- bellige almak;
- ygtyýarlylandyrmak;
- dürli edara ediş çärelerini ulanmak we beýlekiler.

Subýektiň döwlet dolandyryşy üçin häsiýetli bolan hukuk isleginiň ýüze çykýan şu görnüşleri belli bir hukuk netijeleriniň bolmagyny göz öňünde tutýar. Degişli kadalaşdyryjy namalary çykarmaklyk ýa-da hukuk taýdan ähmiýeti bolan beýleki hereketleri amala aşyrmaklyk, mysal üçin, bellige almaklyk, ygtyýarlylandyrmaklyk, kepilnamalary, ulag serişdelerini dolandyrmak üçin resminamalary bermeklik we ş.m. göz öňünde tutulýar.

**Döwlet dolandyryşynyň guramaçylyk görnüşlerinde** döwlet edaralarynyň döwletde we jemgyýetde amala aşyrylýan durmuş özgertmeleri dowamynda ýolbaşçylyk etmek we olary dolandyrmak boýunça işi durmuşa geçirilýär. Bu görnüşler strategik we taktiki meseleler boýunça döwlet ähmiýetli çözgütleriň kabul edilmegini, olary durmuşa geçirmegiň ýollaryny we serişdelerini kesgitlemegi, ol ýa-da beýleki meňzeş däl ýagdaýlar ýüze çykan mahalynda dessin täsir ediş çäreleriniň görülmegini öz içine alýar.

Ol ýa-da beýleki döwlet ähmiýetli meseleleri çözmegiň amatly görnüşleri işläp taýýarlamak üçin sessiýalar, mejlisler, maslahatlar, ekspertizalar, geňeşler we ylalaşmalar, şeýle hem beýleki çäreler geçirilýär.

Olaryň ählisiniň atlaryny sanap çykmak aňsat däl, ýöne olary belli bir görnüşde toparlara jemläp bolar:

- guramaçylyk hereketleri;
- guramaçylyk çäreleri;
- guramaçylyk görnüşleri;
- guramaçylyk-hukuk görnüşleri;
- guramaçylyk gurluş düzümleri.

Döwlet dolandyryşynyň usullary döwlet maksatlaryny we dolandyryş çözgütlerini amala aşyrmagyň serişdelerinden ybaratdyr.

**Döwlet dolandyryşynyň usullary** diýip, döwlet edaralarynyň özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde we bellenen tertipde jemgyýetiň we döwletiň ösüşiniň dowamynda, döwletiň gurluş düzümleriniň we anyk wezipeli adamlaryň işine ygtyýarly täsir etmeginiň resmi usullaryna düşünilýär.

*Döwlet çözgütleriniň usullarynyň, olaryň düzüm bölekleriniň dolandyryş taýdan täsir ediş serişdesi hökmünde ygtyýarlyklarynyň peýdalanylmagy bilen baglanyşykly özlerine mahsus aýratynlyklary bolýar.* Serişdeleriň arasynda ol ýa-da beýleki döwlet dolandyryş edarasynyň ygtyýarynda bar bolan syýasy kapitalyň köpdürli görnüşleri, ýagny maddy, adam, maglumat we beýleki görnüşleri bardyr.

**Döwlet dolandyryş usullaryndan** peýdalanmagyň netijeleri döwlet dolandyryşynyň wezipeleriniň durmuşa geçirilmeginde, jemgyýete gerek önümleri, nygmatlary döretmek we zerur bolan prosesleriň başyny başlamak boýunça anyk wezipeleriň amala aşyrylmagynda ýüze çykýar.

Dolandyryş taýdan täsir ediş serişdelerine baglylykda usullaryň tapawutlandyrylan görnüşleri 9-njy şekilde getirilýär.

**Beýleki täsir ediş häsiýeti boýunça usullaryň** görnüşleri şeýle kesgitlenilýär:

- *demokratik usullar;*
- *awtoritar usullar;*
- *mejbur ediş usullary;*
- *manipulýasiýa usullary;*
- *mobilizasion usullar.*

Täsir etmegiň netijeleri boýunça: *rewolýusion, reformatorçylyk, innowasion we konserwator usullary.*

Usullaryň dolandyryş edaralarynyň tutuş ulgamy üçin umumy bolan birinji toparyna seredeliň.

**Edara ediş-hukuk usullary.** *Olaryň düýp mazmuny dolandyrylýanlara «buýruk – ýerine ýetirme» görnüşi boýunça täsir etmek bolup durýar. Dolandyrylýanyň dolandyrýana göni tabynlyk gatnaşygy kanunçylyk ulgamy, häkimlilik ygtyýarlyklaryny «dikleýin» («wertikal») amala aşyrmak, hukuk taýdan mejbur etmäge çenli baryp ýetýän gadagan etme çärelerini ulanmak bilen üpjün edilýär.*




**9-njy şekil.** Dolandyryş taýdan täsir ediş usullary

Edara ediş-hukuk usullarynyň gurallary şulardan ybaratdyr: kanun, kanunyň esasynda çykarylýan namalar, buýruk, görkezme, reglament, görkezijiler (instruksiýa) we beýlekiler. Subýekt – edara ediş häkimligi bolan tarapdyr. Edara ediş-döwlet dolandyryşy edara ediş-hukuk usullaryna esaslanýar.

**Guramaçylyk usullary.** Bu – belli wezipeleri çözmek üçin guramalary döretmegiň ýa-da bar bolan guramalary kämilleşdirmegiň kömegi bilen dolandyrmakdyr. Islendik guramaçylyk prosesi anyk dolandyryş prosesiniň görnüşini alýar.

Guramaçylyk usullary dolandyryşyň ähli tapgyrlaryna täsirini ýetirýär. Adaty guramaçylyk hereketleriniň käbir toplumy şulardan ybaratdyr:

- dolandyryş gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň arasynda wezipeleri paýlaşdyrmak;
- ygtyýarlyklary, borçlary we jogapkärçiligi bölüşdirmek (paýlaşdyrmak), ýerine ýetirilişini barlamak;
- guramaçylyk-dolandyryş häkimiýetini amala aşyrmagyň gurallaryny – içerki buýruklar, wezipe borçlary, ylmy geňeşiň usulyýeti we ş.m. işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak;
- guramanyň öňünde durýan wezipelere laýyk gelýän taýýarlykly işgärleri işe almak hem-de olaryň wezipesini ýokarlandyrmak meselesine seretmek;
- içerki kommunikasiýalar ulgamyny kämilleşdirmek we beýlekiler.

**Dolandyrmagyň (ýolbaşçylygyň) syýasy usullary** – bu syýasy serişdeleriň kömegi bilen dolandyrylýanlaryň özüni alyp barşyna we işine göni we gytaklaýyn täsir etmek usullarydyr. Birinji nobatda, gürrüň dolandyrýan häkimiýet tarapyndan işlenip taýýarlanylýan we durmuşa geçirilýän döwlet syýasaty barada gidýär. Ykdysady, durmuş, milli we beýleki strategiýalar – döwletiň jemgyýete we dolandyryş ulgamynyň özüne täsir etmegi babatynda möhüm ugrukdyryjy faktorlar bolup durýar.

**Ykdysady usullar** – bu adamlaryň ýaşaýşynyň durmuş-ykdysady şertlerine täsir etmegiň görnüşleridir we serişdeleridir. Döwlet edaralary tarapyndan maddy-maliýe serişdeleriniň paýlanmagy we gaýtadan paýlanmagy, ýurtda maliýe akymlarynyň düzgünleşdirilmegi, býujetleriň işlenip taýýarlanmagy we durmuşa geçirilmegi – ykdysady usullar arkaly dolandyrmagyň esasy gurallary bolup durýar. Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň meseleleri barada

gürrüň gidýän mahalynda ykdysady usullara edara ediş-hukuk usullary bilen baglanyşykda seredilýär. Bu usullaryň edara ediş-hukuk, syýasy we beýleki usullardan esasy tapawudy dolandyrylýanlaryň bähbitlerine maddy, esasan hem maliýe serişdeleri bilen täsir edilýändiginden ybaratdyr.

**Durmuş usullary** hem ykdysady usullar ýaly, dolandyrýan subýekt tarapyndan örän zerur islegleri we bähbitleri kanagatlandyrmak ýoly bilen dolandyrylýanlaryň işjeňligini höweslendirmek maksatlarynda peýdalanylýar. Durmuş usullarynyň düýp manysy adamlaryň durmuş işjeňliginiň herekete getiriji güýçlerini höweslendirýän ýagdaýlar, olaryň täsirini saklaýan sebäpler, adamyň özüniň ýaşaýyş şertlerinden we anyk işiň netijelerinden kanagatlanma duýgusyny oýarýan ýagdaýlara täsir etmekden ybaratdyr.

**Ideologik usullar.** Olaryň hereketi adamlaryň jemgyýetçilik aň-düşünjeliligini işjeňleşdirmäge gönükdirilendir we döwlet syýasatynyň maksatlaryna laýyk gelýän höweslendirmeler ulgamyny emele getirmäge tabyn edilendir.

Ideologik usullary durmuşa geçirmegiň amaly görnüşleri köpdürlüdir, iň esasy zat bolsa jemgyýet üçin ähmiýeti bolan esasy pikirleri, hyýal we ruhy gymmatlyklary mümkin bolan häzirki zaman serişdeleriniň ählisi arkaly, bilim we terbiýe berýän ähli okuw jaýlarynyň işiniň, hökmany ýagdaýda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen wagyz etmek bolup durýar. Ideologik tehnologiýalaryň görnüşleri şulardan durýar: konsepsiýalar, ideologik görkezmeler, çagyryşlar, şygarlar, döwlet nyşanlary, syýasy we ideologiýa mazmuny bolan adalgalar. Täsir etmegiň usullary adamlary ynandyrmak, köpçüligiň aňyna we özüni alyp barşyna täsir etmek.

**Maglumat usullary** dolandyrylýan obýekte täsir etmegiň maglumat tehnologiýalarynyň jeminden durýar. Täsir etme serişdesi – maglumatlaryň dürli görnüşlerinden ybarat: gulluk, ylmy, wagyz-nesihat maglumatlary. Maglumat tehnologiýalarynyň esasy guraly – häzirki zaman köpçülikleýin habar beriş industriýasydyr.

**Durmuş-psihologik usullary** dolandyryş ulgamynyň işiniň netijeleriniň durmuş-psihologik ýagdaýy, jemgyýetçilik meýilleri

ýaly faktorlara bagly bolup durýandygy sebäpli möhümdir. Adamyň ýaşaýşynyň daşarky şertleri edara ediş-hukuk, ykdysady usullar we beýleki usullar bilen düzgünleşdirilýär. Durmuş-psihologik usullar – bu meýilleri, jemgyýetçilik duýgularyny, psihologik ýagdaýlary, jemgyýetçilik asudalygyny ýa-da dartgynlylygyny, köpçülikleýin optimizmi ýa-da pessimizmi, jemgyýetçilik işjeňligini, durmuş garaşmalary, ileri tutmalary, ugur almalary we ş.m. maksada gönükdirip emele getirmegiň tärleriniň we serişdeleriniň toplumydyr.

Döwlet çözgütleri köp maksatly bolup durýar we olary durmuşa geçirmek bir usul bilen däl-de, dolandyrylýan obýekte dolandyryş täsirini edýän usullaryň we serişdeleriň toplumy arkaly amala aşyrylyp bilner.

**Döwlet dolandyryşynyň ylmy nazaryýetiniň esasy wezipeleriniň biri hem tutuş jemgyýet üçin umumy bolan maksatlara ýetmek üçin döwlet dolandyryşynyň amatly guralmagyny ylmy taýdan esaslandyrmakdan durýar.**

*Dolandyryşyň görnüşlerinde maksatnamalara möhüm orun berilýär.* ***Maksatnamalar*** *belli bir maksady bolan döwlet-gulluk resminamasydyr.* ***Maksatnamalar*** *– durnukly ösüşiň maksatlaýyn çelgileriniň (oriýentir) we görkezilen çelgilere ýetmegiň döwlet tarapyndan meýilnamalaşdyrylýan netijeli ýollarynyň we serişdeleriniň toplumydyr.*

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, ykdysady ylymlaryň doktory Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda «*Özüniň düýp özeni boýunça maksatnama – bu öňde goýlan maksady durmuşa geçirmegiň hem-de resurslary, möhletleri we ýerine ýetirijileri babatda ylalaşylan çäreler toplumyny ýerine ýetirmegiň esasynda bellibir wagt aralygyndan soňra dolandyryşyň haýsydyr bir aýratyn, lokal obýektiniň ýagdaýy hakyndaky ylmy taýdan esaslandyrylan düşünjedir*» diýip aýdylýar.

Türkmenistanda strategik meýilnamalaşdyryş döwlet tarapyndan dolandyrmagyň we kadalaşdyrmagyň bir ýoly hökmünde giňden ulanylýar.

## Adalgalar

*Hukuk*
*Guramaçylyk görnüşleri*
*Döwlet dolandyryşynyň usullary*
*Jemgyýetçilik*
*Ideologik tehnologiýalar*
*Maksatnamalar*
*Durmuş-psihologik usullar*
*Edara ediş-hukuk usullary*

## Sorag we ýumuşlar

1. Döwlet dolandyryşynyň görnüşlerini kesgitläň.
2. Döwlet dolandyryşynyň hukuk we guramaçylyk görnüşleriniň mazmuny barada aýdyp beriň.
3. Döwlet dolandyryşynyň usullary diýmek näme?
4. Dolandyryş taýdan täsir ediş usullary häsiýetlendiriň.

# III BAP
# DÖWLET STRATEGIKI DOLANDYRYŞ WE ONUŇ AÝRATYNLYKLARY

## 3.1. Döwlet strategiki dolandyryşyň esasy ýörelgeleri

**Döwlet strategiki dolandyryş** döwlet dolandyryşyň iň ýokary derejesi bolup, ol geljekde jemgyýeti ösdürmäge we il-ýurt bähbitli strategiki meseleleri çözmäge gönükdirilendir. Bu dolandyryş döwlet çözgütlerini taýýarlamagyň, kabul etmegiň we ýerine ýetirmegiň esasynda amala aşyrylýar. **Döwlet strategiýasynda** ýurduň we jemgyýetiň esasy ileri tutlýan ösüş ugurlary we maksatlary kesgitlenilýär. Bu strategiki maksatlara ýetmek üçin dowlet dolandyryşyň amatly görnüşlerini, döwrebap usullaryny, serişdelerini we oňyn mehanizmlerini bellemek bilen **taktiki wezipeler** öňde goýulýar.

Döwlet strategiki dolandyryşyň **subýekti** hökmünde gysga, orta ýa-da uzak möhletleýin çözgütleri kabul etmäge we durmuşa geçirmäge, şeýle-de milli kanunçylygyň esasynda dolandyryş täsirini ýetirmäge ygtyýarly edilen taraplar (Prezident, ygtyýarly edilen wezipeli adamlar) we döwlet dolandyryş edaralary hem-de institutlar çykyş edýärler.

Döwlet strategiki dolandyryşyň **obýekti** hökmünde döwletiň ideologiýasyna laýyklykda jemgyýetiň ol ýa-da beýleki gurşawlaryndaky özgertmeleriň baş ugurlary boýunça çözgüt çykyş edýär. Onda öňde goýlan meseläniň ýerine ýetirilmeli möhleti, ýerine ýetirijileri we esasy ýörelgeleri kesgitlenilýär.

Serişdeleriň dürli görnüşlerini peýdalanmagyň umumy esaslarynyň işlenip taýýarlanmagy, döwletiň kuwwatyny pugtalandyrmagyň we halkyň gülläp ösmeginiň hatyrasyna işiň dürli görnüşleriniň utgaşdyrylmagy döwlet strategiki dolandyryşynyň netijesi bolup durýar.

Şeýlelikde, strategiki dolandyryşy (strategiýany) kesgitleýän esasy düşünjeleri bölüp görkezip bolar: *maksat, maksada tarap here-*

*ket etmegiň ugurlary (maksatnamalaryň görnüşleri), bar bolan taktiki serişdeleriň utgaşmalary.* Şuňa laýyklykda, strategiki dolandyrmak işiniň esasy mazmunyny we strategiýany emele getirmegiň ýörelgelerini deslapdan emele getirip bolar.

Döwlet strategiki dolandyryşynyň esasy ýörelgeleri hökmünde deslapdan şulary görkezip bolar.




**10-njy şekil.** Döwlet strategiki dolandyryşyň esasy ýörelgeleri

***Oýlanyşykly maksadalaýyklyk ýörelgesi.*** Bu ýörelge strategiki dolandyryşy diňe hakyky ýetilip bilinjek maksatlar goýlan mahalynda manysynyň boljakdygyny göz öňünde tutýar. Başga ýagdaýda strategiki dolandyryşyň manysy bolmaz.

***Özara baglylyk aragatnaşyk ýörelgesi.*** Bu ýörelge strategiki dolandyryşynyň (strategiýanyň) daşky ýagdaýyň hereketine bag-

lydygyny öňünden kesgitleýär. Şonuň üçin hem strategiki dolandyryş diňe töwerekdäki gurşawyň çaklama üýtgemeleri hasaba alnan mahalynda üstünlikli durmuşa geçirilip bilner.

***Ulgamlaýynlyk ýörelgesi*** strategiki dolandyryşyň dolandyryş ulgamyndaky dolandyryş işiniň beýleki hilli derejeleri we görnüşleri bilen, daşky gurşawdaky hereket bilen ulgamlaýyn özara baglanyşygyny, şeýle hem strategiki dolandyryşyň gurluş düzüminde dolandyryş işiniň dürli görnüşleriniň özara baglanyşygyny şertlendirýär.

Şeýle hem *ulgamlaýynlyk ýörelgesi* goýlan maksada ýetmegiň strategiki ugrunyň degişli görnüşlerini durmuşa geçirmegiň bar bolan we zerur bolan serişdeleriniň we usullarynyň ulgamlaýyn özara baglanyşygyny göz öňünde tutýar.

**Maksatlara tapgyrlaýyn ýetmegiň yzygiderliligi ýörelgesi.** Bu ýörelge strategiýany durmuşa geçirmegiň her bir tapgyrynda ulgamyň özündäki hem-de daşky gurşawdaky ozalky netijeleriň we çaklanylýan netijeleriň ählisiniň hasaba alynmagyny göz öňünde tutýar;

**Strategiki çözgütleriň ugurlaýyn ýörelgesi** maksatlara ýetmegiň ugurlarynyň birnäçesi bolup biljekdigine, şunda emele gelýän daşky ýagdaýa baglylykda bir görnüşden beýleki görnüşine geçmegiň mümkindigine we onuň maksada laýykdygyna şaýatlyk edýär.

Şonuň üçin hem bu ýörelgäniň durmuşa geçirilmegi strategiki maksatnamalarda hemişe birnäçe mümkin bolan has kabul ederlikli görnüşleriň bolmagyny göz öňünde tutýar.

**Netijeleriň ähtimallygy ýörelgesi** strategik çözgütleriň ähli taraplaýyn aralykda çaklamasyny göz öňünde tutýar.

Strategiki dolandyryşyň görkezilen ýörelgeleriniň haýsydyr biriniň ileri tutulmaýandygyny we olaryň ählisiniň birmeňzeş derejede möhümdigini belläp geçmek zerurdyr.

Kärhanalar, guramalar, firmalar we başga edaralar geljekde ösüşleri kesgitlemek üçin strategiki meỳilnamany işläp taỳỳarlaỳarlar. Şonuň üçin strategiki meýilnamalaşdyryş bilen baglaşylan meseleleri we esasy ulanylýan strategiýalaryň görnüşleri, strategiki mümkinçilikleri, strategiki dolandyrmak, hüjüm ediş strategiýalaryň görnüşleri, marketing, döreýän pudaklarda bäsdeşli strategiýalar ýaly düşünjeleri öwrenmegi häzirki wagtda ähmiýetli.

**Adalgalar**

*Strategiki dolandyryş*
*Dolandyryşyň ýörelgeleri*
*Ulgamlaýynlyk ýörelge*
*Strategiki çözgütler*
*Dolandyryşyň guramaçylyk görnüşleri*

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Döwlet strategiki dolandyryşynyň düýp mazmuny nämeden ybarat?
2. «Dolandyrmak strategiýasy» düşünjesine kesgitleme beriň.
3. Strategiki dolandyryşyň näçe sany esasy ýörelgeleri bar?
4. Strategiki dolandyryşyň ýörelgeleriniň aýratynlyklaryny häsiýetlendiriň.
5. Netijeleriň ähtimallygyny düşündiriň.

## 3.2. Strategiki meýilnamalaşdyryş

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» okuw gollanmasynda: «**Strategik meýilnamalaşdyrma** *döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň hil görkezijisiniň hyzmatyny ýerine ýetirýär, «strategiýa» düşünjesiniň şunuň bilen bagly umumy manysy uzak döwrüň dowamynda ileri tutulmaly ugurlary saýlap almagy we öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin, resurslary toplumlaýyn dolandyrmagy aňladýar»* diýip bellenilýär.

Şol bir wagtyň özünde-de, döwlet strategiki meýilnamalaşdyryşy ýokary derejede netijeli bolmagy üçin, onuň kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň (mundan beýläk – gurama) derejesinde amala aşyrylmagy zerurdyr.

**Strategiki meỳilnamalaşdyryş** *guramanyň we edaranyň maksatlaryna ỳetmek üçin ýolbaşçylar tarapyndan kabul ediliỳän çözgütleriň we amala aşyryliỳan hereketleriň toplumydyr.*

Kärhanalar, guramalar, firmalar we başga edaralar geljekde ösüşleri kesgitlemek üçin strategiki meỳilnamany işläp taỳỳarlaỳarlar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda bazar erkinligi bilen durmuş deňleşdirmesiniň we durmuş progresiniň sazlaşykly birleşmesine, bäsdeşligiň, ykdysady erkinligiň we başlangyçlaryň

güýçli döwlet dolandyrmak bilen birikmesine esaslanýan hususy ykdysady model emele getirildi.

Bazar ykdysadyýetiniň ähli modellerine mahsus bolan, eýeçiligiň köpdürli görnüşleriniň, telekeçilik işiniň we bäsdeşligiň, erkin nyrhlaryň agdyklyk etmeginiň, döwlet dolandyrmagyň bellibir ulgamynyň bar bolmagy ýaly umumy häsiýetler bilen bir hatarda Türkmenistanyň ykdysady modeli, ýurduň özboluşlylygy bilen bagly bolan birnäçe aýratynlyklary özünde jemleýär.

Strategik meỳilnamalaşdyryş amalynyň düzüminde dolandyryş işiniň 4 sany görnüşini belläp bolar. (*11-nji şekilde*).




**11-nji şekil.** Strategik meỳilnamalaşdyryş amalynyň düzümindäki dolandyryş işiniň görnüşleri

**1. Serişdeleriň paỳlanyşy** – bu tehnologiki tejribe, dolandyryjy işgärler we gaznalar ỳaly çäklendiriji guramaçylyk serişdeleriniň paỳlanyşyny öz düzümine girizỳär.

**2. Daşky gurşawa uỳgunlaşma** – bu guramanyň we edaranyň daşky mümkinçiliklere we howplara uỳgunlaşmagyny we saỳlanỳan strategiỳanyň daşky gurşawyň talaplaryna netijeli gabat gelmegini üpjün etmegi aňladỳar.

**3. Içki sazlaşyk** – bu içki amala aşyrylýan hereketleriň (işler) netijeli integrasiỳasyna ỳetmek maksady bilen guramanyň we edaranyň

güỳçli we gowşak taraplaryny şöhlelendirmek üçin strategiki işiniň sazlaşygy.

**4. Strategiki öňünden görmek** – bu menejerleriň düşünjeleriniň ösüşine esaslanỳar.

Her gurama we edara(mundan beýläk gurama) geçen strategiki çözgütleriň tejribesiniň esasynda geljegi çaklap biler.

Strategik meýilnamalaşdyryşyň tapgyrlary 12-nji şekilde beýan edilýär.




**12-nji şekil.** Strategik meýilnamalaşdyryşyň tapgyrlary

**Missiỳa** guramanyň esasy we umumy maksady.

Missiỳa guramanyň döredilmeginiň sebäbini kesgitleỳär. Guramanyň missiỳasy kesgitlenende, aşakdaky sebäpler göz öňünde tutulỳar:

- *ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmak;*
- *guramanyň amala aşyrỳan telekeçilik işiniň görnüşi;*

- *daşky gurşawyň gurama edýän täsiri;*
- *guramanyň medeniýeti.*

Missiýany ýerine ýetirmek üçin guramalar tarapyndan maksatlar işlenilip taýýarlanylýar.

Olar:

- ***gysga möhletli*** *(1 ýyl);*
- ***orta möhletli*** *(1 ýyldan 7 ýyla çenli);*
- ***uzak möhletli*** *(7 ýyl we ondan ýokary) bolýar.*

*Birinji tapgyrda* maksatlar kesgitlenilýär. Olar a*nyk* we *ölçenýän* bolmalydyr. *Mysal üçin,* ýylyň dowamynda satuw möçberini 85%-e çenli ýokarlandyrmak maksady.

*Ikinji tapgyrda* daşky gurşawyň seljermesi geçirilýär we daşky gurşawa baha berilýär.




**13-nji şekil.** Ýolbaşçylaryň daşky gurşawa berýän bahalary

***Daşky gurşawyň seljermesi*** *– bu gurama üçin howplary we mümkinçilikleri kesgitlemek üçin strategiki meýilnamany işläp*

*taỳỳarlaỳanlaryň gurama täsir edỳän daşky sebäplerine gözegçilik etmek işi.*

Daşky gurşawyň seljerilmesi, gurama mümkinçilikleri çaklamaga, garaşylmadyk ỳagdaỳlar üçin meỳilnamany düzmäge mümkin boljak howplar üçin öňünden ätiỳaç ulgamynyň we strategiỳalaryň işlenip taỳỳarlanmagyna wagt berỳär.

***Howplary we mümkinçilikleri*** *7 topara bölüp bolỳar:*

- *ykdysadyỳet;*
- *syỳasat;*
- *bazar;*
- *tehnologiỳa;*
- *bäsdeşlik;*
- *halkara ỳagdaỳ;*
- *durmuş sebäpleri.*

*Üçünji tapgyrda* guramanyň içki güỳçli we gowşak taraplarynyň dolandyryjy derňewi geçirilýär. Içki kynçylyklary kesgitlemek işine dolandyryş derňewi diỳilỳär.

***Dolandyryş derňewi*** *– guramanyň strategiki gowşak we güỳçli taraplaryny ỳüze çykarmak işi.*

Dolandyryş derňewine 5 sany wezipäni girizỳärler:

- *marketing;*
- *maliỳe (buhgalteriỳa hasabaty);*
- *önümçilik (operasiỳalar);*
- *adam gorlary;*
- *guramanyň medeniỳeti.*

Mysal üçin: **marketing wezipesiniň** seljerilmesi 7 pudakda jemlenỳär:

- *bazaryň paỳy we bäsdeşlik edip bilmeklik;*
- *harytlaryň görnüşleriniň (assortimentleriniň) hili we üỳtgeşikligi;*
- *bazaryň demografiki statistikasy;*
- *bazaryň derňewleri we açyşlary;*
- *müşderilere hyzmat ediş;*
- *netijeli ỳerleşdiriş we mahabat;*
- *girdejiler.*

***Dördünji tapgyrda*** guramanyň strategiki mümkinçilikleriniň seljerilmesi geçirilýär. Önümçiligiň dolandyryşynyň seljerilmesi aşakdaky soraglara jogap bermekde jemlenỳär:

- biz öz önümlerimizi ỳa-da hyzmatlarymyzy bäsdeşlerden arzan edip biljekmi?
- *biz näçe üpjün edijilerden garaşly?*
- *biziň önümçilik kuwwatlarymyz täzemi?*
- *bäsdeşleriň hyzmat edip bilmejek bazarlarynda biz hyzmat edip biljekmi?*
- *biziň gözegçilik ulgamymyz netijelimi?*
- *biz önümçilik işimizi netijeli meỳilnamalaşdyryp biljekmi?*

**Strategiỳa** – *guramalaryň öz maksatlaryna ỳetmegi we öňde goýlan missiỳasyny ỳerine ýetirmek üçin niỳetlenen toplumlaýyn meỳilnama.*




**14-nji şekil.** Guramalaryň esasy strategiki mümkinçilikleri

1. **Çäkli ösüş strategiỳasy** *maksatlaryň gazanylan netijä görä we hümmetsizligiň depginine görä bellenmegi bilen häsiỳetlidir.* Gurama bu strategiỳany öz ỳagdaỳy bilen kanagatly bolanda ulanỳar. Guramalar bu strategiỳany iň aňsat, amatly we töwekgelsiz işlemegiň usuly bolany üçin saỳlap alỳarlar. Bu strategiỳany senagatyň durnukly tehnologiỳaly pudaklarynda peỳdalanỳarlar.

2. **Ösüş strategiỳasy** *geçen ỳylyň görkezijileriniň derejesi bilen deňeşdirilende gysga we uzak möhletleỳin maksatlaryň derejesiniň her ỳyl ỳokarlandyrmak ỳoly bilen amala aşyrylỳar.* Ösüş ***içki*** we ***daşky*** bolup bilỳär.

***Içki ösüş*** harydyň görnüşlerini köpelmegi bilen bagly.

***Daşky ösüş,*** bagly pudaklarda, keseligine ỳa-da dikligine amala aşyrylỳar. *Mysal üçin,* öndüriji lomaỳ üpjün edỳän firmany satyn alỳar (*dikligine ösüş*) ỳa-da birmeňzeş önüm öndürỳän firmany satyn alỳar (*keseligine ösüş*).

3.**Kemeltme strategiỳasy** *(iň soňky mümkinçiligiň strategiỳasy).*

3.1. ***Işiň bes edilmegi*** (ỳapma, ỳatyryş). Bu strategiỳa guramanyň aktiwleriniň we maddy gorlarynyň, algydarlar bilen hasaplaşmak üçin, doly satylmagyny aňladỳar.

3.2. ***Artykmajy aỳyrma.*** Guramalar bu strategiỳany belli bir bölümi ỳa-da işiň görnüşini satmagy amatly görenlerinde peỳdalanỳarlar.

3.3. ***Kemeltme we başga ugur alma.*** Bu strategiỳany guramanyň görkezijileri peselende, ykdysady taỳdan pese düşme ỳuze çykanda ỳa-da guramany halas etmeli bolanda peỳdalanỳarlar. Ýolbaşçylaryň maksady amallaryň sanyny kemeldip we şonuň bilen dolandyryşyň netijeliligini ỳokarlandyrmak.

4. **Utgaşmak strategiỳasy.** *Hemme strategiỳalaryň utgaşdyrylyp peỳdalanylmagyny aňladỳar.* Strategiýalaryň derejeleriniň arasyndaky baglanyşygy 15-nji şekilde görüp bolar.

*Bäşinji tapgyr* strategiýany saklamakdan ybaratdyr. **Strategiỳanyň saỳlawyna aşakdaky sebäpler täsir edỳär:**

- *töwekgelçilik;*
- *geçen strategiỳalaryň belligi;*
- *guramanyň eỳeleriniň hereketleri;*
- *wagt sebäbi.*

Ýolbaşçylar daşky mümkinçilikleri we howplary, içki güỳçli we gowşak taraplary, strategiki mümkinçilikleri kesgitländen soň strategiỳany saỳlap alỳarlar.

**Taktika** – *bu gysga möhletli strategiỳa.* Taktikany dolandyryşyň ortaky derejesinde işläp taỳỳarlaỳarlar.




**15-nji şekil.** Strategiýalaryň derejeleriniň arasyndaky baglanyşyk

Uzak möhletleýin meýilnamalar we taktiki meýilnamalar kesgitlenenden soň, gurama agzalaryna şol meýilnamalary doly düşündirmek üçin ýolbaşçylar goşmaça bellikleri işläp taýýarlamaly. Şol belliklere guramanyň syýasaty degişli.

*Maksatlara ýetmegi ýeňilleşdirýän we kararlary kabul etmek üçin gerek bolýan umumy gollanma* **guramanyň syýasaty** *diýilýär.*

Syýasat, esasan, uzak möhletleýin kesgitlenýär, mysal üçin, deň mümkinçilik syýasaty, bitaraplyk syýasaty. Käbir ýagdaýlar karar kabul edilende, köplenç gaýtalanýar. Şonuň üçin ýolbaşçylyk täzeden wagt bilen synalyp görlen usullary peýdalanýarlar we şolara esaslanyp standartlaşylan tabşyryklary işläp taýýarlaýarlar.

**Düzgün** – *anyk ýagdaýda ýerine ýetirmeli hereketleri suratlandyrýar.* Düzgüne görä işleýän subýekt mümkinçilikleriň we adaty hereketleriň az sanyna eýe bolup bilýär. Haçanda ýolbaşçylar işgärleriň hereketlerini çäklendirjek bolanda, olar düzgünleri işläp

taỳỳarlaỳarlar. Bu bolsa kesgitlenen usul bilen kesgitlenen işleriň amala aşyrylyşyny kepillendirmäge mümkinçilik berỳär.

**Düzgün** – ỳeke-täk aýratyn ỳagdaỳda edilmeli zady kesgitleỳär.

Düzgüne görä işleỳän subỳekt hiç hili mümkinçilige we azat hereketе eỳe bolup bilmeỳär. Düzgün birnäçe özara bagly hereketleriň yzygiderliligini kesgitleỳän ỳagdaỳa degişli.

Sazlaşyklylygyň ỳokary derejesini üpjün etmek üçin bỳujet we maksatlar boỳunça dolandyryş ỳaly dolandyryjy gurallary peỳdalanỳarlar.

**Bỳujet** – *san görnüşinde beỳan edilen maksatlara ỳetmek uçin san görnüşinde kesgitlenen serişdeleriň paỳlanyşynyň usuly.*

***Bỳujet düzmegiň tapgyrlary:***

*1. Ýokary ỳolbaşçylar tarapyndan guramanyň umumy maksatlarynyň mälim edilmegi.*

*2. Bölümlerde çykdajylaryň sanawynyň taỳỳarlanmagy.*

*3. Ýokary ỳolbaşçylar bỳujet boỳunça teklipleri barlaỳarlar we seljerỳärler.* Ondan soň olaryň görkezmeleriniň esasynda bölümler tekliplerini täzeden düzedỳärler. Bu tapgyrda serişdeleriň paỳlanyşy amala aşyrylỳar.

*4. Jemleỳji bỳujetleriň taỳỳarlanmagy.* Bu bỳujetlerde gaznalaryň peỳdalanylmasy we resurslar boỳunça hasabatlar görkezilỳär. Ondan soň ỳolbaşçylaryň gözegçilik görkezijilerini ỳerine ỳetirmek mümkinçiliklerini kesgitmek üçin doly hasabatlar her işgäriň ỳa-da bölümiň öndürijiligi bilen deňeşdirilỳär.

**Maksatlar boỳunça dolandyryş** – *bu gözegçilik bilen meỳilnamalaşdyrylyşy birleşdirmäge mümkinçilik berỳän dolandyryşyň usuly.*

***Maksatlar boỳunça dolandyryş 4 tapgyrdan ybarat:***

*1. Anyk we gysga kesgitlenen pikirleriň işläp taỳỳarlanmagy;*

*2. Olaryň amala aşyrylmagynyň anyk meỳilnamalarynyň işläp taỳỳarlanmagy;*

*3. Netijelere we işlere bahanyň berilmegi, ölçenmegi we ulgamlaỳyn gözegçilik;*

*4. Meỳilnamalaşdyrylan netijelere ỳetmek üçin gönükdiriji çäreler.*

Anyk maksatly işgäriň öndürijiligi anyk maksatsyz ýa-da gaýrat bilen işlemegi haýyş edilen işgärleriň öndürijiliginden ýokarydyr.

**Adalgalar**

*Taktika*
*Serişdeleriň paýlanyşy*
*Daşky gurşawa uýgunlaşma*
*Içki sazlaşyk*
*Marketing*
*Düzgün*
*Býujet*

**Soraglar we ýumuşlar**

1. «Strategik meýilnamalaşdyryş» düşünjesine kesgitleme beriň.
2. Strategik meýilnamalaşdyryşyň tapgyrlaryny kesgitläň.
3. Döwleti dolandyrmagyň ulgamlary haýsylar?
4. «Strategiki öňünden görmek» düşünjesini häsiýetlendiriň.
5. Howplary we mümkinçilikleri näçe topara bölüp bolýar?
6. Guramalaryň näçe sany esasy strategiki mümkinçilikleri bar?

## 3.3. Maksatnamalaşdyryş işi we monitoring

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda maksatnamalaşdyryşyň işi barada şeýle nygtap geçýär: «*Strategik meýilnamalaşdyryşyň belleýän çelgilerine anyklyk bermek işi maksatnamalaşdyryş görnüşinde öz beýanyny tapýar. Maksatnamalaşdyryş ýurduň durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň maksatnamalaryny – durnukly ösüşiň maksatlaýyn çelgileriniň we görkezilen çelgilere ulaşmagyň döwlet tarapyndan meýilnamalaşdyrylýan netijeli ýollarynyň hem-de serişdeleriniň toplumlaryny işläp taýýarlamakdan ybaratdyr. Maksatnamalaşdyryş işi strategik meýilnamalaşdyryş ugurlarynyň hemme talaplaryny öz içine alýar, olary jikme-jikleşdirýär we milli ykdysadyýetiň bölekleriniň hem-de pudaklarynyň derejesinde esasy prosesleri döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň indiki aýratyn tapgyry bolup durýar*».



5. Sargyt № 678

Häzirki wagtda Türkmenistanda maksatnamalara we taslamalara seljerme we monitoring geçirýän döwlet edaralarynyň ulgamy emele geldi.

Döwlet maksatnamalaryna baha berilmegi durmuş-ykdysady meseleleri çözmegiň möhüm serişdesi hökmünde maksatnamalaýyn çemeleşmäniň ornuny we ähmiýetini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Häzirki zaman şertlerinde çeýelik we yzygiderli üýtgäp durýan jemgyýetçilik talaplaryna hem-de wehimlerine öz wagtynda uýgunlaşmak faktorlary birinji derejeli ähmiýete eýe boldy, bu bolsa maksatnamalary we taslamalary amala aşyrmagyň netijelerine baha bermek bilen gönüden-göni baglydyr.

Maksatnamalara baha bermek işiniň ählitaraplaýyn häsiýeti bardyr:

- maksatnamany taýýarlamak;
- maksatnamany durmuşa geçirmek;
- maksatnamanyň netijeleri;
- netijeler we täsirler;
- taslamanyň maksatnamasyna baha bermek.

Jemgyýetçilik syýasatyna baha beriş barlaglarynyň umumy usulyýeti ýokarda beýan edildi: Eger maksatlaýyn maksatnamalar we taslamalar barada gürrüň etmeli bolsa, onda maksatlaýyn döwlet maksatnamalaryna baha bermegiň has köp peýdalanylýan usullarynyň hataryna olaryň şu görnüşleri degişlidir.

*Maksatnamalaryň durmuşa geçirilişine baha bermeklik maksatnamanyň çärelerini dolandyrmak usullaryny, olaryň netijeliligini, guramaçylyk gurluş düzümleriniň goýlan wezipeleri amala aşyrmak ukyplaryny we mümkinçiliklerini öwrenmekligi, bar bolan serişdeleri bir ýere jemlemek başarnygyny, ýolbaşçylaryň we gullukçylaryň iş başarjaňlygyny we beýlekileri öz içine alýar.*

Syýasatyň netijelerine baha bermeklik goýlan wezipeleriň we maksatlaryň näderejede ýerine ýetirilendigini, meýilnamalaşdyrylan çäreleri doly amala aşyrmagyň we degişli görkezijilere çykmagyň başardandygyny öwrenmekligi göz öňünde tutýar.

Maksatnamanyň netijelerine we täsirine baha bermeklik, onuň barha ýygy peýdalanylýandygyna, aýratyn hem ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň netijeleri öwrenilende peýdalanylýandygyna garamazdan, baha bermegiň iň bir çylşyrymly görnüşi bolup durýar. Onuň

kynçylygy netijeleriň dessine däl-de, belli bir wagt aralygyndan soň, kähalatda bolsa uzak wagtdan soň ýüze çykyp biljekdiginden ybaratdyr. Munuň üstesine-de şeýle netijelere getiren sebäpler köplenç halatda doly aýdyň bolman galýar, sebäbi bu ýagdaý şu maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi bilen gönüden-göni bagly bolman, eýsem beýleki prosesleriň goşmaça täsiri bolup biler. Mundan başga-da, köp ýagdaýlarda netijeleri mukdar görkezijilerinde beýan etmek kyn bolýar.

Maksatnamalaryň ykdysady netijeliligine baha bermek esasy üç usuldan peýdalanmak bilen geçirilýär: ***çykdajylar – peýdalar; çykdajylar – netijelilik; çykdajylar – netijeler.*** Olar meýilnamalaýyn maksatlara ýetmek üçin şu maksatnama üçin bölünip berlen degişli serişdeleriň näderejede rejeli sarp edilendigini, maksatnamada bellenen çäreleriň ýerine ýetirilen derejesiniň nähilidigini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Maksatnamanyň taýýarlyk tapgyryna baha bermek işi maksatnamanyň tabşyryklaryny işläp taýýarlamak, maglumatlary toplamak, empiriki maglumatlary seljermek, maksatlary goýmak, iş meýilnamalaryny işläp taýýarlamak we geňeşleri geçirmek bilen bagly çäreleri öwrenmäge gönükdirilendir.

Baha bermegi geçirmegiň usulyýetiniň maksatnamany dolandyryş ulgamynyň içinde gurulmalydygyny we geçirilýän çäreler bilen baglanyşdyrylmalydygyny belläp geçmek gerek.

Maksatnamanyň durmuşa geçirilişine toplumlaýyn seljerme şu soraglara jogap berilmegini göz öňünde tutýar: Meýilnamada bellenen çäreler geçirildimi we olar nähili netijelere getiripdir? Bu çäreleriň häsiýeti we mazmuny nämeden ybarat? Çäreleriň netijeleri we göz öňünde tutulmadyk netijeleri nähili? Goýlan wezipeler we maksatlar dogry bellenipmi? Şunda täsir etmegiň diňe bir durmuş we ykdysady usullarynyň mehanizmine we mazmunyna seljerme geçirmäge çalyşman, eýsem bu täsire jemgyýetiň, durmuş toparlarynyň we indiwidleriň garaýşyny kesgitlemäge hem çalyşýarlar.

Maksatnamanyň mazmunynyň häsiýetiniň köp babatda baha bermegi geçirmegi guramagyň aýratynlyklaryny we usulyýetini kesgitleýändigini nazara almak zerurdyr. Mysal üçin, *16-njy şekil*de görkezilenlere laýyklykda durmuş maksatnamalarynyň netijelerine seljerme geçirilende, yzygiderli tertipde şu aşakdaky soraglar öwrenilýär.

1. *Sosial maksatnamanyň esasy maksatlary nämeden ybarat? Maksatnamany üstünlikli durmuşa geçirmegiň görkezijileri nähilli?*
2. *Maksatnama maksadyna, öňünde goýlan wezipelerine ýetdimi? Ol degişli peýdalary we belli bir hyzmatlaryň berilmegini üpjün edýärmi?*
3. *Maksatnama beýleki (maksatlaýyn däl) durmuş toparlaryna nähili täsir edipdir?*
4. *Uzak wagtyň dowamynda maksatlaýyn we maksatlaýyn däl toparlar üçin maksatnamanyň gönüden-göni netijesi we täsirleri nämeden ybarat? Ony beýleki, daşarky ýagdaýlar bilen düşündirip bolarmy?*
5. *Maksatnamany durmuşa geçirmekden öň meýilnamalaşdyrylmadyk netijeler alyndymy?*
6. *Durmuşda maksatnamanyň peýdasy barmy? Goýlan maýa goýumlar netijelimi? Başga bir görnüşi bilen deňeşdirilende, serişdelerden nä-derejede netijeli peýdalanylypdyr?*

**16-njy şekil.** Maksatnamalaryň netijelerine seljerme geçirilende öwrenilýän soraglar

Döwlet maksatnamalarynyň we taslamalarynyň ýerine ýetirilişine baha bermeleri geçirmegiň algoritmini getireliň, ol şu ulgamda umumy usulyýet çemeleşmesini berýär. Baha bermegiň şu tapgyrlary bölünip görkezilýär:

- *baha bermegiň maksatlaryny we ugurlaryny kesgitlemek, onuň peýdalylygy (zerurlyk, maliýe, işgärler, wagt, netijeler);*
- *dürli toparlar (syýasatçylar, ýolbaşçylar, sarp edijiler) üçin maglumatyň mazmunyny kesgitlemek;*
- *baha berilýän obýektleri kesgitlemek;*
- *baha berilýän hereketleri we çäreleri ýüze çykarmak;*
- *baha bermegiň gurallaryny işläp taýýarlamak;*

- *baha bermegi geçirmek;*
- *syýasy we edara ediş faktorlarynyň ornuny kesgitlemek;*
- *baha bermek geçirilenden soň maksatnamany döwrebaplaşdyrmak boýunça teklipler;*
- *maksatnama baha bermek boýunça hasabaty taýýarlamak.*

17-nji şekilde görkezilenlere laýyklykda maksatnamany işläp taýýarlamagyň we amala aşyrmagyň esasy tapgyrlary işiň şu görnüşlerini öz içine alýar (işläp taýýarlamakdan başlap durmuşa geçirmek hem-de tamamlanýança).




**17-nji şekil.** Maksatnamany işläp taýýarlamagyň we amala aşyrmagyň esasy tapgyrlary

**1. Çözülmeli meseläni ýüze çykarmak.** *Meseläniň mazmuny takyklanýar we ony maksatnamalaýyn usullar bilen çözmegiň zerurlygy esaslandyrylýar.*

**2. Konsepsiýany işläp taýýarlamak.** *Umumy konsepsiýa emele getirilýär we meseläni çözmegiň has netijeli wariantlary esaslandyrylýar.*

**3. Teklipleri taýýarlamak.** *Meseläni maksatnamalaýyn usullar bilen çözmek boýunça anyk teklipler işlenip taýýarlanylýar, maksatnamany «sarp edijiler» kesgitlenýär we maliýe-ykdysady seljerme geçirilýär.*

**4. Çözgütleri kabul etmek.** *Maksatnamany işläp taýýarlamagy başlamak barada çözgüt kabul edilýär.*

**5. Maksatnamanyň taslamasyny işläp taýýarlamak.** *Maksatnamanyň taslamasyny işläp taýýarlamak boýunça guramaçylyk işleri geçirilýär; maksatnamanyň esasy maksatlary we wezipeleri, ony durmuşa geçirmegiň möhletleri we tapgyrlary, serişdeler we ýerine ýetirijiler kesgitlenýär.*

**6. Maksatnamanyň çärelerini işläp taýýarlamak.** *Maksatnamanyň gönüden-göni mazmunyny düzmek boýunça işler başlanýar, telekeçilik meýilnamasy taýýarlanýar.*

**7. Maksatnamanyň taslamasyny ylalaşmak.** *Maksatnamany gyzyklanýan ministrlikler we pudak edaralary, döwlet häkimiýeti edaralary bilen ylalaşmak işleri geçirilýär.*

**8. *Döwlet häkimiýeti edarasy*** *(Hökümet, ministrlik we ş.m.) tarapyndan maksatnamany durmuşa geçirip başlamak barada resmi resminama görnüşinde çözgüt kabul edilýär.*

**9. Maksatnamany durmuşa geçirmek.** *Maksatnamanyň bölümleriniň amala aşyrylmagy üçin jogapkär taraplar tassyklanýar, wezipeler we serişdeler paýlanýar, maksatnamanyň çärelerini amala aşyrmak başlanýar.*

**10. Maksatnama baha bermek we monitoring geçirmek.** *Maksatnamanyň netijelerine we täsirlere baha bermek geçirilýär, onuň durmuşa geçirilişine we maliýe serişdeleriniň sarp edilişine gözegçilik amala aşyrylýar, zerur bolan halatynda ony modifisirlemek meselesi ara alyp maslahatlaşylýar.*

Maksatnamany işläp taýýarlamaga dürli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň hünärmenleri, şeýle hem daşarky ekspertler (bilermenler) gatnaşýarlar. Olaryň ählisini birnäçe toparlara degişli edip bolar.

- *maksatnamany işläp taýýarlamak başlangyjy bilen çykyş edenler (buýrujylar);*
- *seljerijiler we işläp taýýarlaýjylar;*
- *ugurlaryň ýolbaşçylary we utgaşdyryjylary;*
- *üpjün edýän tehniki işgärler;*
- *gözegçilik edýän taraplar we edaralar.*

Türkmenistanda ösüş maksatnamalaryny işläp taýýarlamak, olara monitoring we seljerme geçirmek bilen bagly işleri **Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi**[1] alyp barýar, maliýe-ykdysady ulgamy boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalaryna degişli teklipleri işläp taýýarlaýar we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütlerini durmuşa geçirýär. Ol öz işinde Türkmenistanyň Prezidentine tabyndyr.

Bu ministrlik ýurduň Baş maliýe-ykdysady edarasy bolup, Türkmenistanyň Döwlet we Milli maksatnamalaryny işläp taýýarlamak, durmuşa geçirmek we olaryň netijeliligine baha bermek ulgamynda döwlet syýasatyny işläp taýýarlamak we kadalaşdyryjy hukuk babatda kadalaşdyrmak boýunça wezipeleri, şeýle hem ministrlige gelip gowuşýan maýa goýum taslamalaryna seretmek, maliýe-ykdysady strategiýasyny emele getirmekde düýbünden täzeçe çemeleşmeleri ulanmak, maliýe pudaklarynda dolandyryjy ulgamyny kämilleşdirmek boýunça wezipeleri amala aşyrýar.

Ministrlik uzakmöhletleýin maksatlara ýetmäge we ýurduň maliýe-ykdysady ösüşinde ileri tutulýan ugurlary amala aşyrmaga gönükdirilen döwlet syýasatynyň işlenip düzülmegini we durmuşa geçirilmegini, ykdysadyýetiň we maliýe-karz ulgamynyň döwlet tarapyndan dolandyrylyşyny, şeýle hem maliýe-býujet hasabatlylygyň usullaryny işläp düzmek babatda bir bitewi döwlet syýasatynyň işlenip taýýarlanmagyny we durmuşa geçirilmegini üpjün edýär. Ol ýurduň beýleki ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işini utgaşdyrmagy amala aşyrýan döwlet edarasydyr.

---

[1] Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda çykaran Permany. Türkmenistan. 06.10.2017ý.

Ministrligiň esasy wezipeleriniň biri ykdysadyýeti döwlet tarapyndan dolandyrmak we durmuş-ykdysady ösüşiň meýilnamalaryny düzmek, ýurdy ösdürmegiň ylmy taýdan esaslandyrylan konsepsiýalaryny, gysga we uzak möhletli meýilnamalaryny we maksatnamalaryny taýýarlamakdan ybaratdyr.

**Strategik we durnukly ösüş instituty** Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň garamagynda bolup, ol gönüden-göni döwlet ösüş maksatnamalaryny işläp taýýarlamaga gatnaşýar.

Bu institut Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylda çykaran Permanyna laýyklykda döredildi. 2012-nji ýylda ol öňki hereket eden Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň, soňra 2017-nji ýylda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň tabynlygyna geçirildi. Institut Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň baş ýörelgelerini we ykdysady, maliýe hem-de durmuş syýasatynyň esasy ugurlaryny işläp taýýarlamak boýunça Baş ylmy-barlag merkezi hökmünde çykyş edýär.

Institutyň ***esasy wezipeleri*** aýry-aýry pudaklarda we ýurduň tutuş ykdysadyýetinde bolup geçýän ýagdaýlara toplumlaýyn seljerme işlerini amala aşyrmak, milli maksatnamalary işläp taýýarlamak üçin ylmy esaslary taýýarlamak, ýurtda geçirilýän durmuş-ykdysady özgertmeleriň esasy ugurlaryny kesgitlemek, orta möhlete we uzak möhlete niýetläp meýilnamalaşdyrmak we çaklamak boýunça işleri geçirmek, ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklaryny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek bolup durýar.

Institut tarapyndan geçirilýän ylmy barlaglaryň arasynda ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşine makroykdysady seljerme geçirmek, ony çaklamak, senagat, oba hojalyk, ulaglar we aragatnaşyk pudaklarynyň ösüşini seljermek we ösüş strategiýalaryny işläp taýýarlamak, sebitleriň we gurluşyk toplumynyň, durmuş ulgamynyň, maýa goýum we innowasion işiň, daşarky söwdanyň ösüşine seljerme geçirmek möhüm orun tutýar. Şulardan başga-da bu institut eksportyň möçberlerini artdyrmak we importyň düzümini kämilleşdirmek, ilatyň iş bilen üpjünçiligini, ykdysadyýetiň hususy bölegini ösdürmek we döwlet emlägini dolandyrmagyň görnüşlerini hem-de usullaryny kämilleşdirmek bilen bagly meseleleri öwrenmek boýunça işleri alyp barýar.

**Adalgalar**

*Guramaçylyk gurluşy*
*Jemgyýetçilik syýasaty*
*Konsepsiýa*
*Teklipler*
*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi*
*Türkmenistanyň Strategik we durnukly ösüş instituty*

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Maksatnamalaryň netijelerine seljerme geçirilende nähili soraglar öwrenilýär?
2. Döwlet maksatnamalaryna we taslamalaryna baha bermegiň nähili tapgyrlary geçirilýär?
3. Maksatnamany işläp taýýarlamak we amala aşyrmak üçin esasy tapgyrlar barada aýdyp beriň.
4. Türkmenistanda haýsy edara meýilnamalaryň we maksatnamalaryň taslamasyny işläp taýýarlaýar, durmuşa geçirýär we olaryň netijeliligine baha berýär?
5. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Strategik we durnukly ösüş institutynyň esasy wezipeleri barada aýdyp beriň.

## 3.4. Türkmenistanda kabul edilen maksatnamalar hem-de konsepsiýalar

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenen wezipeleriň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin maksatnamalaýyn-maksatly çemeleşme işjeň ulanylýar, şeýle-de yzygiderli meýilnamalaşdyrmak giňden peýdalanylýar. Onuň kömegi bilen döwletiň ykdysady syýasatynyň ähli düzüm bölekleri baglanyşdyrylýar, «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň» maksatlaýyn, pudaklaýyn we sebitleýin maýa goýum maksatnamalary özara baglanyşykda amala aşyrylýar.

Dolandyrmak we amatlyklar ulgamynda özgertmeleri amala aşyrmak dowam etdirilýär. «***Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda***» bellenen strategiki wezipeleri çözmek we onda göz öňünde tutulan mak-

satlara hem-de ileri tutulýan ugurlara ýetmek üçin maksatnamalar işlenilýär we kabul edilýär.

Umuman, ýurdumyz boýunça 70-e golaý maksatnamalar, konsepsiýalar, meýilnamalar üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýar. Şolardan aşakdakylary görkezmek bolar:

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda durmuşa geçirilýän ykdysady syýasat «***Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda***» kesgitlenen we «***Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012–2016-njy ýyllarda durmuş ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda***» anyklaşdyrylan maksatlaýyn görkezijileriň esasynda amala aşyryldy.

2. Oba ýerlerinde durmuş şertleriniň gowulanmagy bilen bir hatarda, olaryň ykdysady taýdan ösmeginiň, infrastrukturasynyň 15 ugry boýunça kämilleşmeginiň we agrosenagat toplumynyň gaýtadan işleýji kuwwatlyklarynyň mümkinçiliginiň giňelmeginiň, real sektoryň hem-de obada häzirkizaman hyzmat ulgamynyň ösüşine ýetmek üçin «***Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasy***» kabul edildi.

3. Geljekde sebitlerdäki mümkinçilikleri we olaryň ýurduň milli önümini döretmäge goşýan goşandyny artdyrmak üçin «***Türkmenistanyň welaýatlarynyň 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürilmeginiň Meýilnamalary», şeýle hem Lebap, Mary, Daşoguz, Balkan we Ahal welaýatlarynyň senagat pudagyny ösdürmegiň*** esasy ugurlaryny we ýurduň hökümeti tarapyndan kabul edilen beýleki döwlet maksatnamalarynda bellenen sepgitleri özünde jemleýär.

4. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak hem-de arassa, halkara standartlaryna laýyk gelýän agyz suwy bilen doly üpjün etmek üçin «***Türkmenistanyň ilatly ýerlerini arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça Baş maksatnamasy***» kabul edildi.

5. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly we öňdengörüjilikli

içeri we daşary syýasaty netijesinde, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli ugurlary boýunça ägirt uly üstünlikler gazanylýar. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň güýçli depginler bilen ösmeginde Türkmenistanyň nebitgaz, himiýa we balyk hojalygy toplumyna hem uly orun degişlidir.

Türkmenistanda geologiýa-gözleg işlerini geçirmek, nebitiň we gazyň çykarylyşyny artdyrmak, uglewodorod serişdeleriniň dünýä bazarlaryna iberilişiniň köpugurlylygyny üpjün etmek, mineral-çig mal serişdeleriniň gaýtadan işlenilişini çuňlaşdyrmak, himiýa önümlerini öndürmek boýunça işleri has-da kämilleşdirmek maksady bilen, «***Türkmenistanyň nebitgaz, himiýa we balyk hojalygy pudaklaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Maksatnamasy***» kabul edildi.

6. Senagatyň, gurluşygyň, ulag-kommunikasiýa ulgamynyň we beýleki pudaklaryň guýçli depginler bilen ösmegi, täze etraplaryň we obalaryň döredilmegi elektrik energiýasyna bolan islegiň artmagyny şertlendirdi, bu bolsa öz gezeginde, senagatyň we ýurduň tutuş ykdysadyýetiniň binýatlyk segmentleriniň biri bolan elektroenergetika pudagynyň önümçilik-tehniki mümkinçilikleriniň oňegidişlikli ösdürilmegini talap etdi. Elektroenergetika pudagyny ösdürmek üçin «***Türkmenistanyň elektrik energetikasy pudagyny ösdürmegiň 2013–2020-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy***» kabul edildi.

7. Döwletimizde amala aşyrylýan durmuş-ykdysady özgertmeler ýurdumyzyň dokma senagaty we söwda toplumynyň pudaklarynda hem üstünlikli amala aşyrylýar. Dokma senagaty we söwda pudaklaryny ösdürmek, ýurdumyzyň ilatyny azyk önümleri we halkyň sarp edýän köp hem-de dürli görnüşli harytlary we hyzmatlary bilen üpjünçiligini has-da gowulandyrmak, ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň eksportynyň möçberlerini artdyrmak, şeýle hem «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, «***Türkmenistanyň dokma senagaty we söwda toplumynyň pudaklaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Maksatnamasy***» kabul edildi.

8. Türkmenistanyň Gurluşyk, energetika we senagat pudagyna girýän ministrlikleri we pudak edaralaryny çalt depginler bilen ösdürmek maksady bilen «***Türkmenistanyň Çurluşyk, energetika we***

***senagat pudagyny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Maksatnamasy***» kabul edildi.

9. Ýurdumyzyň oba hojalygyny düýpli özgertmek, öndürilýän oba hojalyk önümleriniň möçberlerini artdyrmak we olary gaýtadan işlemek arkaly halkara ülňülerine laýyk gelýän we azyk howpsuzlygyny üpjün edýän bäsleşige ukyply, ekologiki taýdan howpsuz önümçilikleri döretmek hem-de önümleri daşarky bazarlara eksport etmegiň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak we ýokary tehnologiki maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek maksady bilen ***«Türkmenistanyň oba hojalyk pudagyny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Maksatnamasy»*** kabul edildi.

10. Ulaglar Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň möhüm düzüm bolegi, onuň umumylygyny we bitewüligini üpjün edýän faktor bolup durýar. Ulag ulgamyny ösdürmek we döwrebaplaşdyrmak, degişli amatlyklary emele getirmek ulaglaryň her bir görnüşi boýunça hereket edýän uzak möhletli we orta möhletli pudaklaýyn ösüş maksatnamalarynyň çäklerinde amala aşyrylýar.

Ulaglar we aragatnaşyk babatynda döwlet syýasaty, ozalkylary ýaly, ýükleri daşamaga we ýolagçylary gatnatmaga hem-de kommunikasiýa hyzmatlaryna bolan islegi kanagatlandyrmagy üpjün etmäge niýetlenen ýokary netijeli ulag-kommunikasiýa ulgamyny emele getirmäge, olaryň hilini we howpsuzlygyny ýokarlandyrmaga, içerki we daşarky bazarda bäsleşige ukyplylygy ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

Ulaglar we aragatnaşyk pudaklaryny ösdürmek üçin şu aşakdaky görkezilen maksatnamalar kabul edildi:

***- «Türkmenbaşy halkara deňiz portuny hem-de Türkmen Deňiz söwda flotuny 2020-nji ýyla çenli ösdürmegiň Baş meýilnamasy».***

***- «Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary pudagyny 2012–2016-njy ýyllar aralygynda ösdürmegiň Baş meýilnamasy».***

***- «Türkmenistanyň Ulaglar we aragatnaşyk toplumynyň pudaklaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Maksatnamasy».***

***- «Türkmenistanyň raýat awiasiýasyny ösdürmegiň 2012–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy».***

- *«Ýerli howa gatnawlary ulgamyny ösdürmek boýunça geçirilmeli çäreleriň 2014–2016-njy ýyllar üçin Meýilnamasy».*

11. Türkmenistanyň Prezidenti durmuş ulgamynyň pudaklarynyň ösdürilmegine uly üns berýär. Olaryň içinde bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, ylym, bedenterbiýe we sport, syýahatçylyk pudaklary bar.

Türkmenistanyň durmuş syýasaty ilatyň ýaşaýyş derejesini we hilini ýokarlandyrmaga we saglygy goraýyş, bilim, medeniýet ulgamlaryny we işiň hyzmat ulgamyna degişli beýleki görnüşleriniň hereket edişiniň netijeliligini ýokarlandyrmagyň esasynda adamyň mümkinçiliklerini ösdürmek üçin şertleri döretmäge gönükdirilendir.

Türkmenistanda raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklarynyň amala aşyrylmagy üçin giň mümkinçilikleri we şertleri döretmäge, ilatymyzyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesiniň ýokarlanmagyna hem-de ýurdumyzyň öndüriji güýçleriniň ösdürilmegine gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda durmuş ulgamyny özgertmek boýunça birnäçe döwlet resminamalary kabul edildi:

- *«Saglyk» Döwlet maksatnamasy.*
- *«Türkmenistanda Saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy».*
- *«Türkmenistanda temmäkä garşy göreşmek boýunça amala aşyrylmaly çäreleriň 2012–2016-njy ýyllar üçin Meýilnamasy».*
- *«Türkmenistanda derman senagatyny ösdürmegiň 2011–2015-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy».*
- *«Türkmenistanda bilim ulgamyny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy».*
- *«Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň Konsepsiýasy».*
- *«Türkmenistanda Medeniýeti ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy».*
- *«Türkmenistanda 2012–2016-njy ýyllarda sporty ösdürmegiň we ussat türgenleri taýýarlamagyň umumydöwlet Maksatnamasy».*
- *«Türkmenistanda 2013–2017-nji ýyllarda welosiped sportuny ösdürmegiň maksatnamasy».*

***- «Türkmenistanda 2012–2016-njy ýyllarda syýahatçylygy ösdürmegiň Maksatnamasy».***

***- «Türkmenistanda bedenterbiýäny we sporty goldamagyň hem-de ösdürmegiň 2011–2020-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasy».***

***- «Türkmenistanda syýahatçylyk ulgamyny goldamagyň we ösdürmegiň 2011–2020-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasy».***

***- «Çaganyň irki ösüşi we ony mekdebe taýýarlamak boýunça 2011–2015-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň Milli maksatnamasy».***

***- «Türkmenistanda iş üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmegiň hem-de täze iş orunlaryny döretmegiň 2015–2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasy».***

***- «Türkmenistanyň ilaty sagdyn iýmitlendirmegi boýunça 2013–2017-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasy».***

***- «Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy».***

***- «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2015–2020-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy».***

***- «Türkmenistanda tebigy we takyk ylymlary ösdürmegiň Döwlet maksatnamasy».***

***- «Türkmenistanda ylmy işgärleri taýýarlamagyň Maksatnamasy»;***

***- «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy».***

12. Parahatçylyk söýüjilik syýasatynyň strategiki esasy hökmünde ***«Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2013–2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň»*** üstünlikli durmuşa geçirilmegi bolup durýar. Türkmenistan tarapyndan durmuşa geçirilýän daşary syýasat ugry ýurdumyzyň dünýäde we sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy saklamagyň pugta guralyny döretmek babatda maksatlarynyň doly gabat gelmegine esaslanýar. ***«Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2013–2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda»*** ýurdumyzyň daşary syýasatynyň üç sany ugur boýunça amala aşyryljakdygy kesgitlenildi. Şol ugurlaryň biri bolup, daşary ykdysady syýasat çykyş edýär. Munuň özi ýurduň öňünde duran wezipelerden ugur alyp, onuň

halkara giňişliginde milli ykdysadyýeti ösdürmek maksady bilen amala aşyrýan çäreleriniň toplumydyr.

13.Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny has-da berkitmek, tebigy we mineral-çig mal serişdelerini toplumlaýyn ulanmak arkaly ýurdumyzyň eksport kuwwatyny hem-de mümkinçiliklerini artdyrmak, gaýtadan işleýän senagat önümçiliklerini innowasion esasda ýola goýmak, eksport we import mümkinçiliklerini artdyrmak we düzümini diwersifikasiýalaşdyrmak, hususy eýeçiligindäki kärhanalaryň paýyny artdyrmak, şeýle hem daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin ***«Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça Döwlet maksatnamasy»*** kabul edildi.

14. ***«Türkmenistanda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça Döwlet maksatnamasy»*** milli ykdysadyýetimiziň okgunly ösüşine ýardam bermäge, halkymyzyň abadançylygynyň ýokarlandyrylmagyna we Türkmen döwletiniň mundan beýläk-de gülläp ösmegine gönükdirilen.

15. Milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, bazar mehanizmlerini giňişleýin ornaşdyrmak, ýurduň maliýe-bank ulgamyny ösdürmek boýunça işler geçirmek üçin ***«Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Maksatnamasy», «Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012–2020-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasy», «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin döwlet Maksatnamasy» we «Türkmenistanda ätiýaçlandyryş işini ösdürmegiň 2011–2015-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasy»*** kabul edildi.

16. Möhüm özgertmeler ýurdumyzyň köptaraply mümkinçiliklerini dolulygyna hem-de hemmetaraplaýyn ulanyp, ilkinji nobatda, raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini dünýäniň ösen ýurtlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir. Türkmenistanda standartlaşdyryş, metrologiýa, sertifikatlaşdyryş, senagat howpsuzlygy, zähmeti we ýerasty baýlyklary goramak boýunça döwlet gözegçiligini amala aşyrmak ugurlarynda alnyp barylýan işleri has-da kämilleşdirmek, milli ykdysadyýetimizde öndürilýän önümleriň, işleriň, hyzmatlaryň halkara standartlaryna laýyk bolma-

gyny üpjün etmek maksady bilen, ***«Türkmenistanyň standartlaşdyryş ulgamyny ösdürmegiň 2011–2015-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasy»*** kabul edildi.

17. Ýurduň durmuş-ykdysady gurluşynyň ösüşinde we döwrebaplaşdyrylmagynda Türkmen döwletiniň Baştutanynyň strategiýasynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde döwlet-hususy hyzmatdaşlyk çykyş edýär.

Telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak, ozalkylary ýaly, onuň ösüşini höweslendirmegiň ugurlarynyň we mehanizmleriniň giň toparyny öz içine alar. Bu goldaw ***«Türkmenistanda orta we kiçi telekeçiligi goldamak boýunça 2011–2015-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny», «Türkmenistanda döwlet eýeçiligindäki kärhanalary we desgalary hususylaşdyrmagyň 2013–2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny»*** yzygiderli durmuşa geçirmegiň, şeýle hem soňky ýyllarda kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň çäklerinde amala aşyryldy.

18. Ykdysady we durmuş syýasatynyň alnyp barlyşynyň netijelerini giňden açyp görkezýän görkezijiler ulgamyny ornaşdyrmak hem-de hasaba almagyň we statistikanyň halkara tejribesinde kabul edilen ölçeglerine laýyklykda milli statistika ulgamyny has-da kämilleşdirmek üçin ***«Türkmenistanyň statistika ulgamyny halkara standartlaryna geçirmegiň 2010–2012-nji ýyllar üçin döwlet maksatnamasy»*** kabul edildi.

19. 2012-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ***«Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy»*** kabul edildi, onuň esasy maksady Türkmenistanyň howanyň üýtgemeginiň täsirini gowşatmaga mümkinçilik berýän, ýurduň ykdysady we durmuş ösüşine ýardam berýän durnukly ösüşini üpjün edýän, döwletiň ykdysady, azyk, howa we ekologiýa howpsuzlygyny ýokarlandyrmak bilen, ykdysadyýeti howanyň üýtgemeginiň mümkin bolan netijelerine taýýarlamak bolup durýar.

20. Senagat taýdan öňdebaryjy, kuwwatly döwlete öwürmäge gönükdirilen uly möçberli özgertmelere esaslanýan ylmy-tehniki syýasaty durmuşa geçirmek, ösen innowasiýa işini has-da kämilleşdirmek

maksady bilen ***«Türkmenistanda innowasiýa işini ösdürmegiň 2015–2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasy» kabul edildi.***

21. Daşky gurşawy goramak boýunça döwlet syýasatynyň hukuk esaslaryny pugtalandyrmak, ýurdumyzyň tebigy serişdeler mümkinçiliklerini köpeltmek we rejeli peýdalanmak, onuň ekologik we azyk howpsuzlygynyň meselelerini çözmek, howanyň üýtgemeginiň öňüni almak we onuň täsirini azaltmak boýunça işleriň esasy ugurlaryny kesgitlemek, ekoulgamlaryň we tokaý hojalygynyň howanyň üýtgemegine durnuklylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen ***«Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy»*** kabul edildi.

22. Ýurdumyzyň senagatynda innowasion esasda elektron pudagy döretmek we ösdürmek, bäsleşige ukyply, ösen tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan, serişde we energiýa tygşytlaýan, ekologiýa taýdan arassa elektron we elektrotehniki senagaty döretmek hem-de içerki we daşarky bazarlara gönükdirilen elektron we elektrotehniki harytlary öndürmek, ykdysadyýetiň gaýtadan işleýän we bazar üçin ahyrky önümleri öndürýän önümçilik pudaklaryny hem-de üpjünçilik ulgamlaryny döretmek, şeýle hem ýurdumyzyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak maksady bilen ***«Türkmenistanda dürli görnüşli elektron enjamlary öndürýän kärhanalary döretmegiň döwlet Maksatnamasy»*** kabul edildi.

23. Türkmen halkynyň müňýyllyklaryň dowamynda döreden maddy däl medeni mirasyny toplamak, hasaba almak, öwrenmek, gorap saklamak, milli maddy däl baý medeni mirasyň gymmatlyklarynyň geljekki nesillere elýeterli bolmagy üçin maddy däl medeni mirasyň talabalaýyk goralyp saklanmagyny üpjün etmek üçin ***«Milli maddy däl medeni mirasyny toplamagyň, hasaba almagyň, öwrenmegiň we gorap saklamagyň 2015–2020-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy»*** we döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmek boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy kabul edildi.

24. Milli intellektual eýeçiligiň gorag ulgamyny dünýä ülňülerine laýyklykda guramak, ylmyň, medeniýetiň, tehnikanyň gazananlarynyň döwletiň we jemgyýetiň ösüşine ornaşdyrylmagyna ýardam bermek, döwlet we halkara derejede taraplaryň intellektual eýeçilik hukuklarynyň goragynyň kepilliklerini üpjün etmek üçin

6. Sargyt № 678

***«Türkmenistanyň intellektual eýeçilik ulgamyny ösdürmegiň 2015–2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasy»*** kabul edildi.

25. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Garaşsyz Watanymyzyň ykdysadyýetiniň ýokary depginde ösmegini we işleriň maýa goýum syýasatyny dowam etdirmek, Türkmenistany senagat taýdan ösen döwlete öwürmek, täze iş orunlaryny döretmek, ýurdumyzyň we onuň sebitleriniň ykdysady kuwwatyny berkitmäge gönükdirilen, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, sebitleýin maýa goýum işjeňligini kämilleşdirmek maksady bilen «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2018–2024-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» kabul edildi.

Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 2030-njy ýyla çenli döwür üçin yglan edilen Durnukly ösüş maksatlarynyň Türkmenistanda 2008-nji ýyldan bäri amala aşyrylýandygyny nazara alyp, olaryň ileri tutulýan ugurlaryny saýlap almakda we ilkinji nobatda, durmuşa ornaşdyrmakda täzeçe çemeleşmeler zerur bolup durýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 70-nji mejlisinde durnukly ösüş maksatlarynyň **17 sanysy we 169 sany wezipeleri tassyklanyldy.** Durnukly ösüş maksatlary jemgyýetiň **üç nukdaýnazardan:** *ykdysady,* durmuş we ekologiki jähtden ösüş ýörelgesiniň netijesinde döreýär. **Ýurduň geljekki** strategiki dolandyryşy öndüriji güýçleri we şunuň bilen baglylykda önümçilik gatnaşyklary, esasan, şol ýörelgelerden ugur alyp ösdüriler.

Birleşen Milletler Guramasy bilen doly möçberli we anyk maksatlara gönükdirilen hyzmatdaşlyk **Türkmenistanyň strategiki maksady** bolup durýar. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasyna ählumumy (global) derejede özara arkalaşykly hereket etmegiň esasy hem-de parahatçylygyň pugtalandyrylmagyny, ähli ýurtlaryň bähbitleriniň berjaý edilmegini we adamzadyň howpsuzlygynyň saklanmagyny kepillendiriji iň abraýly halkara guramasy hökmünde garaýar. Türkmenistanda dünýäniň ykdysady ulgamyna çuňňur aralaşmak üçin örän oňaýly şertler bar.

Göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli we ýokary hilli ýerine ýetirmek üçin ministrlikler, pudak edaralary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri tarapyndan zerur bolan görkeziji maglumatlaryň

we hasaplamalaryň esasynda geljekki döwre niýetlenen täze döwlet maksatnamalarynyň, meýilnamalarynyň we konsepsiýalarynyň taslamalaryny işläp taýýarlamak boýunça uly işler amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň daşary syýasat işiniň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek, onuň syýasy-hukuk esaslaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmek, halkara syýasat ulgamynda döwletiň öňünde durýan wezipeleriň netijeli ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen, **«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy»** kabul edildi.

Dolandyryş ulgamynyň netijeliligini we döwlet dolandyryşynyň netijelilik faktorlaryny hem-de döwlet dolandyryşynyň netijeliligini kämilleşdirmek meselelerini öwrenmek häzirki wagtda maksada laýykdyr.

### Adalgalar

*Maksatnamalaýyn-maksatly çemeleşme*
*Amala aşyrylýan maksatnamalar*
*Çözgütler*
*Kesgitlenen wezipeler*

#### Soraglar we ýumuş

1. Haýsy maksatnamada Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda durmuşa geçirilýän ykdysady syýasat kesgitlenildi?
2. Haýsy maksatnamada oba ýerlerinde durmuş şertleriniň gowulanmagy bilen bir hatarda, oba territoriýalarynyň ykdysady taýdan ösmegi kesgitlenildi?
3. Ulaglary we aragatnaşyk pudaklaryny ösdürmek üçin haýsy maksatnamalar kabul edildi?
4. Durmuş ulgamyny ösdürmek üçin haýsy maksatnamalar amala aşyrylýar?
5. Pudaklary ösdürmek üçin maksatnamalar barada aýdyň.

# IV BAP
# DÖWLET STRATEGIKI DOLANDYRYŞDA GÖZEGÇILIK IŞLERI

## 4.1. Döwlet strategiki dolandyryşda gözegçilik etmek düşünjesi, onuň binýatlaýyn ýörelgeleri

**Gözegçilik** *dolandyryş işiniň seljerme wezipesidir. Ol özüniň asyl many-mazmuny boýunça dolandyryşyň subýekti tarapyndan dolandyryş çözgütlerini işläp taýýarlamak, kabul etmek we durmuşa geçirmek işlerini gözegçilikde saklamak boýunça çäreleriň bitewi toplumynyň amala aşyrylmagyny, şeýle-de döwlet guramasynyň (düzüm birliginiň, işgäriniň) hakykat ýüzünde bar bolan ýagdaýyna seljerme barlagynyň geçirilmegini göz öňünde tutýar.*

Dolandyryş işiniň gözegçilikde saklanylmagy ygtybarly ikitaraply aragatnaşygyň ýola goýulmagyny üpjün edýär. Bu aragatnaşyk dolandyrýan obýektiň dolandyrylýana täsir etmeginiň netijelerini, dolandyryş çözgütleriniň, şonuň ýaly-da işi guramak we düzgünleşdirmek ýörelgeleriniň berjaý edilmeginde ýol berlen nätakyklyklary ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Düýpli gözegçilik ýol berlen nätakyklyklary we olaryň orun almagyna sebäp bolan ýagdaýlary ýüze çykarmak bilen, gözegçilikde saklanýan guramanyň (düzüm birliginiň, işgäriniň) işinde goýberilen ýalňyşlary düzetmegiň we bellenilen maksatlara ýetmegiň has netijeli ýollaryny kesgitlemäge ýardam edýär.

Döwlet dolandyryş işinde gözegçilik etmek wezipesi dolandyryş işiniň beýleki wezipeleri bilen ýakyn arabaglanyşykda amala aşyrylýar, şol bir wagtyň özünde ol bellenilen wezipeleriň dolandyryş işiniň öňünde goýlan maksatlara we tabşyryklara kybaplygyna baha bermek üçin niýetlenendir. Netijeli ýola goýýan gözegçilik dolandyryş işiniň aňrybaş takyk we dürs bolmagyny, şeýle-de onuň ozal kabul edilen çözgütlere doly laýyklykda amala aşyrylmagyny üpjün edýär.

Gözegçilik etmek arkaly dolandyryşyň subýekti alnyp barylýan işiň netijeleri hakyndaky, şeýle-de öňünden bellenilen wezipeleriň berjaý edilmän galdyrylmagyna ýa-da düýbünden başga netijeleriň alynmagyna getirip biljek ýalňyşlyklar we ýagdaý üýtgemeleri baradaky doly maglumatlary alýar.

Edaranyň ýa-da wezipeli adamyň alyp barýan işleriniň hukuk taýdan delillendirilendigini ýa-da hukuk kadalaryna düýbünden çapraz gelýändigini, bellenilen maksatlara laýykdygyny ýa-da laýyk däldigini tassyklaýan maglumatlar bolan ýagdaýynda, işiň barşyna tizden-tiz goşulyp, dolandyryşda peýdalanylýan netijeli iş usullaryny we serişdelerini emele gelen şertlere kybaplaşdyrmaga we şeýlelik bilen, oňaýsyz netijeleriň ýüze çykmagynyň öňüni almaga mümkinçilik berýär.

Döwletiň häzirki zaman gurluşy ýerine ýetirijilik häkimiýet edaralarynyň işini täze, döwrebap ýörelgeler esasynda guramaga gönükdirilendir, munuň özi döwlet edaralarynyň öňünde bellenilýän meselelere, maksatlara, wezipelere täzeçe çemeleşmeleriň işlenip taýýarlanylmagyny, olaryň gurluş düzüminiň döwrebaplaşdyrylmagyny nazarlaýar. Şunuň bilen baglylykda, gözegçilik işiniň asyl maksatlaryna dolandyrmagyň bir wezipesi hökmünde garamak, döwlet gözegçilik edaralarynyň ygtyýarlyklaryny üýtgetmek baradaky mesele ýüze çykýar.

Dolandyrmak işiniň nazary we amaly jähtleriniň yzygiderli ösmegi döwlet strategiki dolandyryşynda **gözegçiligi alyp barmagyň aňrybaş çeýe we ygtybarly ulgamynyň kemala gelmegine ýardam edendir.** Bu ulgam döwlet dolandyryşynyň – merkezi düzüm gurluşyndan başlap, tä aýry-aýry işgärlerine çenli ähli derejelerinden eriş-argaç bolup geçýär.

**Gözegçilik ulgamy** döwlet dolandyryş diwanynyň ähli düzümleriniň sazlaşykly işlemegini üpjün edýär, ony bitewi bir gurluş hökmünde-de, yzygiderli we üznüksiz alnyp barylýan çäreler toplumy hökmünde-de jemgyýetde bolup geçýän ykdysady, syýasy we durmuş özgertmelerini hasaba almak bilen aňrybaş amatly ösdürmegiň we netijeliligini ýokarlandyrmagyň ýollaryny tapmaga kömek edýär.

Dolandyryş ulgamynda amala aşyrylýan gözegçilik wezipeleri amala aşyrylýan durmuş-ykdysady syýasatyň netijeliligini köp ba-

batda kesgitleýär. **Gözegçilik işi** döwlet dolandyryş ulgamynyň ähli derejelerinde we bogunlarynda adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary özgertmäge, özara sazlaşdyrmaga gönükdirilmelidir.

Gözegçilik etmegiň ahyrky oňyn netijesi bolsa, iş dolandyryjylaryň hünär derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagynda, şonuň ýaly-da jemgyýetde bar bolan ähli maddy, zähmet, maglumat we beýleki gorlarynyň aýawly, tygşytly we netijeli peýdalanylmagynyň üpjün edilmeginde öz beýanyny tapýar. Häkimiýetiň işiniň netijeliligi diňe bir döwlet çözgütleriniň kabul edilmegi bilen çäklenmeýär, eýsem olaryň dürs we netijeli ýerine ýetirilmegini nazarlaýar, muny bolsa takyk we netijeli ýola goýlan gözegçilik arkaly üpjün edip bolýar.

**GÖZEGÇILIGIŇ MANY-MAZMUNY ŞULARDAN YBARAT:**

- DÖWLET DOLANDYRYŞ EDARALARYNYŇ, GURAMALARYNYŇ, KÄRHANALARYNYŇ ALYP BARÝAN IŞINIŇ BELLENEN MAKSATLARA, ÜSTÜNE ÝÜKLENEN WEZIPELERE LAÝYKLYGY
- OLARYŇ ÜSTÜNE ÝÜKLENILEN BORÇLARYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞI WE HILI
- AMALA AŞYRYLAN IŞIŇ HAKYKAT ÝÜZÜNDÄKI JEMGYÝETÇILIK ÄHMIÝETI
- ÖŇDE BELLENILEN MAKSATLAR DOLY BERJAÝ EDILIPDIRMI ÝA-DA ÝOK, MUŇA NÄME SEBÄP BOLUPDYR? IŞLERIŇ NETIJELI ÝOLA GOÝULMAGYNA PÄSGELÇILIK BERÝÄN ÝAGDAÝLAR, IŞIŇ NETIJELILIGINI ÝOKARLANDYRMAGYŇ HEM-DE DOLANDYRYŞ IŞINI YZYGIDERLI KÄMILLEŞDIRMEGIŇ ÝOLLARY WE USULLARY

**18-nji şekil.** Gözegçiligiň many-mazmuny barada

Gözegçilik işi diňe bir merkezde däl-de, ýerlerde hem netijeli ýola goýulmalydyr. Hemişelik esasynda hereket edýän we aňrybaş netijeli gözegçilik bolmasa, derňew barlaglaryny guramagyň we geçirmegiň oýlanyşykly ulgamynyň ýok ýerinde iň gowy kanunlar

hem, döwlet ýolbaşçysynyň gol çeken kadalaşdyryjy namalary ýa-da beýleki döwlet çözgütleri hem kär etmeýär, olar ýöne bir oňyn başlangyç bolmagynda galýar.

Islendik dolandyryş çözgüdi ýerine ýetirilende, öz ýaýrawyny işiň hemme düzümlerine ýetirýän, ähli ugurlaryny öz içine alýan, takyk guralan hem-de aňrybaş oňat netijeleri berýän gözegçilik işiniň ýola goýulmagy esasy, aýgytly we binýatlaýyn şert bolup durýar. Gözegçilik 18-nji şekilde beýan edilen many-mazmundan ybaratdyr.

**Gözegçilik** ýerlerde derňew barlaglaryny geçirmek, barlagyň netijelerini aç-açan yglan etmek, berilýän delilnamalary we maglumatlary düýpli we oýlanyşykly seljermek, wezipeli adamlaryň jogapkärçiligini yzygiderli pugtalandyrmak ýaly ähli iş usullaryny we tärlerini öz üstüne almalydyr.

**Adalgalar**

*Gözegçilik*
*Döwlet dolandyryşynda gözegçilik*
*Derňew barlaglary*
*Gözegçilik ulgamy*

**Soraglar we ýumuş**

1. Gözegçilige kegitleme bermeli.
2. Döwlet dolandyryş işinde gözegçilik etmek wezipesi nämeden ybarat?
3. Gözegçilik ulgamy nämä niýetlenendir?
4. Gözegçiligiň many-mazmuny nähili meseleleri anyklamaga mümkinçilik berýär?
5. Gözegçilik etmegiň ahyrky oňyn netijesi näme?

## 4.2. Döwlet strategiki gözegçiliginiň meseleleri, wezipeleri, görnüşleri we tärleri

Dolandyryş işi guralanda **netijeli ýola goýlan gözegçilik** şu aşakdaky **wezipeleri** çözmäge mümkinçilik berýär:

- *işgärler toparynyň alyp barýan işiniň hakykat ýüzünde bar bolan ýagdaýyny kesgitlemek;*

*- gözegçilik edilýänleriň ýolbaşçylar tarapyndan berlen buýruklary we tabşyryklary, öz üstüne ýüklenilen beýleki wezipe borçlaryny öz wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirişine baha bermek;*

*- işi derňelýän (gözegçilik edilýän) guramalaryň (düzüm birlikleriniň), işgärleriň öz gulluk işinde ýüze çykyp biljek ýalňyşlyklaryň we kemçilikleriň öňüni almak, olaryň ýüze çykmagyna alyp gelýän şertleri we sebäpleri kesgitlemek hem öwrenmek, şeýle ýalňyşlyklaryň we kemçilikleriň öňüni almak boýunça degerli teklipleri işläp taýýarlamak;*

*- gulluk işini has netijeli guramakda bar bolan ätiýaçlyk gorlaryny we täze mümkinçilikleri ýüze çykarmak;*

*- emele gelen ýagdaýlary hasaba almak bilen dolandyryş meselelerini çözmekde toplanan oňyn tejribeleri düýpli öwrenmek, işde peýdalanyp boljak, emma heniz ulanyşa çekilmedik goşmaça gorlary ýüze çykarmak we olary şunuň ýaly oňyn tejribäni bir ýere jemlemek we ýaýratmak, guramanyň (düzüm birliginiň, işgäriň) alyp barýan işini has-da kämilleşdirmek maksady bilen netijeli peýdalanmagyň mümkinçiliklerini kesgitlemek;*

*- gözegçilik işiniň dowamynda we onuň netijeleri boýunça gözegçilik edilýän edaralara (düzüm birliklerine, işgärlere) olaryň alyp barýan gulluk işini kämilleşdirmekde we ol işiň netijeliligini ýokarlandyrmakda amaly taýdan kömek bermek;*

*- geçirilen derňewiň (barlagyň) netijelerine salgylanmak bilen, gözegçilik edilýän edaralaryň (düzüm birlikleriniň, işgärleriň) işiniň netijelerine, aýry-aýry wezipeli adamlaryň eýeleýän wezipesine laýyklygyna baha bermek, şonuň ýaly-da (zerur bolan ýagdaýynda) derňelýän edaranyň (düzüm birliginiň, işgärleriň) has netijeli peýdalanmak ýa-da olary eýeleýän wezipesinden çetleşdirmek baradaky teklipleri taýýarlamak.*

Netijeli ýola goýlan gözegçilik işi şu aşakdakylary üpjün edýär:

**1. Adamlary işe döredijilikli çemeleşmäge höweslendirýär.**

Döredijilikli esasda guralan iş dolandyrmagyň maksatlarynyň, serişdeleriniň we olary amala aşyrmagyň ýollarynyň jikme-jik, takyk işlenip taýýarlanylmagyny göz öňünde tutýar. Döredijilikli çemeleşmäniň many-mazmuny, ilkinji nobatda, dolandyryş ul-

gamynda peýda bolýan iň täze we öňdebaryjy usullary ýüze çykarmakdan, dolandyryş işinde ýüze çykýan meseleleri çözmegiň ýollaryny zähmetkeşler toparynyň ähli agzalarynyň ýakyndan gatnaşmagy bilen gözläp tapmakdan we, şu esasda, işgärleriň ählisini sazlaşykly hereket etmäge we bellenilen uzak möhletli maksatlara tarap tutanýerli gadam urmaga gönükdirmekden ybaratdyr. Zähmet we döredijilik işiniň özara sazlaşykly alnyp barylmagy diňe bir ýolbaşçynyň däl, eýsem ähli işgärleriň has netijeli zähmet çekmek mümkinçiliklerini düýpli ýokarlandyrýar. Şol bir wagtyň özünde, döredijiligiň işleri guramak meseleleriniň düýpli we yzygiderli esasda işlenip taýýarlanylmagyna hem-de jikme-jik beýan edilmegine esaslanýandygyny hemişe üns merkezinde saklamak zerurdyr. Hut şu aýratynlygy nazara almak bilen hem, gözegçilik iş ýüzünde bar bolan ähli meseleleriň arasynda düýpli we yzygiderli esasda işlenip taýýarlanylmagyny talap edýänleri bölüp ýüze çykarmaga ýardam edýär.




**19-njy şekil.** Gözegçiligiň birnäçe wezipeleri

**2. Guramaçylyk gurluşynyň kämilleşdirilmegine ýardam edýär.**

Döwlet dolandyryş işine geçirilen düýpli seljermeler irde-giçde döwlet häkimiýet edaralarynyň gurluş düzüminiň durmuşa geçirilýän wezipelere kybaplygy baradaky netijäniň çykarylmagyna alyp gelýär. Guramanyň gurluş düzümi ony emele getirýän aýry-aýry bölümleriň (düzüm birlikleriniň, işgärleriň, güýçleriň we serişdeleriň we ş.m.) özara sazlaşykly we arabaglanyşykly hereket etmeginiň usuly hökmünde bellibir derejedäki özbaşdaklygy hem-de onuň dürli wezipeleri ýerine ýetirýän düzüm birlikleriniň durnuklylygyny talap edýär. Daşarky şertleriň özgermegi, täze wezipeleriň we maksatlaryň ýüze çykmagy döwlet dolandyryş edaralarynyň we olaryň düzüm birlikleriniň gurluş düzüminiň üýtgedilmegini zerurlyk hökmünde belleýär.

Gözegçiligiň birnäçe wezipeleri bar. Olar 19-njy şekilde görkezilen.

**1. Maglumat beriş wezipesi.**

*Onuň kömegi bilen dolandyryşyň subýekti dolandyrylýan obýektiň bellenilen guramaçylyk iş meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişi we kabul edilen çözgütleriň berjaý edilişi baradaky dürs maglumatlary alýar.*

**2. Seljerme wezipesi.**

*Netijeli ýola goýlan gözegçilik emele gelen ýagdaýa baha bermäge, ýüze çykýan meseleleri öwrenmäge hem-de ýagdaýlaryň üýtgemeginiň netijesini çaklamaga oňyn täsir edýär.*

**3. Guramaçylyk wezipesi.**

*Bu wezipe gözegçiligiň kömegi bilen we onuň netijelerine esaslanmak bilen öňde duran wezipelere zerur bolan üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegini hem-de ýüze çykarylan kemçilikleriň aradan aýrylmagyny göz öňünde tutýar.*

Şunuň bilen baglylykda **gözegçilige bildirilýän esasy talaplaryň** arasynda şu aşakdakylary görkezmek bolar.




**20-nji şekil.** Gözegçilige bildirilýän esasy talaplar

**1. Hakykata laýyklyk (obýektiwlik).**

*Bu talap gözegçilik wezipesini amala aşyrýanlaryň işe aňrybaş jogapkärçilikli çemeleşmegini, diňe hakykatyň tarapyny çalmagyny şert edip belleýär.*

**2. Täsirlilik.**

*Bu talap geçirilen derňew barlaglarynyň netijeleriniň haýal etmän durmuşa geçirilmeginiň zerurlygyny belleýär. Şeýle edilen ýagdaýynda çykarylan netijenamalar işe düzediş girizýän çözgütlerde özüniň anyk beýanyny tapýar, şol çözgütler bolsa şeksiz ýerine ýetirilmelidir we olara gaýtadan gözegçilik edilmelidir.*

**3. Netijelilik.**

*Gözegçiligiň netijeleriniň iş ýüzünde berýän peýdasyny açyp görkezýär, guramaçylyk işiniň hilini gowulandyrmakda, kemçilikleriň we ýalňyşlyklaryň öňüni almakda gazanylan öňegidişlikleriň derejesini kesgitleýär. Gözegçiligiň netijeliligine ýerine ýetirilen çäreleriň tutuş göwrüminiň ahyrky netijelerine esaslanmak bilen dürs baha berip bolýar.*

**4. Ulgamlaýynlyk.**

*Ulgamlaýyn esasda alnyp barylýan iş hökmünde, gözegçilik dolandyryşyň ähli tapgyrlarynda üznüksiz amala aşyrylýar hem-de guramalaryň (düzüm birlikleriniň, işgärleriň) öňünde duran wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýardam edýär. Gözegçiligiň ýok ýerinde işe döredijilikli çemeleşmek höwesiniň ýitip gitmek howpy abanýar.*

**5. Aç-açanlyk.**

*Bu talap guramanyň (düzüm birliginiň, işgärleriň) üstünlikli işlemeginiň aýrylmaz şerti hökmünde, geçirilen barlaglaryň netijeleriniň barlagdan geçirilýän dolandyryş obýektlerine birin-birin ýetirilmegini göz öňünde tutýar.*

Öňde bellenilen maksatlar, wezipeler we olary amala aşyrmagyň zerurlygy gözegçiligiň bitewi ulgamyny kemala getirýär. Bu ulgam öz içine gözegçiligiň obýektleriniň, subýektleriniň, tehnologiýalarynyň hem-de serişdeleriniň tutuş jemini alýar. Bu ulgamyň çäklerinde gözegçiligiň görnüşlerini, tärlerini we usullaryny aýratyn belleýärler.

Şeýlelikde, gözegçiligiň iki esasy görnüşi bardyr – passiw (netijeleýin) we işjeň gözegçilik.

***Passiw gözegçilik*** *anyk bellenilen wagtynda, haýsydyr bir iş tamamlanandan soň ýerine ýetirilýär. Başgaça aýdanyňda, passiw gözegçilik tabşyrylan işiň ýerine ýetirilişini barlamakdyr.*

***Gözegçiligiň işjeň görnüşinde*** *bolsa dolandyryşyň obýektine kabul edilen çözgüdi ýerine ýetirmek işiniň tutuş dowamynda işjeň täsir edilýär. Munuň özi dolandyryş ulgamynyň bökdençsiz işlemegini üpjün etmekde ýüze çykýan ýalňyşlyklary we kemçilikleri öz wagtynda ýüze çykarmaga we aradan aýyrmaga, şonuň ýaly-da peýda bolýan oňyn ýagdaýlary we amatlyklary netijeli peýdalanmaga mümkinçilik berýär.*

Wagt araçägi boýunça gözegçiligiň deslapky, aralyk (gündelik) we netijeleýin görnüşlerini tapawutlandyrýarlar.

**Deslapky gözegçilik** kabul edilen çözgütleri uzagyndan durmuşa geçirmek işlerine gönükdirilendir. Gözegçiligiň bu görnüşi tabyn bolan ähli edaralaryň (düzüm birlikleriniň) öňünde bellenilen wezipe borçlaryny, kesgitlenen täze sepgitleri, görkezmeleri, buýruklary,

meýilnamalaýyn maksatlary ýerine ýetirmäge taýýarlygynyň düýpli barlanylmagyny göz öňünde tutýar, şonuň ýaly-da kabul edilen hereket ediş maksatnamasynyň ýerine ýetirijilere doly möçberde ýetirilişiniň we özleşdirilişiniň yzygiderli derňelip durmagyny öz içine alýar. Şunda meýilnamalaşdyrylan çäreleri ýerine ýetirmegiň elýeterliligine, munuň üçin zerur bolan serişdeler we gorlar bilen üpjünçiligiň derejesine takyk baha berilýär.

**Aralyk (gündelik) gözegçilik** dolandyryş çözgütlerini amala aşyrmak boýunça çäreleriň bitewi toplumyndan eriş-argaç bolup geçýär. Gündelik gözegçilik öz içine bellenilen meýilnamalaryň ýerine ýetirilişine, meýilleşdirilen çäreleriň öz wagtynda we dolulygyna berjaý edilişine, şeýle-de amala aşyrylýan hereketleriň kabul edilen çözgütlere laýyklygyna yzygiderli seljermeleriň geçirilmegini göz öňünde tutýar.

Gözegçiligiň bu görnüşi kabul edilen çözgütleri (meýilnamalary) durmuşa geçirmek çäreleriniň guralyşynda we ýerine ýetirilişinde ýol berlen kemçilikleri ýüze çykarmaga, olary aradan aýyrmak üçin goşmaça düzgünleşdiriş çözgütlerini öz wagtynda kabul etmäge mümkinçilik berýär.

**Netijeleýin gözegçiligi** gözegçiligiň ýokarda beýan edilen iki görnüşiniň sazlaşykly birleşdirilen usuly hökmünde teswirläp bolar. Başgaça aýdanyňda, geljekde hereket etmegiň täze maksatnamasyny işläp taýýarlamak maksady bilen edaranyň (düzüm birliginiň ýa-da işgäriň) kesgitli alnan döwürde ýerine ýetiren işleriniň netijeleri düýpli seljerilýär, toplanan oňyn we oňaýsyz tejribeler, ýagdaýlaryň üýtgemek meýilleri birin-birin öwrenilýär.

Dolandyryş ulgamyna bolan gatnaşygyna baglylykda gözegçiligiň daşky we içki görnüşlerini tapawutlandyrýarlar.

Aç-açanlaşdyrylan gözegçiligiň pudaklaýyn dolandyryş edarasyna degişli bolan we ondan daşarky görnüşleri bardyr.

**Pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň çygryndan daşdaky** gözegçiligiň iki görnüşi bardyr, olar:

a) pudakdan daşarky ugrukmaly gözegçilik;

b) pudaklaýyn ugrukmaly gözegçilik.

Bularyň birinji görnüşine maliýe-karz we salgyt edaralary tarapyndan amala aşyrylýan gözegçiligi, ýol hereketi, ýangyna garşy

we ş.m. kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek we üstünden aýlanmak çäreleri degişli edilýär. Gözegçiligiň bu görnüşine mahsus bolan alamatlaryň hatarynda onuň guramalara we fiziki şahslara, şonuň ýaly-da döwlet we döwlete degişli bolmadyk guramalara deň derejede öz gerimini ýaýradýandygyny görkezýärler.

Pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň çygryndan daşdaky gözegçilik we üstünden aýlanmak çäreleriniň pudaklaýyn ugrukmaly görnüşi aýratynlykda alnan bir pudagyň çäginde ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmäge gönükdirilendir. Onuň obýektleri bolup döwlete degişli, döwlete degişli bolmadyk edaralar, şonuň ýaly-da fiziki şahslar çykyş edip bilýär.

Gözegçiligiň bu görnüşine aýdyň mysal hökmünde arassaçylyk-keselleriň ýaýramagyna garşy alnyp barylýan gözegçiligi görkezmek bolar, ol milli saglygy goraýyş ulgamynda ýaýbaňlandyrylýar hem-de edaralar, guramalar we fiziki şahslar babatynda amala aşyrylýar.

Gözegçiligiň bu görnüşiniň beýleki bir ugry hökmünde ýokary bilim ulgamynda amala aşyrylýan döwlet gözegçiligini; ulagy peýdalanmak kadalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi we ş.m. görkezmek bolar.

**Pudaklaýyn ugrukmaly gözegçiligiň** ýöriteleşdirilen görnüşleri, esasan, ol ýa-da beýleki pudaklaryň aýry-aýry obýektlerinde ýaýbaňlandyrylýar. Onuň maksatlary we anyk görnüşleri gözegçilikde saklanylýan obýektleriň alyp barýan esasy işiniň özboluşly aýratynlyklary bilen kesgitlenilýär. Meselem, demir ýol ulagynda hereket howpsuzlygynyň üpjün edilişi, deňiz ulagynda bolsa – deňizde ýüzmegiň howpsuzlygynyň kadalarynyň berjaý edilişi pugta gözegçilikde saklanylýar.

Gözegçiligiň pudaklaýyn dolandyryş edarasyna degişli bolan we ondan daşarky görnüşleriniň tapawutly aýratynlyklarynyň hatarynda şulary görkezmek bolar:

- ***birinjiden,*** *ol gözegçilikde saklanylýan obýektleriň önümçilik-hojalyk hem-de maliýe işine gatyşyp bilmeýär;*
- ***ikinjiden,*** *onuň subýektleri bellenilen möçberdäki administratiw ygtyýarlyklaryna eýedir.*

Döwlet dolandyryş ulgamynda **gözegçiligiň** şu aşakdaky **tärleri** netijeli peýdalanylýar.

**Düzüm birlikleriniň we işgärleriň hasabatlary,** adatça, kesgitli alnan wagt araçäginde geçirilen işiň bellenen bir nusgada ýa-da erkin görnüşde beýan edilen teswirini öz içine alýar. Binýatlaýyn esas hökmünde, esasan hem, meýilnamalaýyn (ýyllyk, ýarym ýyllyk we ş.m.) döwür alynýar. Aýratyn möhüm ähmiýetli çäreleriň ýerine ýetiriliş netijeleri boýunça hasabatlar olaryň amala aşyrylan möhletlerine garamazdan taýýarlanyp tabşyrylýar.

Ýolbaşçylaryň talap etmegi boýunça hasabatlaryň beýleki görnüşleri, meselem, aýry-aýry işgärler, önümçilikler, desgalar, buýruklar, görkezmeler, iş ugurlary we ş.m. boýunça soralyp alnyp bilner. Hasabatlara garamak islendik ýolbaşçynyň işinde amala aşyrylýan gözegçilik çäreleriniň esasy görnüşi bolup durýar.

**Ýygnaklarda, mejlislerde, maslahatlarda, degişli edaralaryň (düzüm birlikleriniň) ýolbaşçylarynyň iş ornunda hasabatlary diňlemek** gözegçilik iş tejribesinde ýeterlik derejede giň ulanylýan tärdir. Gözegçiligiň bu görnüşine adalatlylyk hem obýektiwlik (hakykata has laýyklyk) ýaly häsiýetler mahsusdyr.

**Amala aşyrylýan işlere ulgamlaýyn esasda gündelik gözegçilik etmek** – gözegçilikde saklanylýan adamlar tarapyndan ýokarda duran dolandyryş edaralarynyň çykaran çözgütleriniň, edaranyň (düzüm birliginiň) ýolbaşçysynyň beren tabşyryklarynyň, beýleki wezipe borçlarynyň, şeýle-de öz kararlarynyň we çözgütleriniň ýerine ýetirilişini yzygiderli barlamakdyr.

Şu maksat bilen gözegçilikde saklanýanlaryň alyp barýan işiniň many-mazmunyny açyp görkezýän gündelik maglumatlar gözegçiligiň subýektine wagtly-wagtynda berilýär, düýpli öwrenilýär we olara baha berilýär.

**Resminamalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik** öz içine gözegçilik kartotekanyň alnyp barylmagyny hem-de gözegçiligiň awtomatlaşdyrylan ulgamlarynyň netijeli peýdalanylmagyny alýar, bular maglumatlaýyn hyzmatlary guramagyň möhüm ugurlary bolup durýar.

Indi **gözegçiligiň öňünde goýulýan meseleler** dogrusynda durup geçeliň:

*- resminamalaryň ýerine ýetirilişi boýunça öňünden duýduryş (deslapky) gözegçiligini alyp barmak;*

*- resminamalaryň aýry-aýry toparlarynyň ýerine ýetirilişiniň ýagdaýy barada ýolbaşçylary habardar etmek (gündelik gözegçilik);*

*- nobatdaky gözegçiligi amala aşyrmak.*

Öz-özüňe gözegçilik etmek – şahsyýetiň (işgäriň) öz şahsy iş ýagdaýyny bellibir düzgüne salmagy, ýagny, adamyň öz işine özbaşdak gözegçilik etmegidir. Gözegçiligiň bu görnüşi ýerine ýetirilýän işiň netijeliligini ýokarlandyrmak, sarp edilýän iş wagtyny tygşytlamak, peýdalanylýan zähmet usullaryny, tärlerini we tehniki serişdelerini ulanmagyň has netijeli ugurlaryny ýüze çykarmak maksady bilen amala aşyrylýar.

Öz-özüňe gözegçilik etmegi şahsyýetiň (işgäriň) hünär kämilliginiň, ýokary guramaçylyk ukybynyň hem-de erk taplylygynyň möhüm alamaty hökmünde ykrar edýärler. Şeýle häsiýet ynsaply, iş başarjaň hem tutanýerli işgärlere mahsusdyr. Öz işiňi seljermegiň möhüm serişdesi hökmünde öz-özüňe gözegçilik etmek, hususan-da, öz alyp barýan işiň netijeliligine onuň aralyk we ahyrky netijelerinden ugur alyp baha bermäge mümkinçilik berýär.

**Gözegçiligiň usullary** işleriň ýagdaýyny, işleriň barşyny, çykarylan çözgütleriň ýerine ýetirilişini, hereket edýän kanunçylygyň we ahlak kadalarynyň berjaý edilişini we ş.m. barlamagyň netijeli usullarydyr.

Guramanyň gündelik iş tejribesinde gözegçiligiň has netijeli usulynyň dogry saýlanyp alynmagyna uly ähmiýet berilýär. Bellenilen maksatlary amal etmek we ýokary sepgitlere ýetmek üçin dürs ýollary, ýalňyşsyz usullary saýlap almak zerur. Bu maksatlara ýetmekde dolandyryş işini guramak üçin peýdalanylýan esasy gözegçilik usullary bolan – synlamak, derňemek, synagdan geçirmek oňat ýardam edýär.

**Gözegçiligiň synlamak usuly** *hemişelik we üznüksiz esasda, meselem, kabul edilen çözgütleri ýerine ýetirmegiň guralyşyna, çäreleriň geçirilişine, zähmetkeşler toparynda adamlaryň arasyndaky ahlak we adamkärçilik gatnaşyklarynyň ýagdaýy we ş.m. ýaly ugurlarda peýdalanylýar. Bu usul uly bolmadyk düzüm birlikleriniň derejesinde has*

*giňden ýaýrandyr: bu ýerde synlama barlaglaryny geçirmek hem, olar boýunça netijeleri çykarmak we amala aşyrmak hem aňsat bolýar.*

*Iri möçberli zähmetkeşler toparynyň başyny tutýan ýolbaşçylar derejesinde gözegçiligiň synlamak usulynyň gapdaly bilen statistiki maglumatlary toplamak, goşmaça kömekçileri, referentleri, maglumat beriş-seljerme, kuratorçylyk, barlag we beýleki düzüm birlikleriniň işe çekilmegi bilen çylşyrymly seljerme barlaglaryny geçirmek ýaly netijeli iş usullary sazlaşykly peýdalanylýar.*

**Gözegçilik derňewi,** *adatça, aýry-aýry meseleler, aýry-aýry düzüm birlikleri ýa-da işgärler boýunça amala aşyrylýar. Şu maksat bilen degişli resminamalar düýpli öwrenilýär, işgärler bilen sowal--jogap alyşmalar (söhbetdeşlikler) geçirilýär.*

*Gözegçiligi derňemek usuly belli bir maksada gönükdirilenligi bilen häsiýetlendirilýär, tematiki barlagdan tapawutlylykda ol haýsydyr bir anyk alnan mesele boýunça eýýäm ýörgünli bolan pikiri ýa-da netijäni doly tassyklaýar ýa-da ony düýbünden inkär edýär.*

**Gözegçiligiň synagdan geçirmek** *usulyny ýeterlik derejede jedelli, çekeleşikli çözgütleri barlamak boýunça ýüze çykýan çylşyrymly ýagdaýlarda, şol çözgütleriň delillendirilendigini we esaslandyrylandygyny jikme-jik barlamak maksady bilen peýdalanýarlar.*

Guramalarda ýola goýlan gözegçilik ulgamy yzygiderli kämilleşdirilýär hem-de hakykat ýüzünde bar bolan zerurlyklara we isleglere kybaplaşdyrylýar.

**Gözegçilik işini guramagyň ýörelgeleri** barada aýdanymyzda, olar ylmy barlaglaryň netijeleri boýunça kemala gelendir hem-de iş tejribesinde düýpli seljerilendir.

**Maksatlaryň amal edilmegini kepillendirmek ýörelgesi** *gözegçiligiň öňünde bellenilen meýilnamanyň ýerine ýetiriljekdigini kepillendirmek wezipesiniň durandygyny görkezýär, ýagny gözegçilik meýilnamanyň berjaý edilmeginde ýol berlen kemçilikleri ýüze çykarmaga hem-de ýerine ýetirilýän işiň (ýerine ýetirilýän çäreleriň) mazmunlaýyn bölegine düzedişleri girizmek boýunça çäreleriň binýatlaýyn esaslaryny kemala getirmäge mümkinçilik berýär.*

**Gözegçiligi geljege gönükdirmek ýörelgesi** *geçmişi, häzirki döwri we geljegi bir sapaga düzmek arkaly oňyn netije gazanmagy*

*aňladýar, ýagny gözegçilik edilýän obýektiň işiniň geçmişdäki we häzirki ýagdaýy näçe düýpli öwrenilse, geljege bolan iş meýilnamalary şonça-da netijeli bolýar, ozal ýol berlen ýalňyşlyklaryň we kemçilikleriň öňüni almaga, bar bolan goşmaça mümkinçilikleri netijeli özleşdirmäge oňyn ýagdaý döreýär.*

Gözegçilik wezipelerini amala aşyrmakda islendik ýolbaşçy, ilki bilen, bu çärelere berilýän wagtyň çäklidigini göz öňünde tutmalydyr, çünki iş ýüzünde netijeli hereket edýän gözegçilik ulgamynyň döredilmegi ozal kabul edilen dolandyryş çözgütleriniň ýerine ýetirilişiniň deslapdan, ilkibaşdan pugta gözegçilikde saklanmagyny aýrylmaz şert edip goýýar. Şeýle usulda ýola goýlan gözegçilik bellenilen meýilnamalaýyn çäreleri amal etmegiň islendik tapgyrynda öňüni alyş häsiýetli düzedişleri girizmek zerurlygynyň ýüze çykandygy baradaky habarlaryň yzygiderli gelip gowşup durmagyny talap edýär.

***Gözegçiligiň dowamynda çaklamak ýörelgesiniň*** *many-mazmuny gözegçilik edilýän işlerde hakykat ýüzünde bar bolan käbir alamatlary hasaba almak bilen, geljekde ol ýa-da beýleki ýalňyşlyklaryň ýa-da kynçylyklaryň ýüze çykyp biljekdigini çaklap bolýandygyny aňladýar. Döwlet dolandyryş tejribesinde soňky ýyllarda düzüm birlikleriniň (we işgärleriň) gazanýan ahyrky iş netijelerine statistiki hasabatlary arkaly gözegçilik etmek usuly has giňden ýaýrap başlady. Bu usula, başgaça, iş netijeleriniň hiliniň statistiki gözegçiligi diýilýär.*

Takyk guralan hasabatlylyk ulgamynyň işlenip taýýarlanylmagy we ornaşdyrylmagy, hasabatlylygyň wagtly-wagtynda derňelmegi hem-de oňa tutuş gulluk işiniň ýagdaýy babatynda-da, aýry-aýry düzüm birlikleriniň (işgärleriň) alyp barýan işi nukdaýnazaryndan hem düýpli seljermeleriň geçirilip durulmagy gözegçilik işini netijeli ýola goýmagyň aýrylmaz şerti bolup durýar.

**Hasabatlylyk** – gulluk işini dolandyrmagyň ýagdaýyny we ösüş aýratynlyklaryny, şonuň ýaly-da, aýratynlykda alnan edaranyň (düzüm birliginiň) tutuş işini hemmetaraplaýyn häsiýetlendirýän umumylaşdyryjy görkezijileriň bitewi ulgamydyr. Hasabatlylyk

dolandyryş işinde amala aşyrylýan gözegçilik wezipesiniň möhüm bölegi bolup durýar.

Hasabatlaryň dürs işlenip taýýarlanylmagyny hem-de öz wagtynda tabşyrylmagyny üpjün etmek ýolbaşçynyň möhüm wezipe borçlarynyň biridir. Dolandyryş işinde zerur bolan maglumatlary almagyň ýöriteleşdirilen bir usuly hökmünde hasabatlylygyň täze iş çözgütlerini kabul etmek, bar bolan ýagdaýlara dürs baha bermek we geljekde durmuşa geçirilmeli işleri netijeli guramak üçin gerekdigini bellemek zerurdyr.

Islendik guramanyň işinde **hasabatlylygyň iki görnüşini** tapawutlandyrýarlar:

- *statistiki hasabatlylyk* gözegçilikde saklanylýan işiň mukdar görkezijilerini beýan edýär;

- *teswirleýin hasabatlylyk,* esasan, işiň hil görkezijilerini öz içine alýar.

Tabşyrylýan möhletlerine baglylykda hasabatlylygyň yzygiderli (döwürleýin) hem-de ol ýa-da beýleki ýagdaý bilen baglylykda berilýän görnüşleri bardyr. Mundan başga-da, hasabatlylyk dilden ýa-da ýazmaça görnüşde taýýarlanyp bilner. Amala aşyrylan işleriň netijeleri çykarylanda hem-de degişli hasabatlar işlenip taýýarlanylanda, guramanyň iş ýagdaýlarynyň doly we töwerekleýin maglumatlary bir ýere jemlenilýär. Hasabaty taýýarlamagyň baş maksady guramanyň işiniň haýsy ugurlarynda, haýsy tapgyrynda nähili ýalňyşlyklara we kemçiliklere ýol berlendigini takyk kesgitlemekden ybaratdyr. Hasabat guramanyň (iş düzüminiň) bellenilen wagt araçäginde alyp baran işleriniň umumylaşdyrylan görkezijilerde we maglumatlarda beýan edilen netijeleriniň teswiridir.

**Gözegçilik çäreleriniň** (proseduralarynyň) her bir görnüşi (barlag (audit), derňew, gözden geçirmek we ş.m.) dolandyryşyň degişli wezipesiniň many-mazmunyny açyp görkezýär.

**Gözegçilik işi yzly-yzyna dowam edýän şu aşakdaky tapgyrlardan ybaratdyr:**

1. Gözegçilik barlagyny we ony geçirmek boýunça guramaçylyk çärelerini meýilleşdirmek.
2. Derňewe taýýarlanmak.
3. Gözegçilik barlagyny geçirmek.

4. Gözegçiligi amala aşyrýan edara (şahs) tarapyndan derňew delilnamasynyň düzülmegi, ara alnyp maslahatlaşylmagy we kabul edilmegi, bu resminama esasynda degerli çözgütleriň we kararlaryň çykarylmagy we olar barada gyzyklanma bildirýän edaralaryň, guramalaryň, şahslaryň habardar edilmegi.

5. Barlagyň maglumatlary esasynda kabul edilen çözgüdiň durmuşa geçirilmegi.

6. Gözegçiligi amala aşyrýan edaranyň (wezipeli adamyň) kabul eden ýa-da onuň beren maglumatlary esasynda kabul edilen çözgüt boýunça berilmesi mümkin bolan arza-şikaýatlara garamak.

7. Kabul edilen çözgütleriň, şonuň ýaly-da derňew delilnamasynda beýan edilen maslahatlaryň we teklipleriň hakykat ýüzünde ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek.

Islendik derňew deslapdan meýilnamalaşdyrylýandyr. Gözegçilik işlerine taýýarlanmazdan öň olary geçirmek baradaky çözgüt çykarylýar.

**Derňewiň bu tapgyrynda şu hereketler hökmany suratda berjaý edilýär:**

- *derňelýän obýektiň ýolbaşçysyna habar berilýär (duýdansyz geçirilýän derňewler bilen bagly ýagdaýlar muňa degişli däldir);*
- *derňewiň jikme-jik maksatnamasy işlenip düzülýär, onda gözegçilik barlagynyň maksady, esasy wezipeleri hem obýektleri, gözegçilige gatnaşjaklaryň sanawy, gözegçiligi geçirmegiň deslapky möhletleri birin-birin görkezilýär; derňewe gatnaşýanlara iş gözükdirmesi berilýär, ýagny garaşylýan maglumatlary we görkezijileri seljermegiň esasy usullary hem-de tärleri barada aýdylýar, her bir derňewçiniň iş alyp barjak ugry we meseleleri kesgitlenilýär;*
- *derňew toparlary, iş toparlary üçin iş meýilnamalary we ýatlama hatlary, şonuň ýaly-da olaryň ýerine ýetirmeli ýumuşlary jikme-jik işlenip taýýarlanylýar.*

Gözegçilik derňewi gözegçilik edýän edara tarapyndan derňew geçirmäge hukuk berýän resminamanyň derňelýän obýektiň ýolbaşçysyna berlen pursadyndan badalga alýar. Şeýle resminama derňewi amala aşyrýan adamlar barlanýan obýektde işlemedik ýagdaýynda talap edilýär.

Edara-kärhanalaryň maliýe-hojalyk işini, dolandyryş edaralary tarapyndan býujetiň ýerine ýetirilişini we ş.m. derňemegiň, barlamagyň jikme-jik düzgün-tertibi bu ugra ýörite ygtyýarly edaralar tarapyndan işenip düzülen gözükdirmeler bilen tassyklanylýar.

**Derňew delilnamalary** – hereket edýän kanunçylyga laýyklyk, esaslandyrylan hem-de obýektiw häsiýetine eýe bolmak talaplaryna doly laýyk gelmeli resminamalardyr. Niýetleniliş maksadyna baglylykda delilnama-resminamalar başlangyç, aralyk we jemleýji görnüşlere bölünýär.

Derňewiň jemlerini beýan edýän resminamalaryň görnüşiniň köpdügini bellemek gerek. Olara derňew delilnamalaryny, güwähatlary, ekspertiza barlagynyň netijenamalaryny, synlary, maglumatlary, bilermeniň hasabatyny we beýlekileri degişli edýärler.

Emma nähili atlandyrylandygyna garamazdan, derňewiň jemleýji resminamasy öz içine şu aşakdaky maglumatlary almalydyr:

- *nirede, näme, haçan barlagdan geçirilipdir;*
- *derňelýän obýektiň işinde ýetilen oňyn sepgitler, möhüm görkezijiler, aýdyň öňegidişlikler;*
- *barlagyň barşynda ýüze çykarylan kemçilikler hem düzgün bozulmalary, olaryň many-mazmuny, haýsy görnüşde ýüze çykandygy, dowam eden möhletleri; eger-de düzgün bozulmalar ýüze çykarylan bolsa – haýsy hukuk namalarynyň haýsy kadalary, haýsy talaplary bozulandygy anyk görkezilmelidir;*
- *ýol berlen kemçilikleriň we düzgün bozulmalarynyň ýüze çykmagyna sebäp bolan ýagdaýlar baradaky maglumatlar;*
- *ýol berlen kemçilikleriň netijeleri, şol sanda ýetiren zyýany we beýleki zeleli baradaky maglumatlar;*
- *kemçilikleriň we düzgün bozulmalarynyň ýol berilmegine günäkär adamlaryň anyk atlary;*
- *barlagy geçirýän edara (wezipeli adam) tarapyndan derňewiň barşynda ýüze çykarylan kemçilikleriň, gödek kanun bozulmalarynyň öňüne böwet goýmak boýunça öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde amala aşyran çäreleri;*
- *ýüze çykarylan kemçilikleri we düzgün bozulmalaryny, olaryň sebäplerini aradan aýyrmak, ýetirilen maddy we ruhy zeleliň öwezini*

*dolmak, günäkär adamlary jogapkärçilige çekmek boýunça maslahatlar we teklipler.*

Käbir ýagdaýlarda derňew delilnamalarynda ýolbaşçylaryň ýüze çykarylan ýalňyşlyklary we kemçilikleri aradan aýyrmaga borçlandyrylýan anyk möhletleri görkezilýär. Gözegçilik derňewiniň netijeleri boýunça kabul edilen çözgüdiň dürs berjaý edilmegi gözegçiligiň ýokary derejeden netijeli bolmagynyň möhüm şertidir, çünki diňe bilermenleriň beren maslahatlarynyň, görkezmeleriniň dürs we doly berjaý edilen ýagdaýynda ýüze çykýan kemçilikleri aradan aýryp, guramanyň işini düýpli kadalaşdyryp bolýar. Munuň özi ozal ýol berlen kemçilikleriň we düzgün bozulmalarynyň geljekde netijeli öňüni almaga ýardam edýär.

Derňewiň netijeleri boýunça berlen maslahatlaryň we teklipleriň berjaý edilişini gaýtadan barlamak bilen, derňew edaralary dolandyryş edaralarynyň işini has-da işjeňleşdirýär, olara dolandyryş işiniň netijeliligini we hilini ýokarlandyrmaga ýakyndan ýardam berýär.

**Adalgalar**

*1.Döredijilikli çemeleşme*
*2. Önjeýlilik*
*3. Ulgamlaýynlyk*
*4. Deslapky gözegçilik*
*5. Derňewiň netijeleri*

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Netijeli ýola goýlan gözegçilik işi nämäni üpjün edýär?
2. Gözegçiligiň wezipeleri we görnüşleri barada giňişleýin aýdyp beriň.
3. Gözegçiligiň deslapky, aralyk (gündelik) we netijeleýin görnüşlerine kesgitleme beriň.
4. Pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň çygryndan daşdaky gözegçiligiň görnüşi barada aýdyp deriň.
5. Dolandyryş işini guramak üçin peýdalanylýan esasy gözegçilik usullary barada aýdyp beriň.
6. Derňewiň jemleýji resminamasy öz içine haýsy maglumatlary almaly?

# V BAP

# DÖWLET STRATEGIKI DOLANDYRYŞYŇ NETIJELILIGI WE DÖWLET GULLUKÇYLARYNY TAÝÝARLAMAGYŇ ULGAMY

## 5.1. Döwlet strategiki dolandyryşyň netijeliligi düşünjesi

**«Işiň netijeliligi»** *düşünjesi islendik işiň, şol sanda dolandyryş işiniň hem, öndürijilikli, önümli, netijeli hökmünde beýan edilmegi bolup durýar.*

Ykdysady ylymda ykdysady netijelilik kategoriýasy we oňa baha bermegiň degişli ölçegleri (kriterileri) işlenip taýýarlandy. Häzirki zaman menejmentinde hem bazar bäsleşigi şertlerinde guramany (firmany) dolandyrmak babatynda edil şonuň ýaly çäreler göz öňünde tutulýar.

Işi guramagyň we dolandyrmagyň häzirki zaman ylmy nazaryýetinde **dolandyryş ulgamynyň netijeliligi** dolandyryş ulgamynyň degerliligi, onuň özbaşdaklygy, guramaçylyk we öz-özüňi dolandyryş derejesi, guramanyň çeýeligi, uýgunlaşyjylygy, kollektiwiniň jebisligi we ş.m. bilen häsiýetlendirilýär.

**Dolandyryş işiniň netijeliligine** subýektiň dolandyrylýan obýekte edýän täsiriniň özüniň netijeliligi hökmünde düşünilýär. Menejment ylmy nazaryýetinde dolandyryşyň netijeliligi meselesine degişli häzirki zaman ylmy işläp taýýarlamalara seredilýän mahalynda, soňky ýyllarda dürli guramaçylyk medeniýetleriniň çäklerinde netijelilige differensirleme esasynda seretmäge barha uly üns berilýändigini belläp geçmek gerek.

Guramaçylyk medeniýetiniň her bir tipi guramaçylyk işiniň netijeliliginiň ölçeglerini we dolandyryş liderliginiň tärini (stil) kesgitleýär. Dolandyryş wezipelerini çözmekde netijeliligi gazanmak

üçin özüňi alyp baryş modelini saýlap almak zerurdyr. Dolandyryş işi diňe bir guramaçylyk medeniýetini ösdürmäge täsir etmän, eýsem onuň önümi hem bolup durýar. Şeýlelikde, dolandyryşyň netijeliligine seljerme geçirmek guramaçylyk medeniýetlerine geçirilýän seljerme bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Menejment ylmy nazaryýeti ugrunda netijelilige geçirilen ylmy barlaglar edara ediş-dolandyryş ulgamynda netijelilik meselesine çemeleşmelere hem düýpli täsir etdi. Bu ýerde iki esasy çemeleşme emele geldi.

Olaryň birinjisi döwlet-edara ediş dolandyryşynyň menejmentden bu ugurda netijeliligiň aýratyn nazaryýetini işläp taýýarlamak bilen meşgullanar ýaly derejede düýpli tapawutlanmaýandygyndan ugur alýar.

**«Netijelilik»** adalgasy dürli hili ulanylýar. Adaty gürrüňçilikde nämedir bir zat «netijeli» diýilmegi «gowy» ýa-da «gowy boljak ýagdaý» diýen ýaly ähmiýetli bolýar. Adalganyň iki manysy bardyr, çünki nämäniň «gowudygy» biziň ulanýan gymmatlyklarymyza bagly bolup durýar. Şonuň üçin hem syýasatda «netijelilik» baradaky çekişmeleriň hakykatdan hökümetiň haýsy gymmatlyklary durmuşa ornaşdyrylmalydygy baradaky jedeller bolup durýandygy geň däldir.

Şerişdeleri we maksatlary paýlamaga taýýar bolan ýagdaýlarymyzda biz, netijelilige goşulmadyk (neýtral) çäkli serişdeleri peýdalanmak ýoly bilen, maksatlarymyza aňrybaş derejede ýetmek hökmünde kesgitleme berip bileris. Adalganyň şu manysy dolandyryşyň däp bolan ylmy nazaryýetine köp babatda laýyk gelýär.

Döwlet dolandyryş işiniň ölçäp bolýan iki düzüm bölegini görkezip bolar: tehniki netijelilik we ykdysady netijelilik. **Döwlet dolandyryşynyň tehniki netijeliligi** «jemgyýetçilik maksatlaryny» hasaba almak bilen, işiň maksatlaryna ýetilen dereje bilen kesgitlenýär. **Döwlet dolandyryşynyň ykdysady netijeliligi** edilýän hyzmatlaryň möçberiniň gymmatynyň munuň üçin çekilen serişdeleriň möçberiniň gymmatyna gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär.

**Ykdysady netijelilik** döwlet dolandyryş ulgamyndaky işleriň içerki ýagdaýyny görkezýär, **tehniki netijelilik** bolsa, onuň jemgyýetiň ýagdaýyna edýän täsirini hasaba almak bilen, döwlet dolandyryşynyň daşky gurşawyň talaplaryna laýyk gelşini görkezýär.

Ikinji paradigmada döwlet dolandyryşynyň netijeliligine syýasy dolandyryş ylmy nazaryýetiniň çäklerinde seredilýär. Başgaça aýdylanda, döwlet dolandyryşyna ulgamlaryň görnüşleriniň birindäki dolandyryş hökmünde däl-de, eýsem döwlet ulgamynyň onuň bilen bir hatarda häkimlilik we kadalaşdyryjy-hukuk jähtlerini öz içine alýan möhüm jähtleriniň biri hökmünde seljerme geçirilýär.

Häkimiýetiň netijeliligine degişli baha beriş we deňeşdirme-baha beriş manysyndaky garaýyşlar, köplenç halatda, netijeliligiň öz-özünden düşnükli haýsydyr bir umumadamzat ölçeglerine esaslanmak bilen beýan edilýär.

Dolandyryşyň beýleki görnüşlerinden tapawutlanýan iş hökmünde döwlet dolandyryşynyň aýratynlygy meselesi, bu işiň döwlet häkimiýetiniň kömegi bilen we döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýandygyndan ybaratdyr. Bu ýerde syýasy ýolbaşçylyk, durmuş toparlarynyň we raýatlaryň jemgyýetçilik bähbitleriniň jemlenen beýany bolup durýan syýasat ileri tutulýan orunda çykyş edýär.

Şonuň üçin hem *«döwlet dolandyryşynyň netijeliligi»* düşünjesine we onuň ölçeglerine (kriteriý) mazmun taýdan kesgitleme bermek işi tehniki amal däl-de, eýsem özüne bellibir syýasy nukdaýnazary alýan syýasy subýektiň dolandyryş işiniň elementi bolup durýar.

Netijelilik, köplenç halatda, çözgütleriň degerliliginiň «harajatlar-önüm çykarmak» ýa-da «harajatlar-netijeler» ýaly däp bolan obýektiw görkezijileri bilen däl-de, eýsem syýasy ulgamyň strategik maksatlaryna ýetmegiň we döwletiň umumy bähbitlerini durmuşa geçirmegiň netijeleri bilen dürli görnüşdäki serişdeleri peýdalanmagyň gatnaşygy boýunça kesgitlenýär. Harajatlaryň we netijeleriň gatnaşygy ölçegi aýry-aýry, anyk çözgütleriň netijeliliginiň şertli görkezijisi hökmünde peýdalanylýar, ýöne bu adalgalaryň manysy, aýdalyň, ykdysady seljermedäki manysyna garanyňda has giň derejede teswirlenýär. Iş netijeli – tygşytly (iň pes harajatlar nukdaýnazaryndan) bolup biler, ýöne goýlan durmuş-ykdysady maksatlara ýetmek babatynda doly derejede netijeli bolman biler.

Durmuş-syýasy babatda peýdaly hökmündäki netijeli iş köp ýagdaýda tygşytly, üstesine-de, düşewüntli iş bolup durmaýar. Hatda firmany, kärhanany dolandyrmakda hem ***«netijelilik», «tygşytlylyk», «düşewüntlilik»*** düşünjelerine bir manyly düşünjeler hökmünde se-

redilmeýär. Munuň üstesine-de, gürrüňiň döwlet guramalarynyň we olaryň işi barada gidýän mahalynda, onuň netijeleri we täsirleri jemgyýetçilik prosesleriniň giň toparynda ýüze çykýar.

Aýdylanlar bizi şu netijä getirýär: **döwlet dolandyryşynyň netijeliligi** düşünjesi onda dolandyryşyň durmuş-syýasy taýdan maksadalaýyk we maksada gönükdirilen iş hökmündäki düýp manysy görkezilýän kesgitlemäniň bolmagyny göz öňünde tutýar. Şunuň bilen baglylykda, **döwlet dolandyryşynyň netijeliligi** düşünjesi netijeleriň we ýetilen jemgyýetçilik maksatlarynyň, netijeleriň we peýdalanylan döwlet serişdeleriniň gatnaşygyny aňladýan düşünjedir.

**Guramaçylyk we özara baglanyşykly gurmak, dürli görnüşdäki çözgütleri taýýarlamak we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik ulgamyny gurmak**

**Biri-biri bilen ýakyn aragatnaşygy saklaýjy ýagdaýy gurmak**

**Oýlanyşykly ýöriteleşme we işgärler bilen alnyp barylýan iş**

**Netijelere we jogapkärçilige baha bermegiň gurluşyny ýola goýmak**

**Liderleri görkezmek we olaryň tabynlykdaky işgärler bilen özara hereketini üpjün etmek ulgamy**

**21-nji şekil.** Menejmentde esasy bölekleriň özara amatly sazlaşykly hereketleri

***«Bölekleýin netijelilik» we «doly netijelilik»*** düşünjeleri peýdalanylýar. Olaryň **birinjisi** meseleleriň bir böleginiň, umumy maksadyň aýry-aýry düzüm bölekleriniň netijeli çözülendigini görkezýän görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär; **ikinjisi bolsa,** dolandyrýan subýektiň umumy, ahyrky maksadyny emele getirýän meseleler toplumynyň ählisiniň üstünlikli çözülendigini görkezýän görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. Tutuş döwlet dolandyryş ulgamy üçin seredilýän düşünjä, aglaba ýagdaýda, *«doly netijelilik»* hökmünde düşünilýär.

Häkimiýetiň ýerine ýetiriji pudagynyň netijeliligini ýokarlandyrmak meselelerini çözülmeli meseleleriň has doly işlenen bölegi diýip hasap edip bolar. Bu ýerde dolandyryşyň netijeliligini ýokarlandyrmak babatynda has doly aýdyňlyk gazanyldy.

Ol öňi bilen, edara ediş menejmentiniň esasy kategoriýalarynyň peýdalanylmagy we onuň esasy bölekleriniň özara hereketinde amatly sazlaşygyň gözlenilmegi bilen baglydyr. 21-nji şekilde menejmentde esasy bölekleriň özara amatly sazlaşykly hereketleri beýan edildi.

Türkmenistanyň şertlerine degişlilikde, milli edara ediş ulgamynyň çäklerinde, ýokarda agzalan komponentleriň ählisiniň hereketlerini ulgamlaşdyrmagyň birnäçe oýlanyşykly görnüşleri gurulýar. Gürrüň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenen we Türkmenistanyň Hökümetine tabşyrylan edara ediş özgertmelerini geçirmek barada gidýär. Onuň düýp manysy häkimiýetiň derejesini dolandyryşyň strategik düzgünine gaýtadan gözükdirmek baradaky çözgütleri kabul etmek we durmuşa geçirmek ulgamyny döretmekden ybaratdyr.

Ýerine ýetiriji häkimiýeti özgertmek işinde esasy üns ýerine ýetirmegiň hiline, apparatyň hünärlilik derejesine we başarjaňlygyna, işiň binýatlyk görnüşlerini gönüden-göni gurmaga däl-de, eýsem olar üçin mümkinçilikleri we şertleri döretmäge berilýär.

**Adalgalar**

*Işiň netijeliligi*
*Dolandyryş ulgamynyň netijeliligi*
*Menejment*
*Döwlet strategiki dolandyryşyň tehniki netijeliligi*
*Döwlet strategiki dolandyryşyň ykdysady netijeliligi*
*Bölekleýin netijelilik*
*Doly netijelilik*

**Ýumuşlar**

1. «Işiň netijeliligi» düşünjesine kesgitleme beriň.
2. «Netijelilik» adalgasyna kesgitleme beriň.
3. Döwlet dolandyryşynyň tehniki netijeliliginiň kesgitlenilişini häsiýetlendiriň.
4. Döwlet dolandyryşynyň ykdysady netijeliliginiň kesgitlenilişini häsiýetlendiriň.
5. Menejmentde esasy bölekleriň özara amatly sazlaşykly hereketleri barada aýdyň.

## 5.2. Döwlet strategiki dolandyryşyň netijelilik faktorlary

Döwlet dolandyryşynyň netijelilik faktorlaryny öwrenmäge çemeleşmeler dürli-dürli bolup biler. Degişlilikde, çözgütler hem köp görnüşli bolar. Meselelere netijeliligiň umumy ulgamlaýyn faktorlaryny seljermek jähtinden seredilmegi umumydöwlet ideýa-syýasy we strategik faktorlaryň tutýan ornuny hasaba alýan çemeleşmäni göz öňünde tutýar.

Awtorlaryň köpüsi döwlet dolandyryşynyň netijeliliginiň umumy ulgamlaýyn faktorlarynyň dört toparyny kesgitleýärler. Döwlet strategiki dolandyryşyň netijeliliginiň umumy ulgamlaýyn faktorlary 22-nji şekilde görkezilen.

1. Binýatlyk gymmatlyklar, döwletiň strategik maksatlary, jemgyýetçilik ulgamyny ösdürmegiň modelleri we syýasy ugur. Her bir syýasy ulgamyň özüne mahsus gymmatlyklar ulgamy bardyr.

*Gymmatlyklar* – bu döwletiň umumylaşdyrylan maksatlarydyr, olar döwletiň bähbitleriniň we syýasy strategiýasynyň ruhy esasyny we syýasy strategiýany emele getirýärler. Bu – maksatlaýyn gymmatlyklardyr.

Binýatlyk gymmatlyklar ulgamyna gurallar gymmatlyklary hem girýär, olar maksatlara ýetmegiň jemgyýetçilik tarapyndan makullanylýan serişdelerini görkezýär. Binýatlyk gymmatlyklaryň aýdyňlygy we olaryň jemgyýet (ýa-da onuň köplügi) tarapyndan özüňi alyp barmagyň we işiň esasgoýujy düzgünleşdirijisi hökmünde ykrar edilmegi – häkimiýet we dolandyryş institutlarynyň netijeli hereket etmeginiň zerur şerti bolup durýar.

1. Binýatlyk gymmatlyklar, döwletiň strategik maksatlary, jemgyýetçilik ulgamyny ösdürmegiň modelleri we syýasy ugur.

2. Döwlet häkimiýeti we dolandyryş ulgamyny hem-de syýasy we hukuk giňişliginde bitewi göwre hökmünde hereket etmegini guramak.

3. Döwlet gullugynyň ýagdaýy, onuň ileri tutulýan görnüşleri, dolandyryş işiniň usullary we tärler, hünärlilik, ilatyň häkimiýetlere bolan ynam derejesi we döwleti dolandyrmaga gatnaşma derejesi.

4. Jemgyýetiň ykdysady, syýasy, sosial taýdan durnuklylygy.

**22-nji şekil.** Döwlet strategiki dolandyryşyň netijeliliginiň umumy ulgamlaýyn faktorlary

2. Döwlet häkimiýeti we dolandyryş ulgamyny hem-de onuň syýasy we hukuk giňişliginde bitewi göwre hökmünde hereket etmegini guramak. Döwlet dolandyryşynyň netijeliliginiň beýleki bir esasy faktory häkimiýet we dolandyryş ulgamyny guramak we onuň bitewi bir göwre hökmünde hereket etmegi bolup durýar. Bu ulgam islendik häzirki zaman ösen döwletinde möhüm orun eýeleýär.

**Döwlet gurluşynyň we syýasy düzgünleriň milli görnüşlerine garamazdan, döwlet dolandyryşynyň netijeliligi şular bilen üpjün edilýär:**

- *döwlet dolandyryş ulgamlarynyň hakyky ýagdaýda bitewüligi, olarda hereket edýän dolandyrýan subýektleriň ählisiniň kadalarynyň ýeke-täkligi bilen;*
- *hukuk babatda durnuklylyk we hukuk medeniýetiniň ýeterlik derejede ýokarylygy bilen;*
- *ähli derejelerde döwlet häkimiýetiniň, şeýle hem ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýokary derejede işe ukyplylygy bilen.*

3. Döwlet gullugynyň ýagdaýy, onuň ileri tutulýan görnüşleri, dolandyryş işiniň usullary we tärleri, hünärlilik, ilatyň häkimiýetlere bolan ynam derejesi we döwleti dolandyrmaga gatnaşma derejesi.

Döwlet gullugynyň ýagdaýy, onuň işiniň hili, ilatyň häkimiýetlere bolan ynam derejesi döwlet dolandyryşynyň netijeliligi meselesini çözmäge gönüden-göni täsir edýän faktorlaryň möhüm toplumy bolup durýar.

Döwlet dolandyryşynyň netijeliligi hünär derejesi ýokary bolan, strategik innowasion pikirlenýän, dolandyryş işiniň demokratik usulyny ileri tutulýan ugur hökmünde ykrar edýän we döwletiň bähbitlerinden ugur alýan häzirki zaman dolandyryjynyň bolmagy bilen göni baglydyr.

Döwlet gullukçylary babatynda hormatly Prezidentimiziň has kämil syýasaty alyp barmagynyň ýene bir sebäbi, häzirki döwürde, ýagny ylymda-bilimde, döwlet işinde täze maglumat tehnologiýalarynyň ulanylmagynyň giň gerim alýan döwründe, döwletiň ýerine ýetirýän işleriniň we wezipeleriniň barha artýan şertlerinde, dolandyryş işgärleriniň hünär taýýarlygynyň derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagynyň hem özboluşly zerurlyga öwrülýänligi bilen baglanyşyklydyr.

Häzirki wagtda işgärleriň hünärlerini kämilleşdiriş ulgamy işjeň kemala getirilýär we kämilleşdirilýär. Ýokary okuw mekdepleriniň binýadynda hünär kämilleşdiriş fakultetleriniň we welaýatlarda merkezleriň açylmagy işgärleriň hünärlerini kämilleşdirmäge, şeýle-de dolandyryjylyk başarnyklaryny kämilleşdirmäge amatly şertler döredýär.

Döwlet gullukçylarynyň işini kämilleşdirmek maksady bilen hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasyny açdy. Hünär ýokarlandyryş edarasynyň esasy wezipesi döwlet gullukçylaryny taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak. Ol döwlet gullukçylarynyň okuwyny amala aşyrýan ähli bilim edaralarynyň we merkezleriň degişli okuw işlerini kadalaşdyryjy usulyýet, ylmy we informasion-seljeriş görkezmelerini we gollanmalaryny işläp düzýän we ýaýradýan esasy merkez bolup çykyş edýär.

Döwlet gullukçylarynyň hünär taýýarlygyny kämilleşdirmegiň ýene-de bir şahasy – hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary neti-

jesinde döwletimizde hereket edip başlan aspirantura ulgamydyr. Her bir döwlet gullukçysy öz hünärini we hünäri boýunça kanunçylygy bilmek bilen çäklenmän, dünýä we milli ykdysadyýeti öwrenmek hem-de olary ykdysadyýetimize uýgunlaşdyrmak bilen bagly meseleleri düýpli öwrenmeli.

Döwlet gullukçylaryny taýýarlamagyň we hünär derejesini ýokarlandyrmagyň ulgamy barada aşakda has giňişleýin beýan edilen.

4. Jemgyýetiň ykdysady, syýasy, durmuş taýdan durnuklylygy. Jemgyýetiň ykdysady, syýasy, durmuş taýdan durnuklylygy döwlet dolandyryşynyň netijeliligini kesgitleýän esasy faktorlaryň biridir. Onuň bolmadyk ýagdaýynda döwlet edaralarynyň meseleleri çözmek we amatly çözgütleri saýlap almagyň mümkin bolup biljek ýagdaýyny döretmek üçin örän köp güýç sarp etmeli boljakdyklary aýdyňdyr.

Durnuklylyk düşünjesi giň manysynda döwlet ulgamy tarapyndan öz institutlarynyň saklanyp galynmagyny we üýtgeýän durmuş gurşawynda esasy wezipeleriniň amala agyrylmagyny aňladýar.

Jemgyýetiň durnuklylygy – bu döwlet dolandyryş ulgamynyň, ykdysady we durmuş düzgünleşdiriş mehanizmleriniň raýatlaryň peýda bolýan isleglerine we garaşmalaryna nähili hem bolsa laýyk seslenip bilýän we olaryň kanagatlandyrylmagyna ýardam edýän ýagdaýy.

Jemgyýetiň durnuklylygy dolandyryş düzümleriniň institual-laşma we döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň kanunylyk (legitimlik) derejesine baglydyr. Döwlet häkimiýetiniň ulgamlaýyn deňagramlylygy we syýasy partiýalaryň dolandyryşa edýän täsiri durnuklylygyň möhüm syýasy faktory bolup çykyş edýär.

**Adalgalar**

*Strategik faktorlar*
*Binýatlyk gymmatlyklar*
*Döwlet häkimiýeti*
*Jemgyýetiň durnuklylygy*
*Döwlet gurluşy*
*Hünär taýýarlygy*

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Döwlet dolandyryşynyň netijeliliginiň umumy ulgamlaýyn faktorlary näçe topara bölünýär?
2. Döwlet dolandyryşynyň netijeliliginiň umumy ulgamlaýyn faktorlary barada aýdyp beriň.
3. «Gymmatlyklar» düşünjesine kesgitleme beriň.
4. Türkmenistanda döwlet gullukçylarynyň işini kämilleşdirmek maksady bilen haýsy edara açyldy we onuň wezipesi haýsylardan ybarat?
5. Binýatlyk gymmatlyklar ulgamyny häsiýetlendiriň.

## 5.3. Döwlet strategiki dolandyryşyň netijeliligini kämilleşdirmegiň serişdeleri

Döwleti «öňegidişlik ýagdaýyna» getirmegiň çeşmeleri, serişdeleri, ätiýaçlyklary, usullary barada biziň ýurdumyzda-da, daşary ýurtlarda-da köp gyzyklanma döreýär. Döwlet dolandyryşyny ösdürmegiň ähli jähtleri boýunça çözgütleriň kabul edilmegi özlerine bagly bolup duran adamlaryň ählisiniň ylmy maglumatlary öwrenmäge we olara akyl ýetirmäge gyzyklanmaklary möhümdir.

Döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmegiň ýola goýlan prosesi maksadalaýykdyr. Ol döwlet dolandyryşynda degişli maksatlary, predmeti, ýörelgeleri we guramaçylygy bolan kiçi ulgamlardan ybaratdyr, onuň düýp manysy ulgamlaýyn jemgyýetçilik gurluşy hökmünde döwlet dolandyryşyna öz-özüni özgertmek, öz-özüni ösdürmek, öz-özüni gowulandyrmak ukybyny bermek bolup durýar.

Döwlet strategiki dolandyryşy kämilleşdirmegiň maksatlaýyn ugry şu aşakdakylardan ybaratdyr (*23-nji şekil*):

Döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmegiň şu umumy maksatlaýyn gözükme ugruny maksatlaryň iki toparyna, ýagny içerki we daşarky maksatlar toparyna bölüp bolar.

*Daşarky maksatlar dolandyryş täsirleriniň netijeliligini ýokarlandyrmakdan, olary tertipleşdirmekden we ulgamlaşdyrmakdan, dolandyrylýan obýektleriň hakyky isleglerine laýyk gelmegini üpjün etmekden durýar.*

*Içerki maksatlaryň durmuşa geçirilmegi dolandyryş ulgamynyň özüniň kämilleşdirilmegini, onuň ykjamlygyny, oýlanyşyklylygyny, içerki herekete ukyplylygynyň gowulandyrylmagyny göz öňünde tutýar.*

**Döwlet strategiki dolandyryşy kämilleşdirmegiň maksatlaýyn ugurlary:**

- döwlet häkimiýeti we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň dolandyryş babatynda edýän täsirleriniň mazmunynyň dolandyrylýan obýekitleriň zerurlyklaryna we kanunalaýyklyklaryna mümkin bolan derejede laýyk gelmegini üpjün etmek;

- döwletiň strategiki dolandyryş komponentleri bilen dolandyrylýan obýektleriň, şeýle hem dolandyryşyň beýleki görnüşleriniň subýektleriniň arasyndaky has netijeli we oýlanyşykly özara baglanyşyklary emele getirmek;

- döwletiň strategiki dolandyryşynyň guramaçylyk taýdan gurluş düzümlerini amatly ýagdaýda (jemgyýetçilik we ykdysady nukdaýnazardan) saklamak;

- dolandyryş üçin harajatlary yzygiderli absolýut we belli bir derejede azaltmaga ýardam etmek;

- döwlet dolandyryş işiniň görnüşleriniň, usullarynyň we beýleki elementleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak.

**23-nji şekil.** Döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmegiň maksatlaýyn ugurlary

Soňra maksatlar seljerilýän obýekte we özgertmelere (döwlet dolandyryşynyň elementlerine, taraplaryna we jähtlerine) baglylykda anyklaşdyrylýar. Şonuň üçin jem döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmek prosesiniň iň möhüm we başlangyç elementi bolup onuň «maksatlar daragty» çykyş edýär, şonuň esasynda hem döwlet

8. Sargyt № 678

dolandyryşyny kämilleşdirmegiň predmeti, düzümi, derwaýyslygy, yzygiderliligi we beýleki ýüze çykmalary kesgitlenýär.

Maksatlar bilen bir hatarda we olaryň esasynda döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmegiň barşynda möhüm element bolup onuň predmeti çykyş edýär.

Döwlet strategiki dolandyryşy kämilleşdirmegiň predmetiniň şunuň ýaly «bölümlerini» (bloklaryny) görkezip bolar (*24-nji şekil*).

1. • Döwlet dolandyryş ulgamynyň dolandyrýan we dolandyrylýan komponentleriniň arasyndaky özara hereketleri yzygiderli we ähli derejeleri we ugurlary gurşap alýan ýagdaýda gowulandyrmak we pugtalandyrmak işi. Bu, esasan, «maksatlar daragtynyň» we döwlet dolandyryşynyň funksional gurluş düzüminiň kämilleşdirilmegini göz öňünde tutýar.

2. • Döwlet dolandyryşynyň jemgyýetçilik mazmunyny barha çuň demokratiýa arkaly üznüksiz ösdürmek.

3. • Döwlet dolandyryş işini barha durmuş, guramaçylyk we hukuk taýdan şertlendirmek, esaslandyrmak we onuň her bir elementiniň netijeliligini gazanmak maksady bilen, ony ulgamlaýyn esasda oýlanyşykly ýagdaýa getirmek.

4. • Dolandyryş iş tejribesine adamyň hakyky ýagdaýy özleşdirmegine ýardam edýän ylmy taýdan usullaryň we serişdeleriň girizilmegini we işde olaryň netijeli ulanylmagyny üpjün edýän maglumat, guramaçylyk we beýleki şertleri, faktorlary we höweslendirmeleri döretmek.

5. • Döwlet dolandyryş gatnaşyklaryna ähli gatnaşyjylaryň arasynda erkin, demokratik, ikitaraplaýyn jogapkärçilikli gatnaşyklary ösdürmegiň durmuş-psihologik faktorlaryny giňden peýdalanmak.

**24-nji şekil.** Döwlet strategiki dolandyryşyny kämilleşdirmegiň predmetiniň «bölümleri»

Döwlet strategiki dolandyryşyny kämilleşdirmegiň maksatlarynyň we predmetiniň çylşyrymlylygy bu iş amala aşyrylanda belli bir ýörelgeleriň peýdalanylmagyny şertlendirýär (*25-nji şekil*).




**25-nji şekil.** Döwlet strategiki dolandyryşyny kämilleşdirmekde peýdalanylýan ýörelgeler

Şu esasy ýörelgeler bölünip görkezilýär. Öňi bilen, bu *ulgamlaýynlyk ýörelgesidir,* ol döwlet dolandyryşynyň funksional we guramaçylyk gurluş düzüminiň haýsydyr bir iri düzüm bölegini, döwlet häkimiýeti we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň kiçi ulgamynyň şu proses bilen gurşalyp alynmagyny şertlendirýär.

***Toplumlaýynlyk ýörelgesi.*** Ol döwlet dolandyryşynyň elementleriniň köpdürlüligini, olaryň taraplaryny, alamatlaryny, jähtlerini hasaba almagy, dolandyryş işlerine hakyky ýa-da bilelikde täsir edýän dürli faktorlaryň, serişdeleriň, görnüşleriň, usullaryň we ş.m. gurşalyp alynmagyny talap edýär.

***Üznüksizlik ýörelgesi*** döwlet dolandyryşyny her gün, ädimme-ädim, gyşarnyksyz kämilleşdirýär.

***Meýilnamalaýynlyk ýörelgesi*** döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmek işiniň maksatlaryna diňe örän gowy meýilnamalaşdyrylan we yzygiderli ýerine ýetirilýän hereketler arkaly ýetilip bilinjekdigine şaýatlyk edýär.

Döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmek işiniň degerli derejede guralmalydygy öz-özünden düşnüklidir. Iş ýüzünde şu meseleleri çözmegiň, esasan, üç usuly emele geldi:

- *dolandyryşyň ol ýa-da beýleki elementlerini oýlanyşykly ýagdaýa getirmegi degişli edaranyň we edaralaryň kiçi ulgamlarynyň işgärleriniň güýji bilen amala aşyrmak (öz başlangyjy boýunça we içerki serişdeleriň hasabyna);*
- *seredilýän gurluş düzümi babatynda daşarky bolup duran çekilen ýöriteleşdirilen (taslama, ekspert we ş.m.) guramalaryň güýji bilen oýlanyşykly ýagdaýa getirmek boýunça teklipleri esaslandyrmak;*
- *degişli edaranyň hem-de daşarky ýöriteleşdirilen guramalaryň wekilleriniň birleşdirilen güýçleri bilen oýlanyşykly ýagdaýa getirmek boýunça taslamalary (meýilnamalary) işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek.*

Ykdysadyýetiň ähli düzüm birlikleriniň kadaly işlemegini üpjün etmek üçin, ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny, şonuň ýaly-da durmuş ykdysady düzümleýin ilerlemeler babatyndaky toplanan peýdaly tejribäni peýdalanmak arkaly dolandyryşyň bar bolan usullarynyň we serişdeleriniň kämilleşdirilmegi zerurdyr.

Dolandyryş düzümi diňe bir innowasion hadysalar we önümçiligiň ugry bilen däl, eýsem hojalygyň ölçegi, esasy serişdeler bilen abzallaşdyrylyş derejesi, kärhanalaryň ýöriteleşmesi we önümçiligiň bir ýere jemlenmegi, çig mal binýadynyň, önümçilik kuwwatynyň derejesi, zähmet resurslary bilen üpjünçilik, önümçiligi dolandyrmagyň pudaklaýyn aýratynlyklary ýaly ençeme alamatlar bilen kesgitlenilýär. Bularyň hemmesi dolandyryşyň düzümi esaslandyrylanda anyk mazmuna eýe bolýar.

Strategiki dolandyryşyň düzümi şu talaplary berjaý etmeklige nazarlanyp emele getirilýär:

- *dolandyryşyň ýörelgeler we usullar ulgamynyň durmuşa geçirilmegi;*
- *dolandyrylýan obýektiň her bir böleginiň dolandyryşyň täsiri bilen gurşalyp alynmagy;*
- *dolandyryşyň netijeliliginiň dolandyryş ulgamynyň tygşytly bolmagy bilen utgaşdyrylmagy.*

Bularyň hemmesi häzirki wagtdaky ýagdaýlary nazara alýan we bazaryň talaplaryna gabat gelýän täze düzümleýin syýasaty hem-de ony amala aşyrmagyň mehanizmini işläp düzmäge we durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär. Bu syýasatyň esasynda senagatyň düzü-

minde ýokary ylmy sygymly, bäsdeşlige ukyply, ýokary tehnologiýaly, netijeli we ekologik taýdan arassa önümçilikleri köpeltmek esasynda hakyky tehniki we tehnologiki öwrülişigi amala aşyrmak üçin şertleri, önümçiligiň durmuş ýaýrawynyň we sarp ediş toplumynyň ösmegine nazarlanmagyny üpjün edýän pudaklaýyn ileri tutmalar goýulmalydyr.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe dolandyryşyň guramaçylyk görnüşlerinde ilerlemeler geçýär. Döwlet kärhanalary bilen bir hatarda, konsernler, paýdarlar jemgyýetleri, bilelikdäki kärhanalar we başgalar döredilýär. Dolandyryşyň täze guramaçylyk görnüşleriniň berkarar bolmagynda eýeçiligiň köpdürli görnüşleriniň mümkinçiliklerini peýdalanmaklyk uly ähmiýete eýe bolýar. Hut şunda hem bazar mehanizminiň ähli bölekleriniň jebis özara baglanyşygy ýüze çykýar.

Strategiki dolandyryşyň guramaçylyk täze görnüşleriniň döremegi we ösmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetini hil taýdan döwrebaplaşdyrmak wezipesini çözmäge ýardam eder.

Aýdylanlary jemlemek bilen, döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmek meselelerinde özbaşdaklygyň (wariasiýalaryň) subýektiw bolmaly däldigini belläp geçmek gerek. Döwlet dolandyryşy (dolandyryşyň beýleki görnüşlerini hem) kämilleşdirmek işini umumydöwlet derejesinde we tutuş jemgyýetiň geriminde düýpli guramak maksadalaýyk bolar.

Köp ýurtlarda, aýratyn hem ösen ýurtlarda, şeýle hem Türkmenistanda öz döwletini, onuň döwlet gullugyny we döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmegiň milli maksatnamalary (meýilnamalary) yzygiderli işlenip taýýarlanýar we durmuşa geçirilýär, munuň üçin ministrlikler, komitetler we ş.m. görnüşinde dürli gurluş düzümleri döredilýär. Syýasy partiýalaryň her biri diýen ýaly özleriniň maksatnamalaýyn resminamalaryna döwletliligi ösdürmäge bagyşlanan bölümi goşýar.

**Adalgalar**

*Öňegidişlik ýagdaýy*
*Döwlet-dolandyryş gatnaşyklary*
*Toplumlaýynlyk ýörelgesi*
*Üznüksizlik ýörelgesi*
*Meýilnamalaýynlyk ýörelgesi*
*Ulgamlaýynlyk ýörelgesi*

**Ýumuşlar**

1. Döwlet strategiki dolandyryşyny kämilleşdirmegiň maksatlaýyn ugry barada aýdyp beriň.
2. Döwlet strategiki dolandyryşyny kämilleşdirmegiň içerki we daşarky maksatlaryny giňişleýin beýan ediň.
3. Döwlet strategiki dolandyryşyny kämilleşdirmegiň predmetiniň „bölümlerini“ kesgitläň.
4. Döwlet strategiki dolandyryşyny kämilleşdirmekde peýdalanylýan ýörelgeleri häsiýetlendiriň.

## 5.4. Döwlet gullukçylaryny taýýarlamagyň we hünär derejesini ýokarlandyrmagyň ulgamy

Senagat-innowasion ösüş strategiýasyny durmuşa geçirmekde ykdysadyýetiň iň işjeň, täzeçillige duýgur, täze ugurlary we pikirleri goldamakda we olary durmuşa geçirmekde ýokary işjeňlik görkezýän sowatly ýolbaşçylaryny hem-de döwlet gullukçylaryny taýýarlamaga uly ähmiýet berilýär. Döwlet gullugy adam zähmetiniň gadymy döwürlerde dörän görnüşleriniň biridir. Onuň döremegi ilkinji döwletleriň emele gelmegi bilen baglydyr.

Işgärleriň we döwlet gullukçylarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmagy we olary gaýtadan taýýarlamagy guramagyň ulgamy, ilkinji nobatda, Konstitusiýa hem-de Türkmenistanyň kanunçylygyna esaslanýar we onuň hukuk binýady halkara ülňülerine doly gabat gelýär. **«Bilim hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň** 30-njy maddasyna laýyklykda, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak hünär bilimlerini hem-de endikleri çuňlaşdyrmak, ylmyň we tehnologiýalaryň, şeýle hem halkara tejribesiniň häzirki zaman gazananlaryny hasaba almak bilen, hünär bilimlerini täzelemek, täze hünärleri, kärleri we derejeleri öwrenmek maksady bilen amala aşyrylýar.

Işgärleri hünär taýdan taýýarlap ýetişdirmek, olary gaýtadan taýýarlamak we hünärini ýokarlandyrmak meseleleri **Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi** bilen düzgünleşdirilýär.

2016-njy ýylyň 26-njy martynda kabul edilen **«Döwlet gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna** laýyklykda **döwlet gul-**

**lukçysy** diýip, döwlet gullukçylarynyň wezipeleriniň sanawynda görkezilen wezipäni eýeleýän we döwlet gullugynyň öňünde durýan wezipeleri durmuşa geçirmek boýunça işi amala aşyrýan Türkmenistanyň raýaty diýip bellenilýär. Şu sanaw döwlet edaralarynda işgärler bilen işlemegiň netijeliligini ýokarlandyrmak, işgärleriň, şol sanda ýolbaşçy işgärleriň hasaba alnyş ulgamyny kämilleşdirmek, olary seçip-saýlap almak, taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we hünär derejesini ýokarlandyrmak, ýerli-ýerinde goýmak maksatlary bilen döredilýär we Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

Kanuna laýyklykda döwlet gullukçysynyň wezipe borçlarynyň häsiýetine baglylykda:

1) döwlet raýat gullugy;

2) harby gulluk;

3) hukuk goraýyş gullugy diýen görnüşlere bölünýär.

Harby gulluk we hukuk goraýyş gullugy döwlet gullugynyň aýratyn görnüşleri bolup durýarlar. Ýurdumyzda döwlet gullugynyň görnüşleriniň toparlara bölünişigi Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenilýär.

Ýokardaky getirilen senede **«Döwlet gullukçysynyň etikasy we gullukçynyň özüni alyp barşy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny** hem kabul edildi. Onda jemgyýetiň we döwletiň umumy ykrar edilen ahlak ýörelgelerine we kadalaryna esaslanýan hem-de döwlet gullukçysynyň eýeleýän wezipesine garamazdan, goldanmaly bolýan gulluk, hünär etikasynyň umumy ýörelgeleriniň we özüni alyp barşynyň esasy düzgünleri kesgitlenýär. Şeýle hem döwlet gullukçysynyň ahlak keşbine we işewür sypatlaryna talaplary ýokarlandyrmaga gönükdirilen we döwlet gullukçysynyň hünär işini mynasyp amala aşyrmagy üçin onuň umumy etiki kadalary we özüni alyp baryş düzgünleri bellenilýär.

Döwlet gullukçysynyň hukuk ýagdaýy, şol sanda gadaganlyklar, çäklendirmeler, borçnamalar, gullukda özüňi alyp barmagyň kadalary, jogapkärçilik, şeýle hem bähbitleriň çaknyşygyny we jedelleri çözmegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

**«Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny** korrupsiýa garşy hereket etmegiň esasy ýörelgelerini, kor-

rupsiýa garşy göreşiň, korrupsiýany duýdurmagyň, korrupsiýa bilen bagly hukuk bozulmalaryna ýardam eden sebäpleri we şertleri aradan aýyrmagyň we olaryň netijelerini ýok etmegiň hukuk we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär hem-de döwlet gullukçylarynyň netijeli işini üpjün etmäge gönükdirilýär.

Bulardan başga-da, döwlet gullukçylarynyň hünär derejesi bilen baglanyşykly hukuk kadalary «Döwlet syrlary hakynda», «Döwlet häkimiýeti we dolandyryş organlarynda garyndaşlaryň bilelikde işlemegini çäklendirmek hakynda», «Dolandyryş çäk gurluşy hakynda», «Raýatlaryň ýüztutmalary we olara garamagyň teribi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda berkidilýär.

Ministrlikleriň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň beýleki merkezi edaralarynyň, welaýatlaryň we Aşgabat şäher häkimlikleriniň işgärler bilen işlemek bölümleriniň garamagyndaky kärhanalarda, edaralarda, guramalarda işgärler bilen işiň alnyp barlyşyna gözegçilik edýärler hem-de işgärleri taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça teklipleri işläp taýýarlaýarlar we döwlet edaralarynyň ýolbaşçylaryna hödürleýärler.

Türkmenistanyň döwlet gullukçylaryny taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak, hünär derejesini ýokarlandyrmak, olaryň tälim almagy, özbaşdak bilim almagy üçin degişli derejede şertler döredilýär we olaryň gulluk boýunça ýokary çekilmeginiň esaslarynyň biri bolup durýar.

Döwlet gullukçylarynyň hünär derejesini barlamak, işewür sypatlaryny kesgitlemek, kärine, hünärine, eýeleýän wezipesine laýyk gelşini ýüze çykarmak, şeýle hem olaryň hakyky işine, hünäri boýunça iş tejribesine, hünär bilimleriniň derejesine, hukuk medeniýetine we gulluk geljegine baha bermek maksatlary bilen döwlet gullukçylary hünär synagyny geçýärler.

Döwlet gullugyna ilkinji gezek girýän ýa-da döwlet gullugynyň iş döwrüniň arakesmesi bir ýyldan az bolmadyk döwlet gullukçylary döwlet gullugynda arakesmesiz bolmagyna üç ýyl geçenden soň hünär synagyny geçýärler. Çaga üç ýaşyna ýetýänçä oňa seretmek üçin rugsatda bolan işgärler işe çykanlaryndan azyndan bir ýyldan soň hünär synagyna degişlidirler.

**Döwlet gullukçylarynyň hünär synagy** döwlet gullukçysynyň gullukda duran degişli döwlet edaralarynda döredilýän hünär synag toparlary tarapyndan **her üç ýyldan geçirilýär.**

Bellemek ýa-da tassyklamak boýunça ýokarda durýan döwlet edaralary tarapyndan geçirilýän döwlet gullukçylarynyň hünär synagy bu edaralaryň hünär synag toparlary tarapyndan amala aşyrylýar. Hünär synag topary hünär synagyny hünär synagyndan geçýän döwlet gullukçysynyň gatnaşmagynda geçirýär we hünär synagynyň netijeleri boýunça onuň eýeleýän wezipesine laýyk gelýänligi ýa-da laýyk gelmeýänligi hakynda çözgüt kabul edýär.

Hünär synag toparynyň çözgüdi maslahat beriji häsiýetdedir, ol gutarnykly çözgüt kabul etmek üçin hünär synagy tamamlanandan soň bäş gün möhletden gijä goýmazdan döwlet edarasynyň ýolbaşçysyna geçirilýär. Döwlet gullukçylaryny hünär synagyndan geçirmek hakynda Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

Türkmenistanda döwlet dolandyryş işiniň ylmy hem usulyýet binýadyny düýpli kämilleşdirmek, şeýle-de döwlet gullukçylaryny taýýarlamagyň we olaryň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak boýunça bitewi milli ulgamy döretmek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda gol çeken Permanyna laýyklykda, **Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Döwlet gullugy Akademiýasy** (mundan beýläk – Akademiýa) döredildi we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 12-nji noýabryndaky çykaran Karary bilen onuň Düzgünnamasy kabul edildi. Ol ýokary bilimden soňky çuňlaşdyrylan bilim berýän okuw edarasy bolmak bilen, onuň işiniň esasy ugry döwlet gullukçylaryny gaýtadan taýýarlamakdan we olaryň hünärini ýokarlandyrmakdan hem-de döwlet dolandyryşynyň ylmy we usulyýet binýadyny döretmekden, şeýle hem bu işi kämilleşdirmek boýunça ündemeleri işläp taýýarlamakdan ybaratdyr.

**Düzgünnama laýyklykda, Akademiýanyň esasy wezipeleri:**

1. Türkmenistanda döwlet gullukçylaryny taýýarlamak boýunça döwlet syýasatyny iş ýüzünde durmuşa geçirmegi üpjün etmek hem-de onuň esasy ugurlaryny Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryna laýyklykda kesgitlemek;

2. Akademiýanyň diňleýjilerinde umumadamzat gymmatlyklary bilen bagly ýokary medeniýeti, päk ahlak ýörelgelerini, Türkmenistana, onuň halkyna hem-de Türkmenistanyň Prezidentine çuňňur wepalylygy terbiýelemek;

3. Türkmenistanyň Prezidentine we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmek we ony halkara standartlaryna laýyk getirmek boýunça teklipleri we ündemeleri işläp taýýarlamak;

4. Türkmenistanda döwlet gullukçylaryny taýýarlamagyň okuw usulyýetini we amalyýetini ylmy taýdan öwrenmek, onuň netijelerini hem-de dünýä tejribesiniň bu ugurda gazananlaryny ornaşdyrmagy üpjün etmek;

5. Aspirantura we doktorantura arkaly ýokary derejeli ylmy işgärleri taýýarlamagy guramak.

**Akademiýa öz üstüne ýüklenen wezipeleri çözmek üçin şu aşakdaky işleri amala aşyrýar:**

1. Bazar ykdysadyýetiniň talaplaryna laýyk gelýän, çuňňur bilimlere eýe bolan, giň gözýetimli we halkara gatnaşyklarynda ýurduň bähbitlerine mynasyp wekilçilik etmegi başarýan ýokary hünärli döwlet gullukçylaryny taýýarlaýar;

2. Döwlet gullukçylaryny taýýarlamakda öňdebaryjy usullary we häzirki zaman serişdelerini ulanyp, okuwlary ýokary derejede guraýar;

3. Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny we Bitaraplygyny berkitmekde hem-de ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmakda alyp barýan syýasatyny açyp görkezmäge okuw işinde mynasyp orun berýär;

4. Umumadamzat gymmatlyklarynyň döremeginde we onuň goralyp saklanmagynda türkmen halkynyň şöhratly taryhynyň we milli medeniýetiniň tutýan ornuny okuw maksatnamalarynda beýan edýär;

5. Döwlet edaralaryny dolandyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmakda döwlet gullukçylarynyň tutýan ornuny ylmy taýdan öwrenýär we bu ugurda dünýä tejribesini ulanyp, teklipleri taýýarlaýar;

6. Ministrlikleriň, pudak edaralarynyň we ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň döwlet gullukçylaryna zerurlygyny öwrenýär we onuň häzirki ýagdaýyny kesgitleýär hem-de geljekki ösüşini çaklaýar;

7. Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda döwlet gullukçylaryny taýýarlamak boýunça okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny yzygiderli kämilleşdirmek we dünýä standartlarynyň talaplaryna laýyk getirmek boýunça çäreleri görýär;

8. Döwlet gullukçylarynyň hünärine bildirilýän talaplara ylmy seljerme geçirýär, olaryň hünärine baha bermek we seçip almak boýunça ylmy usulyýetiň esaslaryny işläp düzýär;

9. Mugallymlaryň hünär derejesini häzirki zamanyň talaplaryna laýyklykda yzygiderli ýokarlandyrýar;

10. Okadylýan dersler boýunça okuw kitaplaryny, usuly gollanmalary taýýarlaýar we bu işi yzygiderli kämilleşdirýär;

11. Dünýä tejribesine daýanyp, täze ugurlar boýunça okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny işläp taýýarlaýar;

12. Döwlet dolandyryşynyň meselelerine degişli kitaphana goruny döredýär we bu ugurda ugurdaş edaralar bilen maglumatlar alyşmagy guraýar;

13. Aspiranturanyň we doktoranturanyň işini talabalaýyk guraýar we ýaş alymlary ýetişdirýär;

14. Akademiýanyň ýolbaşçylaryny, mugallymlaryny, aspirantlary, doktorantlary we alymlyk derejelerine dalaşgärleri bellenen tertipde daşary ýurtlara ylmy iş saparlaryna iberýär;

15. Hünärmenleri ylmy-mugallymçylyk we usuly işlere sagatlaýyn-tölegli hem-de utgaşdyrmak esasynda işe çekýär;

16. Daşary ýurtlardan tejribeli mugallymlary we hünärmenleri okatmak we tejribe alyşmak üçin çagyrýar;

17. Döwlet dolandyryşynyň meseleleri boýunça halkara guramalary we daşary ýurtlaryň okuw we ylmy-barlag merkezleri bilen hyzmatdaşlyk edýär;

18. Türkmenistanda döwlet gullukçylaryny taýýarlamakda gazanylan tejribeleri açyp görkezmek we daşary ýurtlarda bu ugurda edil-

ýän işler bilen tanyşmak maksady bilen, halkara konferensiýalaryny, simpoziumlaryny we duşuşyklaryny guraýar;

19. Akademiýanyň işgärlerini hormatly atlara we döwlet sylaglaryna bellenen tertipde hödürleýär;

20. Kanuna laýyklykda beýleki işleri amala aşyrýar.

**Akademiýa şu aşakdaky işleri amala aşyrmaga borçludyr:**

1. Döwlet gullukçylaryny taýýarlamak meseleleri boýunça geçirilýän okuw-önümçilik işleriniň we ylmy barlaglaryň ýokary derejesini üpjün etmäge hem-de iş ýüzünde ulanylmagyna işjeň ýardam etmäge;

2. Döwlet, gulluk ýa-da täjirçilik syryny düzýän maglumatlary öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda hem-de öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde goramagy üpjün etmäge.

**Akademiýanyň öz öňünde goýlan wezipeleri çözmek üçin şulara hukugy bar:**

– döwlet gullukçylaryny taýýarlamak meseleleri boýunça okuw-önümçilik işlerini dünýä ülňüleriniň talaplaryna laýyklykda guramak üçin ylmy-praktiki we çaklaýyş-seljeriş häsiýetli barlaglary geçirmäge;

– Türkmenistanyň Hökümetine döwlet gullukçylaryny taýýarlamak meseleleri boýunça teklipleri we ündemeleri hödürlemäge;

– döwlet gullukçylaryny taýýarlamak meseleleri boýunça işleri geçirmekde döwlet edaralary bilen arkalaşykly işlemäge;

– öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde halkara ylmy we amaly hyzmatdaşlygy amala aşyrmaga;

– Türkmenistanyň Hökümetiniň tabynlygyndaky döwlet edaralarynyň maglumatlar banklarynda saklanýan, Akademiýanyň işi üçin zerur maglumatlary tölegsiz almaga.

Akademiýada okaýana *diňleýji* diýilýär we okuwlar önümçilikden aýrylmak şerti bilen gündizki görnüşde geçirilýär. Guralýan okuwlaryň maksady döwlet gullukçylaryny gaýtadan taýýarlamakdan hem-de olaryň hünärini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Döwlet gullukçylaryny gaýtadan taýýarlamak **iki okuw ýylyndan az bolmadyk möhletli** okuwlarda diňleýjilere degişli hünäri bermegi göz öňünde tutýar we ol **ikinji ýokary bilim hasaplanýar.**

Döwlet gullukçylarynyň hünärini ýokarlandyrmak **bir okuw ýylyndan köp bolmadyk möhletli** okuwlarda degişli ugurlar boýunça diňleýjileriň hünär bilimlerini we başarnyklaryny häzirki zaman bilimleri bilen artdyrmagy göz öňünde tutýar.

Akademiýanyň döwlet gullukçylaryny gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwlaryny üstünlikli tamamlan diňleýjilerine eýe bolan hünärini görkezmek bilen, bellenen döwlet nusgasyndaky **diplom berilýär.**

Akademiýanyň döwlet gullukçylarynyň hünärini ýokarlandyrmak boýunça bir okuw ýylyndan köp bolmadyk möhletli okuwlaryny üstünlikli tamamlan diňleýjilerine bellenen nusgadaky **şahadatnama (sertifikat) berilýär.**

Akademiýa Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Okuwyň dowamynda diňleýjiler üçin halkara bilermenleriniň we BMG-niň goldaw bermekliginde döwlet dolandyrylyşynyň iň wajyp meseleleri boýunça goşmaça sapaklar guralýar.

Akademiýada döwlet gullukçylaryny okatmak ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hem-de öz-özüni dolandyryş edaralaryň buýurmagy esasynda amala aşyrylýar.

Akademiýa buýrujylar bilen geçiren guramaçylyk çäreleriniň netijesinde her ýyl okadyljak ugurlar boýunça diňleýjileriň sanyny we okuw möwsümleriniň tertibini kesgitleýär.

**Okadylýan ugurlar:**

1. Döwlet gullukçylaryny gaýtadan taýýarlamak, okuwyň möhleti iki ýyl, okuwy üstünlikli tamamlanlara hukukçy-menejer hünäri berilýär;
2. Döwlet gullukçylarynyň hünärini ýokarlandyrmak, okuwyň möhleti bäş aý;
3. Kommersiýa arbitražy boýunça döwlet gullukçylarynyň hünärini ýokarlandyrmak, okuwyň möhleti dört aý;
4. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň gullukçylarynyň hünärini ýokarlandyrmak, okuwyň möhleti iki aý.
5. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Akademiýanyň deslapky teklibi boýunça okadylmaly diňleýjileriň sanyny we möwsümleriniň tertibini her ýyl tassyklaýar.

6. Buýrujylar döwlet gullukçylaryny Akademiýa okuwa hödürlänlerinde olaryň şahsy başarnygyna, ukybyna, tejribesine, halallygyna esaslanýar.

7. Hünärini ýokarlandyrmak döwlet gullukçylarynyň borjy bolup durýar.

8. Döwlet edaralarynda gulluk boýunça ýokary çekmek bilen bagly meseleler çözülende ýa-da gullukçylar höweslendirilende Akademiýanyň okuwlaryny üstünlikli tamamlanlar hökman göz öňünde tutulýar.

**Buýrujylar öz gullukçylaryna her bäş ýylda azyndan bir gezek Akademiýada hünär ýokarlandyryş okuwlaryny geçirmelidirler.**

1. Döwlet gullukçylaryny gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwlara azyndan bäş ýyl iş tejribesi bolan döwlet gullukçylary esasy işinden boşadylyp iberilýär we olara hak tölenilip okadylýar.

2. Diňleýjiler okuwlaryny üstünlikli tamamlandan soň, degişliligi boýunça olary okuwa ýollan ministrlige, pudak edarasyna, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimligine iş bilen üpjün etmek üçin ugradylýar.

3. Galan ugurlar okuwlara işgäriň ortaça iş hakyny we wezipesini saklamak bilen, azyndan iki ýyl iş tejribesi bolan döwlet gullukçylary hünäri kämilleşdirmek boýunça okuw saparyna ibermek tertibinde okadylýar.

4. Akademiýada okaýanlaryň soňky iş ýerleri boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, göz öňünde tutulan maddy-durmuş şertleri we saglygy goraýyş hyzmatlary, şol sanda jaý nobaty saklanýar.

5. Buýrujylar döwlet gullukçylaryny gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak boýunça okuwlara edara üçin deslapky kesgitlenen her bir ýere azyndan iki dalaşgär iberýär.

6. Akademiýa ýokarda bellenen ugurlar boýunça diňleýjiler bilen giriş synaglaryny guraýar.

7. Akademiýanyň birinji ýyllyk diňleýjilerine diňleýji haky giriş synaglarynyň netijesi boýunça Akademiýanyň rektorynyň degişli buýrugynyň esasynda umumy tertipde bellenilýär we okuwyň bi-

rinji ýarymýyllygynyň dowamynda ähli diňleýjilerine tölenýär. Akademiýanyň diňleýjilerine diňleýji haklary okuw ýylynyň dowamynda iki gezek, hasap-synag möwsüminiň netijeleri boýunça, rektoryň buýrugy esasynda bellenilýär we hasap-synag möwsüminden soňky aýyň l-inden tölenilip başlanýar. Akademiki bergileri bolan diňleýjiler, ýetişmeýän okuw derslerini doly özleşdirip, kanagatlanarly bahalary alandan soň, okuwyna ýetişýän diňleýjiler hasaplanýar we rektoryň buýrugy bilen olara umumy tertipde indiki aýyň 1-inden diňleýji haky bellenilýär.

8. Saglyk edarasynyň degişli resminamalary bilen tassyklanan ýarawsyzlygy boýunça ýa-da beýleki esasly sebäplere görä, hasap-synag möwsümine gelmedik diňleýjiler üçin anyk wagt kesgitlenip, geçirilen hasap-synaglaryň netijeleri esasynda diňleýji haky bellenilýär.

9. Ýarawsyzlygy sebäpli saglyk edarasynyň degişli resminamalary bilen tassyklanan ýa-da beýleki tassyklaýan degişli resminamalaryň esasynda wagtlaýyn okuw sapaklaryna gatnaşmak mümkinçiligi bolmadyk diňleýjilere, okuwa ukypsyz bolan döwri üçin diňleýji haky doly möçberde tölenilýär.

10. Türkmenistanyň döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet hem-de öz-özüňi dolandyryş edaralarynda okuw meýilnamasyna laýyklykda dolandyryş-önümçilik tejribesini geçýän Akademiýanyň diňleýjilerine diňleýji hakyny doly möçberde tölemek bellenilýär. Akademiýanyň diňleýjilerine okuwdan çykarylan aýyndan başlap, diňleýji haky tölenmeýär.

11. Akademiýany üstünlikli tamamlandan soň işe iberilen uçurymlara dowamlylygy bir aý möhletli dynç alyş rugsady berilýär. Uçurymlara dynç alyş rugsady döwründe olaryň işe ýollanan edarasynyň hasabyna bir aýlyk diňleýji haky möçberinde kömek puly tölenilýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzy ösdürmegiň ileri tutulýan iň esasy ugurlary bolan bilim we saglygy goraýyş ulgamlaryny mundan beýläk-de ösdürmek, okatmagyň häzirki döwre laýyk täze usullaryny işläp düzmek, mugallymlaryň, lukmanlaryň hünär bilimlerini we endiklerini kämilleşdirmek, halkara tejribesiniň häzirki zaman gazananlaryny hasaba almak bilen, hünär

bilimleriniň derejesini ýokarlandyrmak, täze hünärleri we kärleri öwrenmek, şeýle hem bilim we saglygy goraýyş işgärlerine hünär we öz-özüňi kämilleşdirmek babatda giň mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, 2012-nji ýylyň 13-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidentiniň **«Ýokary okuw mekdeplerinde Hünär derejesini ýokarlandyryş hem-de Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetlerini açmak hakynda»** Karary kabul edildi.

Oňa *laýyklykda, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda Hünär derejesini ýokarlandyryş, Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetleri* açyldy.

Şu babatda Türkmenistanyň Bilim ministrligine we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine aşakdaky işleri geçirmek tabşyryldy:

*- hünär derejesini ýokarlandyryş fakultetlerinde, Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetinde okuwlary guramagyny üpjün etmek;*

*- hünär derejesini ýokarlandyryş hem-de Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetleriniň Düzgünnamalaryny, hünär derejesini ýokarlandyryş, gaýtadan taýýarlaýyş okuwlarynyň meýilnamalaryny taýýarlamak we tassyklamak;*

*- hünär derejesini ýokarlandyryş hem-de Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetleriniň diňleýjileriniň okuw döwründe aýlyk zähmet haklarynyň, okaýan ýerine gelmegi we yzyna gaýtmagy, şeýle hem iş sapary bilen baglanyşykly çykdajylaryň olaryň esasy iş ýeri boýunça tölenmegini üpjün etmek.*

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan Hünär derejesini ýokarlandyryş hem-de Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetlerini saklamak üçin zerur çykdajylar Türkmenistanyň Döwlet býujetine girizildi.

2016-njy ýylyň 15-nji martynda Türkmenistanyň Prezidentiniň çykaran karary bilen **Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda Hünär derejesini ýokarlandyryş fakulteti** açyldy we energetika pudagynyň işgärleriniň hünär derejesini yzygiderli ýo-

karlandyrmak hem-de gaýtadan taýýarlamak maksady bilen, tölegli okuwlary gurnamak üçin degişli okuw meýilnamalaryny işläp taýýarlamak göz öňünde tutuldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Tabşyrylan işde ýokary hünär ussatlygy, ygtyýarlylyk we berk jogapkärçilik döwlet gurluşyny ösdürmegiň möhüm şerti bolup durýar» diýip nygtamagy, döwlet gullukçylarynyň hünär taýýarlygynyň ýokary bolmagyna borçly edýär.

**Adalgalar**

*Döwlet gullukçylaryny taýýarlamak*
*Döwlet gullukçylarynyň hünär synagy*
*Döwlet gullukçylaryny gaýtadan taýýarlamak*
*Hünär derejesini ýokarlandyryş fakultetleri*

**Soraglar**

1. Işgärleri hünär taýdan taýýarlap ýetişdirmek, olary gaýtadan taýýarlamak we hünärini ýokarlandyrmak meseleleri haýsy kanunçylykda düzgünleşdirilýär?
2. «Döwlet gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda döwlet gullukçysynyň wezipe borçlarynyň häsiýetine baglylykda döwlet gullugy haýsy görnüşlere bölünýär?
3. Döwlet gullukçylarynyň hünär synagy nähili we näçe ýyldan geçirilýär?
4. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy Akademiýasynyň esasy wezipeleri barada aýdyp beriň.
5. Haýsy ýokary okuw jaýlarynda Hünär derejesini ýokarlandyryş fakultetler açyldy?

9. Sargyt № 678

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat: TDNG, 2008.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat: TDNG, 2009.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. Aşgabat: TDNG, 2010.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IV tom. Aşgabat: TDNG, 2011.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. Aşgabat: TDNG, 2012.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VI tom. Aşgabat: TDNG, 2013.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom. Aşgabat: TDNG, 2014.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VIII tom. Aşgabat: TDNG, 2015.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – melhemler mekany. Aşgabat: TDNG, 2011.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. Roman. - A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet guşy. Roman. - A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Medeniýet halkyň kalbydyr. - A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. 2010.
15. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I – II tomlar. - A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
16. Türkmenistanyň Konstitusiýasy (Rejelenen görnüşi)// «Türkmenistan» gazeti. 15.09. 2016 ý.

17. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. 2009 ý.

18. Türkmenistanyň Býujet Kodeksi// Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary. 2014ý.-№1, s.83.

19. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 04.05.2013 ý.

20. Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksi// Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., №3–4, 91-nji madda.

21. «Döwlet gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny// «Türkmenistan» gazeti. 30.03.2016 ý.

22. «Döwlet gullukçysynyň etikasy we gullukda özüni alyp barşy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny// «Türkmenistan» gazeti. 31.03.2016 ý.

23. «Hukuk namalary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 26.08.2017ý.

24. «Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 01.03.2014 ý.

25. «Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligini döretmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda çykaran Permany. Türkmenistan. 06.10.2017ý.

26. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Döwlet gullugy akademiýasyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 12-nji sentýabryndaky çykaran PP-5171-nji Permany (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2008 ý., №9, 524-nji madda).

27. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 12-nji noýabryndaky çykaran 10012-nji karary (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2008 ý., №9, 534-nji madda).

28. «Ýokary okuw mekdeplerinde Hünär derejesini ýokarlandyryş hem-de Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetlerini açmak hakynda»Türkmenistanyň Prezidentiniň karary (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2012 ý., №4, 1864-nji madda).

29. Döwlet gullugynyň işini guramak. Okuw gollanmasy, Aşgabat, 2013ý.

30. Ataýew M. Maksatnamalaýyn ösüş Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgermeleriň kepilidir. «Garaşsyzlyk ýyllarynyň ykdysady özgertme-

leri – durnukly ösüşiň binýady» atly ylmy-amaly maslahatyň tezisler ýygyndysy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

31. Ataýewa S. Daşary ykdysady gatnaşyklaryň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagynyň ähmiýeti// «Türkmenistanda durnukly ösüşi üpjün etmegiň ileri tutulýan ugurlary» atly ylmy-amaly maslahatyň tezisler ýygyndysy. – A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

32. Hanaýewa J. Türkmenistanyň innowasion syýasatynda hünär bilim ulgamyny kämilleşdirmegiň ýollary// «Bilim, sport we syýahatçylyk Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe» atly halkara ylmy maslahatynyň nutuklarynyň gysgaça beýany. – A.:Ylym, 2013.

33. Muhammetberdiýew Ö.B., Suwhanow N. Filosofiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: «Ylym» neşirýaty, 2011. Sah. 272

34. Muhammetberdiýew Ö. Döwlet gullugynyň edebi we diplomatik protokolyň esaslary. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: «Ylym» 2015. Sah. 280

35. «Döwlet berkararlygy – halkyň bagtyýarlygy: döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmegiň milli tejribesi». – Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň döredilmeginiň 5 ýyllygyna bagyşlanan ylmy-amaly maslahatdaky çykyşlaryň gysgaça beýanlarynyň ýygyndysy. – A: «Ylym» 2013. Sah. 120

36. Menejment. Okuw gollanmasy, Aşgabat, 2001.

37. Makroykdysadyýet. Okuw gollanmasy, Aşgabat, 2001.

38. Mikroykdysadyýet. Okuw gollanmasy, Aşgabat, 2001.

39. Агапова Т.А., Серегина С.Ф. Макроэкономика: учебник / под общей ред. д.э.н., проф. А.В.Сидоровича; МГУ им. М.В.Ломоносова. – 7-е изд. перераб. и доп. – М.: Издательство «Дело и Сервис», 2005. – 464с.

40. Алехина А. «Имидж и Этика делового человека». Базелер и др. Основы экономической теории. СПб. 2000.

41. Албегова И.М., Емцов Р.Г. Государственная экономическая политика: опыт перехода к рынку, М., 2004.

42. Атаманчук Г.В. Теория государственного управления. Курс лекций. Изд. 2-е дополн. - М.: Омега-Л, 2004.

43. Бартенев С.А. История экономических учений в вопросах и ответах. Учебно-методическое пособие. http://www.bibliotekar.ru/istoria-economicheskih-ucheniy-1/index.htm.

44. Борисов А.Б. Большой экономический словарь. М: Книжный мир, 2007.
45. Ботавина Р. Н. «Этиka деловых отношений». Москва 2001.
46. Василенко И.А. Государственное и муниципальное управление: Учебник. – М.: Гардарики, 2005.
47. Вечканов Г.С., Вечканова Г.Р. Макроэкономика. 2-е изд. - СПб.: Питер, 2004.
48. Глазунова Н.И. Государственное (административное) управление: учеб. – М.: ТК, Велби, Изд-во Проспект, 2004.
49. Государственная служба. Учебник / Под ред. Проф. В.Г. Игнатова. – М.: ИКЦ «МарТ»; Ростов н/Д: Издательский центр «Март», 2004.
50. Государственное управление: основы теории и организации. Учебник / Под. ред. В.А. Козбаненко – М.: «Статут», 2000.
51. Зеркин Д.П. Игнатов В.Г. Основы теории государственного управления. Курс лекций. – Ростов н/Д, 2000.
52. Ивашковский С.Н. Экономика для менеджеров. М., «Дело», 2008.
53. Князев С.Н. Управление: искусство, наука, практика: Учеб пособие / С.Н. Князев. – Мн.: Армита-Маркетинг, Менеджмент, 2002.
54. Лебедов В.И «Психология управления». Москва 199031. Матеева Т.Ю. Введение в макроэкономику [Текст]: Учебное пособие. / Т.Ю. Матеева; Гос. Ун-т – Высшая школа экономики. – 3-е изд. – М.: Изд. Дом ГУ ВШЭ, 2005.
55. Орешин В.П. Государственное регулирование национальной экономики, М, ЮРИСТ, 20035. Стиглиц Д.Ю. Экономика государственного сектора, М., ИНФРА-М, 2003.
56. Пикулькин А.В. Система государственного управления: Учебник для вузов. – 3-е изд., перераб. и доп. – М.: ЮНИТИ-ДАНА, 2004.
57. Чарыкова М.К. История экономики и экономических учений. Курс лекций для студентов специальности 080502 «Экономика и управление». Тамбовский государственный технический университет, 2010.
58. Чиркин В.Е. Государственное управление. Элементарный курс. – М.: Юристъ, 2001.
59. Шамхалов М.И. Государство и экономика. Основы взаимодействия, М., 2005.

60. Якобсон Л.И. Государственный сектор экономики: экономические теории и политика, М., 2005.

Internet çeşme:

61. www.turkmenistan.gov.tm
62. www.tax.gov.tm
63. www.turkmenistan.ru
64. www.macroeconomics.com
65. www.investment.org
66. www.economicus.ru
67. www.management.org

# MAZMUNY

Giriş......................................................................................................7

**I bap. Döwlet dolandyryşy: düýp mazmuny we wezipeleri**

1.1. Döwlet dolandyryşy düşünjesi we onuň häsiýetli taraplary..................9
1.2. Döwlet dolandyryşy ulgam hökmünde. Döwlet dolandyryşynyň wezipeleri ..............................................................................................16

**II bap. Döwlet dolandyryşynyň hukuk üpjünçiligi, görnüşleri we usullary**

2.1. Döwlet dolandyryşynyň hukuk üpjünçiligi we hukuk düzgünleşdirilişi ...........................................................................................26
2.2. Döwlet dolandyryşynyň maksatlaryny emele getirmek....................36
2.3. Döwlet dolandyryşynyň görnüşleri we usullary ...............................45

**III bap. Döwlet strategiki dolandyryş we onuň aýratynlyklary**

3.1. Döwlet strategiki dolandyryşyň esasy ýörelgeleri ............................53
3.2. Strategiki meýilnamalaşdyryş .........................................................56
3.3. Maksatnamalaşdyryş işi we monitoring...........................................65
3.4. Türkmenistanda kabul edilen maksatnamalar hem-de konsepsiýalar..........................................................................................73

**IV bap. Döwlet strategiki dolandyryşda gözegçilik işleri**

4.1. Döwlet strategiki dolandyryşda gözegçilik etmek düşünjesi, onuň binýatlaýyn ýörelgeleri ...................................................................84
4.2. Döwlet strategiki gözegçiliginiň meseleleri, wezipeleri, görnüşleri we tärleri ..........................................................................87

**V bap. Döwlet strategiki dolandyryşyň netijeliligi we döwlet gullukçylaryny taýýarlamagyň ulgamy**

5.1. Döwlet strategiki dolandyryşyň netijeliligi düşünjesi.....................103
5.2. Döwlet strategiki dolandyryşynyň netijelilik faktorlary .................108
5.3. Döwlet strategiki dolandyryşynyň netijeliligini kämilleşdirmegiň serişdeleri ..........................................................................................112
5.4. Döwlet gullukçylaryny taýýarlamagyň we hünär derejesini ýokarlandyrmagyň ulgamy ..................................................................118
Peýdalanylan edebiýatlar ........................................................................130

Jeren Berdiýewna Hanaýewa, Maral Rejepdurdyýewna Ataýewa,
Batyr Ataýewiç Gurbanmyradow

DÖWLET STRATEGIKI DOLANDYRYŞ

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *Ş. Myratgulyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *T Öwezgeldiýewa* |
| | *B. Mämmetgurbanow* |
| Neşir üçin jogapkär | *G.T. Çaryýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 15.11.2017. Ölçegi 60x90 $^1/_{16}$.
Şertli çap listi 8,5. Şertli-reňkli ottiski 11,68.
Hasap-neşir listi 6,84. Çap listi 8,5.
Sargyt № 678. Sany 500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.